**O. Çaryýewa, A. Kazygulyýew**

# HALKARA HYZMATLAR

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 339. 9 : 378
Ç 21

**Çaryýewa O., Kazygulyýew A.**
**Ç 21 Halkara hyzmatlar.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017

Okuw kitabynyň girişini, I–VII bölümlerini O.Çaryýewa, V, VIII bölümlerini A.Kazygulyýew taýýarlady.

TDKP № 90, 2017 KBK 65.5 ýa 73

© O.Çaryýewa, A.Kazygulyýew, 2017



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda döwlet durmuşynyň ähli ugurlarynda amala aşyrylýan halk bähbitli uly işler giň gerim bilen dowam edýär. Amala aşyrylýan özgertmeler halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has hem gowulandyrmak, ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşini ýokary derejelere ýetirmek maksatlaryndan ugur alýar. Türkmenistanyň Prezidenti ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga, ýagny ykdysadyýetiň däp bolan pudaklary bilen birlikde, geljegi uly bolan beýleki pudaklary ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işleriň üstünlikli amala aşyrylmagyna uly üns berýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy özgertmek boýunça işläp düzen maksatnamasynda ýurduň maddy däl gurşawyny özgertmek, ösdürmek işleri hem öz beýanyny tapýar. Elbetde, ýurtda maddy däl gurşaw, şol sanda hyzmatlar öňden hem hereket edýärdi. Emma onuň ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşine ýetirýän täsiri ujypsyzdy.

Hyzmatlar toplumynyň häzirkizaman dünýä ykdysadyýetinde ýurtlaryň, has hem ösen ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň gözbaşynda durandygyny nazara alyp, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşýan döwründe ýurtda hyzmatlar ulgamyny ösdürmek wajyp meselä öwrüldi. Türkmenistanyň Prezidenti **“Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy”** atly kitabynda şeýle belleýär: “Jemgyýetçilik ösüşiniň häzirki tapgyry senagatlaşmak eýýamynyň tamamlanmagy we postindustrial jemgyýete geçmek bilen häsiýetlendirilýär. Hyzmatlar ulgamy aňrybaş ösen jemgyýet babatynda “Hyzmatlar hojalygynyň jemgyýeti” adalgasy ulanylýar”. Şonuň üçin hem hyzmatyň nämedigini, onuň ykdysady esasyny kesgitlemek, onuň dünýä ykdysadyýetinde tutýan ornuny, görnüşlerini, ösüş derejesini bilmek zerur bolup durýar,

şeýle-de halkara hyzmatlary ösdürmegiň dünýä tejribesini öwrenip, onuň oňyn taraplaryny milli ykdysadyýetimize ornaşdyrmak örän möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Şu nukdaýnazardan dünýä ykdysadyýeti, halkara ykdysady gatnaşyklar, halkara maglumat işewürligi hünärleri boýunça bilim alýan talyplaryň Halkara hyzmatlar dersi barada düşünjeleriniň bolmagy hökmany zerurlyga öwrülýär we bu okuw kitabynyň wajyplygyny kesgitleýär. Okuw kitabynyň temalarynda halkara hyzmatlaryň düýp mazmuny we olaryň dünýä ykdysadyýetini ösdürmekdäki orny, halkara hyzmatlaryň görnüşleri, toparlanylyşy, halkara derejede düzgünleşdirilişi düşünje berilýär. Şeýle-de kitapda halkara hyzmatlaryň esasy görnüşleri we ýurdumyz üçin strategiki wajyp bolan görnüşleri giňişleýin beýan edilýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe önümçiligi köpugurly ösdürmek syýasatyna berilýän ünsüň we ýardamyň netijesinde ýurtda hyzmatlar ulgamy uly ösüşe eýe bolýar. Ýurduň eksportynda çig mal harytlarynyň paýyny azaldyp, taýýar harytlaryň, özi hem maddy däl hojalygyň harytlarynyň paýyny köpeltmekde hyzmatlar ulgamynyň geljegi örän uly hasaplanýar. Dünýä ykdysadyýeti ugry boýunça bilim alýan talyplar bolsa bu işleri hakyky durmuşa ornaşdyryjylar bolmalydyrlar.

# HYZMATLARYŇ YKDYSADY ESASY WE TOPARLANYLYŞY

# I bölüm

## 1.1. Hyzmatlaryň ykdysady esasy

“Hyzmat” adalgasynyň tejribede we ykdysady edebiýatda giňden peýdalanylýandygyna garamazdan, henize çenli ykdysady dereje hökmünde “hyzmatlara” gutarnykly kesgitleme berilmedi. Bu ýagdaý berlen adalganyň gurşap alýan ykdysady işleriniň görnüşleriniň dürli-dürlüligi bilen düşündirilýär.

Hyzmatlar toplumynyň häzirki görnüşde emele gelmegi üçin ol aýry-aýry ýurtlaryň halk hojalyk ulgamynda ösüşiň uly taryhy ýoluny başdan geçirdi.

Jemgyýetçilik ösüşiniň ilkinji basgançaklarynda hyzmatlaryň çäklendirilen giňişligi, esasan hem öý hojalygy we hususy islegleri kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly hyzmatlar hereket edipdir. XVIII asyrda bolup geçen senagat öwrülişiginden soň, önümçiligiň ösmegi we ulag çykdajylarynyň peselmegi netijesinde hyzmatlar ulgamy halk hojalygynda öz ornuny berkidip başlady we ykdysady işiň beýleki görnüşlerinden bölünip aýryldy. Aýry-aýry adamlaryň we öý hojalyklarynyň isleglerini kanagatlandyrýan hyzmatlar bilen bir hatarda jemgyýetçilik häsiýetine eýe bolan: bank hyzmatlary, ätiýaçlandyryş işi, ulag hem-de aragatnaşyk hyzmatlary ýüze çykyp başlady. XIX asyrda we XX asyryň birinji ýarymynda senagatlaşan jemgyýetçilikde hyzmatlar ulgamy has ösen ýurtlaryň milli girdejileriniň düzüminde ähmiýetliligi boýunça senagatdan soň ikinji orna çykdy. XX asyryň 70-nji ýyllarynda bolup geçen ylmy-tehniki öwrülişigiň netijesinde, ýer ýüzüniň ösen döwletleri postindustrial jemgyýetçilik döwrüne gadam basdy, bu jemgyýetde hyzmatlar ulgamy ýa-da ykdysadyýetiň üçünji sektory öňdebaryjy orny eýeläp başlady. Häzirki döwürde hyzmatlaryň ykdysadyýetde gün-günden berkeýän orny bu döwri jem-

gyýetçilik habar beriş we “hyzmatlaryň täze ykdysadyýeti” döwri diýip hasap etmäge ygtyýar berýär.

“Hyzmat” adalgasy öz düzümi boýunça örän siňňitlidir, ol häzirki wagtda ykdysadyýete köptaraplaýyn täsir etmek bilen diňe bir ösen ýurtlaryň däl-de, eýsem ösüp gelýän ýurtlaryň hem ykdysady ösüşinde wajyp ýagdaý bolup durýar.

“Hyzmat” düşünjesini ykdysady dereje hökmünde kesgitlemek boýunça esasy çekeleşmeler XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrynda 70-nji ýyllarynyň başlarynda ýaýbaňlandyryldy. Hut şol döwürde ösen döwletleriň hyzmatlar ulgamynyň JIÖ-e getirýän girdejileriniň paýy ykdysadyýetiň senagat we agrar ulgamynyň bilelikde getirýän girdejileriniň paýy bilen deňleşdi. Emma gynansak-da, şu günki güne çenli hyzmatlaryň we olaryň alamatlarynyň kesgitlemelerinde bir bütewilik ýok. Bu ýagdaýy birnäçe sebäpler bilen düşündirse bolar.

Birinjiden, hyzmatlar diýip atlandyryp boljak hereketler we bu hereketleriň gönükdirilen obýektleri örän köpsanly we dürli-dürlüdir. Köplenç harytlaryň satyn alynmagy oňa gerek bolan hyzmatlar bilen ugrukdyrylmagy hem-de tersine, hyzmatlaryň satyn alynmagy oňa gerek bolan harytlar bilen ugrukdyrylmagy göz öňünde tutýar.

Ikinjiden, hyzmatlaryň barlagyny amala aşyrýan barlagçy çeýe obýekt bilen iş salyşýar. Bu obýektiň çäkleri hyzmatlary satyn alyjynyň ýa-da satyjynyň isleglerine baglylykda üýtgäp durýar.

“Hyzmat” düşünjesiniň ykdysady düzümine dürli ykdysady mekdepler tarapyndan ykdysady önümçiligiň ýörelgeleriniň ösüş derejelerine laýyklykda düşündiriş berildi.

Merkantilistler mekdebiniň wekili T.Man ýurduň baýlygynyň sebäbini dolanyşyk ulgamy bilen kesgitläp, hyzmatlaryň düýp mazmunyna düşündiriş bermän, baýlygyň esasy söwdadadyr diýip hasaplapdyr.

“Hyzmatlar ulgamy” diýen düşünjäni, ilkinji bolup XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda ylmy dolanyşyga girizen fiziokratlardyr. Olar bu ulgamy şol döwürler işiň ýeke-täk önüm öndürýän görnüşi

hasaplanýan oba hojalyk ulgamyndan bölüp aýyrdylar. Şol bir wagtda fiziokratlar hyzmatlar ulgamynda goşmaça gymmat emele gelmeýär diýip hasaplapdyrlar.

Hyzmatlar ulgamy bilen önümçilik ulgamynyň arasyndaky geljekki deňeşdirmeler A.Smitiň işlerinde alnyp baryldy.

Gaýtadan işleýän senagatyň güýçli depginlerde ösüp başlamagy bilen klassyky mekdebiň wekilleri tarapyndan maddy önümçiligiň baş ýörelgesi öňe sürüldi. Oňa laýyklykda ykdysady önümçilik gurşawy maddy nygmatlary öndürýän ähli pudaklary öz içine alýar. Maddy däl önümçilik gurşawy döwlet apparatyny goşmak bilen birlikde önüm öndürmeýän topluma degişli edildi.

“Hyzmatlar” diýen kesgitlemä ykdysady düşünje hökmünde saldamly goşant goşan alym K.Marks bolup, ol hyzmatlara zat däl-de, iş hökmünde seredip, zähmet çekmekligiň netijesinde emele gelen sarp edijilik gymmatydyr diýip kesgitleme berdi.

Şeýlelikde, häzirkizaman ykdysady edebiýatynda hyzmat adalgasyna gymmata we sarp edijilik gymmata eýe bolan aýratyn haryt hökmünde garalyp başlandy. Diýmek, düzgün boýunça maddy nygmat görnüşiniň ýoklugyna garamazdan, hyzmatlar ulgamynda hem maddy önümçilik ulgamyndaky ýaly goşmaça gymmatyň döredilmegi mümkin diýip, kanuny nygtasa bolar.

“Hyzmat” düşünjesiniň teoretiki kesgitlemesi häzirki zaman alymlarynyň işlerinde juda dürli-dürlüdir.

Rus ykdysatçylary W.I.Widýapiniň, G.P.Žurawlýowanyň kesgitlemegine görä, “Hyzmat – adamyň ol ýa-da beýleki islegini kanagatlandyrýan, ahyrky netijesiniň peýdaly täsiri bolan maksadaokgunly işdir”.

I.Balabanow we A.Balabanowyň pikirine görä, “Hyzmat – adamda ýüze çykan ol ýa-da beýleki islegi kanagatlandyrmak maksady bilen bellibir sarp edijilik hümmetli peýdaly netijä eýe bolan hereketdir”.

F.Kotleriň pikirine görä, “Hyzmat – bir tarapyň beýleki tarapa hödürläp biljek duýup bolmaýan işiň islendik görnüşidir. Ýerine ýetirilen işiň netijesinde hiç bir zada eýelik edip bolmaýar. Hyzmat-

lary hödürlemek işi maddy nygmatlar bilen bagly bolup hem biler, bagly bolman hem biler".

K.Genroosyň pikirine görä, "Hyzmat – duýup bolmaýan hereketleriň birnäçesini özünde jemleýän ýagdaýdyr. Bu hereketler zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda satyn alyjy bilen hyzmat edijiniň, fiziki baýlyklaryň, hyzmaty hödür edýän kärhanalaryň ulgamlarynyň öz aralarynda gatnaşmagy netijesinde ýüze çykýar." Bu ýagdaý hyzmaty satyn alyjynyň meselelerini çözmeklige gönükdirilendir. Berlen kesgitleme hyzmat düşünjesini örän takyk sypatlandyrýar, emma kosmetika, dellek, medisina we ş.m. käbir hyzmatlaryň netijesini duýup bolýar.

Alym A.Çelenkow hem "Islendik hyzmat – ýagdaýdyr, şol bir wagtyň özünde islendik fiziki haryt muňa degişli däldir. Bu bolsa olaryň arasyndaky nobatdaky esasy aýratynlykdyr" diýip belläp geçýär.

T.P.Hill, umuman, "hyzmat" diýen düşünjä kesgitleme bermeklige başgaça çemeleşýär. Onuň pikirine görä, hyzmat – haýsy-da bolsa bir ykdysady birlige degişli bolan haryt ýa-da şahsy tarap şertindäki üýtgeme ýaly kesgitlenip bilner. Ol, ýagny hyzmat, birinji tarapyň ýa-da ykdysady birligiň öňden beren razylygynyň netijesinde haýsy-da bolsa beýleki ykdysady birligiň ýerine ýetiren işiniň netijesidir. Bu kesgitlemede "üýtgemeler" ölçegine, şeýle-de hyzmatlary ýerine ýetirmek ýagdaýyna we onuň sarp edilýän netijesine giňişlikde we wagtda aýdyňlaşdyrmak mümkinçiliklerine esasy basyş edilipdir.

"Hyzmat" düşünjesine düşündiriş bermekde her bir halkara guramanyň hem öz aýratynlyklary bardyr. BMG[1], HPG[2], OECD[3], UNCTAD[4] we BSG[5]-niň bilelikde işläp taýýarlan halkara hyzmatlaryň söwdasynyň statistikasy boýunça Gollanmada "Hyzmat – duýup bolmaýan önümleriň we hereketleriň toplumyny öz için-

[1]BMG – Birleşen Milletler Guramasy.
[2]HPG – Halkara pul gaznasy.
[3]OECD – Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy.
[4]UNCTAD – BMG-niň söwda we ösüş kommissiýasy.
[5]BSG – Bütindünýä söwda guramasy.

de jemleýär, ýöne olara ýeke-täk bir ýönekeý kesgitleme bermek çylşyrymly bolup durýar. Köplenç halatda hyzmatlary dürli derejelerde olara ýanaşdyrylýan harytlardan aýrybaşgalaşdyrmak örän kyn bolup durýar" diýip bellenilýär.

Köplenç halatda kesgitlemelerde "hyzmat" düşünjesi "haryt" düşünjesine gapma-garşy goýulýar.

Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň düşündirişine görä, "Hyzmat–bu haryt önümçiligi, gazylyp alynýan senagat ýa-da oba hojalyk bilen göni baglanyşygy bolmadyk dürli ykdysady hereketleriň toplumydyr. Olaryň esasy aýratynlygy adam zähmeti, maslahaty, başarnygy, bilimi we ş.m. netijesinde goşmaça gymmaty emele getirmekden ybarat bolup durýar".

Ýokarda görkezilen kesgitlemeleri derňemegiň netijesinde, hyzmatlara durmuş-ykdysady derejesinde kesgitleme bermek bilen çäklenmeli däl, çünki hyzmatlara mahsus alamatlaryň sypatlandyrylyşy köplenç has önjeýli bolup, onuň üstünden has çuňňur barlag geçirmäge mümkinçilik berýär.

Biziň pikirimize görä, hyzmatlar şu aşakdaky ýaly häsiýetlendirilip bilner:

– hyzmatlar ýerine ýetirmek we netijelerini sarp etmek bilen bagly bolan hereketleriň ýagdaýyny ýa-da yzygiderliligini utgaşdyrýar;

– wagt ýa-da giňişlik daşlygyna bagly bolmazdan, öndüriji bilen sarp edijiniň arasynda ýerlenip bilner;

– sarp ediji bu ýagdaýa gönüden-göni gatnaşýar we hyzmatlary ýerine ýetirmegiň obýekti bolup durýar;

– hyzmatlaryň hili olary ýerine ýetirýän hünärmenleriň hünär taýýarlygyna bagly bolup durýar;

– hyzmatlary ýerine ýetirmek we sarp etmek indiwidual häsiýete eýedir;

– zähmetiň şahsyýet tarapyndan eýe bolan maddy däl peýdaly netijesi;

– hyzmat maddy/maddy däl, saklap bolýan/saklap bolmaýan, daşap bolýan we daşap bolmaýan, lokal we sebitleýin häsiýetli bolup biler.

## 1.2. Halkara hyzmatlaryň klassifikasiýasy

Hyzmatlaryň çalt depginde ösmegi we köpdürlüligi olaryň ykdysady nazaryýetde kesgitli bir ulgama getirilmegini talap edýär. Ulgamlaşdyrma, dürli alamatlar boýunça, toparlara bölmekligiň esasyndaky toparlanyşyň üsti bilen aňladylýar. Hyzmatlaryň haýsy-da bolsa bir alamatyň esasynda jemlenmegi, olaryň diňe bir aýratynlygyny, ykdysady gelip çykyşyny, ösüş we üýtgeme kanunalaýyklyklaryny tapawutlandyrmaga mümkinçilik bermek bilen çäklenmän, eýsem hyzmatlaryň statistiki hasaba alnyşy bilen bagly meselä, şeýle-de hyzmatlaryň kesgitli ýaýrawlaryny we bazarlaryny tapawutlandyrmaga tarap anyk ädim ätmäge mümkinçilik berer.

Hyzmatlaryň klassifikasiýalarynyň içinde D. Belliň klassifikasiýasy has belli klassifikasiýalaryň biridir. Ol öz klassifikasiýasynda ykdysadyýeti birinji (oba hojalyk), ikinji(senagat pudaklary), üçünji(hyzmatlar topary umumylykda) toparlardan başga-da dördünji we bäşinji toparlara bölýär. Berlen klassifikasiýa laýyklykda, hyzmatlar:

- üçünji topar: ulag we durmuş hyzmatlary;
- dördünji topar: söwda, maliýe, rieltor, ätiýaçlandyryş hyzmatlary;
- bäşinji topar: saglyk, bilim hyzmatlary, dynç alyş hyzmatlary, ylmy-barlag işi we döwlet dolandyryş hyzmatlary boýunça toparlanýar.

Hyzmatlaryň aýry-aýry toparlara bölünendigine garamazdan, bu model hem hyzmatlar ýaýrawynyň dürlüligini doly derejede şöhlelendirmeýär. Şonuň üçin hyzmatlary halkara alyş-çalyş nazarlanmasy boýunça bölmek bilen, onuň üstüni ýetirse bolar. Bu nazarlanma boýunça hyzmatlar: söwda edilmeýän hyzmatlar we söwda edilýän hyzmatlar toparlaryna bölünýär. Birinji topara bir ýurtda öndürilýän we şol ýurtda sarp edilýän hyzmatlar degişli bolup, hyzmatlary öndürijiler hem, sarp edijiler hem şol bir ýurduň wekilleri bolup durýar. Ikinji topara bir ýurduň wekilleri tarapyndan öndürilip, beýleki ýurduň wekilleri tarapyndan sarp edilýän hyzmatlar degişli edilýär. Soňky onýyllyklarda ykdysadyýetiň, ulagyň, maglumat ulgamynyň, elektron ulgamyň ösmegi öňki söwda edilmeýän hyzmatlaryň söwda edilýän hyzmatlaryň hataryna goşulmagyna ýardam etdi.

Toparlanýan bölümleriň we olary seçip alyş tapawutlanmalarynyň usulyýet boýunça aýratynlyklaryna we göwrüminiň giňligine garamazdan, “hyzmat” düşünjesiniň umumy kesgitlemesi ähli klassifikatorlaryň esasy bolup durýar. Oňa laýyklykda klassifikatoryň bölegi hökmünde “takyk hyzmat” çykyş edýär.

Söwda-syýasy gepleşikler maksady bilen hyzmatlaryň köptaraply halkara klassifikatoryny düzmek işine ilkinji sapar 1988-nji ýylda synanyşyldy. Urugwaý gepleşikleriniň çäklerinde esasy halkara klassifikasion ulgamlaryň birnäçesine seredildi. Bu klassifikatorlary: halkara amallaryň klassifikatory, işiň görnüşleriniň klassifikatory we önümleriň klassifikatory atly şertleýin üç topara bölmek bolýar. Berlen klassifikatorlar maglumat kitapçasy häsiýetine eýe bolup, her bir döwlet bu klassifikatorlara öz ýurdunyň hyzmatlar boýunça söwdasynyň aýratynlyklaryny häsiýetlendirýän üýtgeşmeleri we goşmaçalary girizmäge haklydyr.

Bu ýerde halkara amallaryň klassifikatoryna iň görnükli mysal hökmünde Halkara pul gaznasynyň töleg balansyny düzmek üçin ulanylýan halkara geleşikler boýunça statistiki berlenleri toparlamak usulyýeti çykyş edip biler. HPG-niň töleg balansyny düzmek boýunça Gollanmasy(5-nji neşir) fiziki taraplaryň süýşmesi bilen baglanyşykly hyzmatlaryň halkara söwdasy, daşary ýurt maýa goýumlary we pul akymlary boýunça statistiki berlenleri ýygnamakda ilkinji çeşme bolup durýar.

HPG-niň usulyýetine laýyklykda hyzmatlar: ***faktor we faktor däl hyzmatlara*** bölünýär. Faktor hyzmatlaryň hataryna: önümçilik faktorlarynyň, ilki bilen kapitalyň we işçi güýjüniň halkara hereketi bilen baglylykda ýüze çykýan tölegler, maýa goýumlara girdejiler, roýalti we ygtyýarnama tölegleri, rezident dällere zähmet haklary degişli edilýär. Faktor däl hyzmatlara hyzmatlaryň beýleki görnüşleri – ulag, syýahatçylyk, täjirçilik işine edilýän hyzmatlar degişlidir.

Köplenç ýagdaýda hyzmatlary hödürleme harydyň ol ýa-da beýleki ýurda satylmagy bilen bir wagtda bolup geçýär.

Hyzmatlary sarp edijä gowşurmagyň usullaryna laýyklykda olar:

• maýa goýumlar bilen baglanyşykly hyzmatlar – bank, myhmanhana we professional hyzmatlar;

• söwda bilen baglanyşykly hyzmatlar –ulag, ätiýaçlandyryş;

• şol bir wagtyň özünde maýa goýumlar we söwda bilen bagly bolan hyzmatlar – aragatnaşyk, gurluşyk, kompýuter we maglumat hyzmatlary, hususy, sungat we rekreasion hyzmatlar.

Halkara amallaryň klassifikatorynyň esasy ýetmezçiligi hyzmatlaryň halkara söwdasyny diňe bölekleýin görkezýänligindedir. Berlen ulgamda hyzmatlar bir döwletiň çäklerinden beýleki döwletiň çäklerine edilýän hyzmatlara, şeýle-de daşary ýurtlarda sarp edilýän hyzmatlara(bu hyzmatlaryň düzümine daşary ýurtly raýatlaryň beýleki döwletiň raýatlaryna öz ýurdunyň çäklerinde edýän hyzmatlary degişli edilmeýär) klassifisirlenýär.

Işiň görnüşleri boýunça klassifikatora mysal hökmünde ykdysady işleriň ähli görnüşleri üçin 1968-nji ýylda döredilen Pudaklaýyn ülňüleriň halkara klassifikasiýasy çykyş edip biler (PÜHK). PÜHK-e laýyklykda, pudak, bu ähli öndüriji birlikleriň jemi bolmak bilen, olaryň işiniň esasy görnüşi şol bir zat ýa-da şoňa meňzeş zatdyr.

Berlen klassifikasiýanyň iki sany möhüm ýetmezçiligi bar:

• hyzmatlaryň doly derejede gurşalyp alynmaýanlygy: haýsy-da bolsa bir görnüşe bagyşlanan klassifikatoryň her bir bölümi diňe ykdysady birlik hökmündäki işiň esasy görnüşi, onuň esasy ýöriteleşmesi ýaly ýerine ýetirilýän hyzmatlary öz içine alýar;

• ahyrky sarp ediş üçin we önümçilik üçin sarp edilýän hyzmatlar hasaba alynmaýar.

BMG-niň Önümiň wagtlaýyn ýeke-täk klassifikatory (ÖWÝK – UN Provisional Central Product Classification) işleriň dürli görnüşlerini toparlama işinde ähli önümler(nygmatlar, sarp ediş gymmaty) işiň (takyk zähmetiň) ýöriteleşdirilen görnüşleriniň netijesidir diýen ýörelgeden ugur alýar. “Önümiň ýeke-täk klassifikatory” diýen at onuň ýerine ýetirmeli wezipesini şöhlelendirýär. Ol deňeşdirip boljak statistiki berlenleri ýygnamakda we olaryň harytlara, hyzmatlara we kapitala gatnaşygynda deňeşdirme seljerişi ýygnamakda esas bolup çykyş edýär.

Hyzmat bilen baglanyşykly işleriň diňe 138 sanysyny özünde jemleýän PÜHK-den tapawutlylykda ÖWÝK hyzmatlaryň 600 golaý görnüşini tapawutlandyryp, hyzmatlar ulgamyna has jikme-jik we giňişleýin düşündiriş berýär we söwda-syýasy ylalaşyklarda hyzmatlar bilen baglanyşykly borçnamalara düşündiriş bermekde has dürslügi, takyklygy we ýokary derejede jikme-jikligi gazanmaga mümkinçilik berýär. Şeýle-de ÖWK-däki köp bölümler öz içinde "Hiç ýerde klassifisirlenmedik beýleki hyzmatlar" bölümçäni hem saklaýar.

ÖWK-i beýleki klassifikasion ulgamlardan tapawutlandyrýan bu artykmaçlyklary 1991-nji ýylyň iýul aýynda GATS-yň Sekretariaty tarapyndan işlenip düzülen "Hyzmatlar sektorynyň Klassifikasion sanawynda"(geljekde GATS-yň klassifikatory) nazara alyndy.

Üpjün edilmäniň aýratyn görnüşleri döwletleriň arasyndaky köptaraplaýyn pudagara ylalaşyklar bilen dolandyrylýar. Mysal üçin, 2002-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň 8 sany agza ýurtlary (Belgiýa, Daniýa, Şwesiýa, Finlýandiýa, Lýuksemburg, Awstriýa, GFR, Beýik Britaniýa) ABŞ bilen howa ugry boýunça ýük daşamakda "Açyk asman" syýasaty barada ikitaraplaýyn ylalaşyk baglaşdylar. Bu ylalaşyk boýunça amerikan howa kompaniýalary ýewropaly ylalaşyga gatnaşyjylaryň islendik şäherine, ylalaşyga gatnaşýan ýewropaly ýurtlaryň howa kompaniýalarynyň Amerikanyň islendik şäherine sansyz gezek uçmaga hukugy bardyr. Şol bir wagtda ylalaşygy baglaşan her bir Ýewropa döwletiniň diňe öz milli aeroportyndan uçmaga hukugy bardyr.

Hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (GATS) Bütindünýä söwda guramasynyň esasynda ýatýan ylalaşyklar bukjasynyň düzüji bölegidir. GATS-yň klassifikatorynda hyzmatlar pudaklaýyn ýörelge esasynda şu aşakdaky 12 sany bölüme jemlenendir:

1. Işewürlik hyzmatlary;
2. Aragatnaşyk hyzmatlary;
3. Distribýutor hyzmatlary;
5. Umumy bilim beriş hyzmatlary;
6. Daşky gurşawy goramak bilen bagly hyzmatlar;

7. Ätiýaçlandyryşy goşmak bilen maliýe hyzmatlary;

8. Saglygy goraýyş we durmuş hyzmatlary;

9. Syýahatçylyk we gezelenç;

10. Dynç alşy, medeniýeti we sporty gurnamak bilen baglanyşykly hyzmatlar;

11. Ulag hyzmatlary;

12. Beýleki hyzmatlar.

Olaryň her biri bölümlere bölünýär, olar hem köplenç, öz gezeginde bölümçelere bölünýär. Her bölüm ýa-da bölümçe ÖWK-iň maddasyna laýyk gelýän nomerine (koduna) salgylanýar. Bu salgyda berlen hyzmatyň mazmuny has jikme-jik suratlandyrylýar, bu bolsa onuň amaly maksatlar üçin bütinleý ýaramlylygyny üpjün edýär.

Ýöne GATS-yň klassifikatory we onuň esasynda ýatan ÖWK habar-maglumat häsiýete eýedirler, BSG-niň agza ýurtlary ony hyzmatlar ulgamyndaky öz borçnamalaryny suratlandyrmakda ulanmaga borçly däldirler we hyzmatlar ulgamyny özüçe kesgitläp bilýändirler.

1996-njy ýylda OECD we Ýewrostat HWG-niň görkezmelerini hasaba almak bilen, rezidentleriň we rezident däl subýektleriň arasyndaky hyzmatlaryň halkara söwdasyny derňemek üçin has takyk klassifikator işläp düzdüler. Töleg balansy boýunça hyzmatlaryň klassifikatory OECD/Ýewrostatyň klassifikatorynyň has takyk görnüşi bolup GATS-yň çäklerindäki wajyp maglumatlary görkezmäge mümkinçilik berýär. Häzirkizaman hasapda köp milli hasabat ulgamlaryň esasynda BMG-niň milli hasaplar ulgamy(MHU) ulanylýar. PÜHK-e laýyklykda jemi milli önümiň görkezijisini hasaplamak üçin ykdysady işleriň görnüşleri 9 sany sektora toparlanandyr. Önümçilik birlikleri, PÜHK-däki ýaly önümçilik işiniň esasy alamaty boýunça toparlanýar.

MHU-da “içerki daşary ýurt kompaniýalary”, ýagny ýurduň çäklerinde hereket edýän we rezident däl subýektler tarapyndan gözegçilikde saklanýan daşary ýurt kompaniýalarynyň bölümçeleri boýunça hasabat hasaba alynýar. MHU “daşyndaky daşary ýurt kompaniýalary”, ýagny daşary ýurtda döredilen we berlen ýurduň

rezidentleri tarapyndan gözegçilikde saklanýan kompaniýalaryň bölümçeleri boýunça hasabaty hasaba almaýar. Ýagny, berlen hasabat resident ýurduň hasaby boýunça hasaba alynýar.

Hyzmatlaryň klassifikatorlaryny kämilleşdirmek bilen bagly iş yzygiderli ýagdaýda geçirilýär. Şu ýerde Hyzmatlaryň Statistikasy boýunça Bilermenleriň Pudagara Toparynyň (Inter-Agency Task Force on Services Statistics) işini bellemek gerek, bu topar OECD-niň, Ýewrostatyň, Halkara Walýuta Gaznasynyň, BMG-niň, UNCTAD-yň, Bütindünýä Bankynyň we Bütindünýä Söwda Guramasynyň wekillerinden ybaratdyr. Häzirki wagtda topar hyzmatlaryň söwdasynyň hasabaty boýunça görkezmeleri işläp taýýarlamak bilen meşgullanýar, şol görkezmeler esasy halkara klassifikatorlary sazlaşdyrmalydyr.

Şeýlelikde, işlenip taýýarlanan klassifikatorlaryň jemi seljerişi boýunça islegleriň kanagatlandyrylmagyna hem-de hyzmatlaryň bazary boýunça statistik maglumatlaryň hödürlenmegine mümkinçilik döredýär. Ýöne hyzmatlaryň bazarynyň dünýädäki ösüşi maglumatlaryň hödürlenmeginiň has dezagregirlenen bolmagyny we häzirki wagtda hyzmatlar boýunça bar bolan klassifikatorlaryň sazlanmagyny talap edýär.

Türkmenistanda hyzmat düşünjesiniň ykdysady esasynyň wajyplygyna Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe has uly ähmiýet berlip başlandy. Häzir ýurdumyzda hyzmatlaryň geljegi uly bolan ulag we syýahatçylyk toplumlary ösdürilýär. Dünýä ykdysadyýetinde hyzmatlar ulgamynyň çalt ösüşini göz öňünde tutup, Türkmenistanda öňde durýan çylşyrymly meseleleriň birnäçesini hyzmatlaryň häzirkizaman bäsdeşlige ukyply görnüşlerini ösdürmek, hyzmatlar bilen üpjün etmegiň dört sany görnüşiniň ählisini giňden peýdalanmak üçin şertleri, aýratyn hem daşary ýurtlarda täjirçilik gatnaşyklaryny döretmek, söwda ulgamynda GATS-yň esasy düzgünlerini saklaýan hyzmatlaryň döwrebap hukuk binýadyny ösdürmek ýaly meseleleri çözmek ýurdumyzyň häzirkizaman ykdysadyýeti üçin örän wajyp bolup durýar.

# II bölüm HYZMATLARYŇ HALKARA BAZARYNY DÜZGÜNLEŞDIRMEK ULGAMY

## 2.1. Halkara hyzmatlary düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

Häzirki döwürde dünýä ykdysadyýeti beýleki pudaklardaky amallara hyzmat edilmegini üpjün edýän hem-de ykdysady taýdan özbaşdak ähmiýete eýe bolan hyzmatlar bazarynyň çalt depgindäki ösüşi bilen häsiýetlendirilýär. Bilimlere esaslanýan ýokary tehnologiýaly hyzmatlar (“knowledge-based services”) jemgyýetiň täze tertibiniň kemala gelmegini şertlendirip, onuň ösüşiniň hereketlendiriji güýjüne öwrüldi.

Öz gezeginde, ýokary depginli tehnologik ösüş hyzmatlaryň diwersifikasiýa edilmegine, hyzmatlaryň hiliniň gowulandyrylmagyna we hyzmatlaryň hödürlenmegi we berjaý edilmegi üçin wagtyň tygşytlanmagyna badalga berýär. Ozal „söwdalaşylmaýan“ diýlip hasaplanan hyzmatlaryň köpüsi indi maglumat tehnologiýalarynyň ulanylmagy we telekommunikasion pudagyň ösdürilmegi netijesinde, dünýä bazaryna uzak aralykdan we gysga möhletlerde ýetirilýär.

Hyzmatlaryň halkara söwdasyny düzdünleşdirmegiň netijeli ulgamlarynyň bolmagy hyzmatlaryň dünýä bazarynyň joşgunly ösüşine mahsus ýagdaýlaryň biri bolup durýar. Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň düzgünleşdirilmeginiň döwrebap ulgamy köp derejeli hasaplanýar. Degişli işler bilen meşgullanýan özboluşly guramalaryň bolmagy şol derejeleriň her birine mahsus ýagdaýdyr.

Hyzmatlaryň halkara söwdasyny düzgünleşdirmegiň birinji derejesi söwda-ykdysady we (köplenç halatda ulag we aragatnaşyk boýunça) pudaklaryň arasynda baglaşylýan ikitaraplaýyn ylalaşyklardan ybaratdyr, şol ylalaşyklarda hyzmatlaryň söwdasynyň aýry-aýry jähtlerine we şol ulgamlara gönükdirilýän düýpli maýa goýumlara garalýar. Bularyň umumy maksady hyzmatlaryň dünýä bazaryny yzygiderli ýagdaýda liberallaşdyrmakdan ybaratdyr.

Bu ylalaşyklar ylalaşyk baglaşýan taraplaryň hyzmatlar bazaryndaky çäklendirmeleriň azaldylmagyna gönükdirilendir. Meselem, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň we Ysraýylyň arasynda hyzmatlaryň söwdasyny liberallaşdyrmak baradaky düzgünnama iki ýurduň arasynda erkin söwda zolagy boýunça ylalaşygyň ýörite maddalary arkaly berkidildi.

Hyzmatlaryň halkara söwdasyny düzgünleşdirmegiň ikinji derejesi (UNCTAD, OECD) dünýäde hyzmatlaryň haýsy-da bolsa belli bir görnüşiniň söwdasyny düzgünleşdirýän ýöriteleşdirilen halkara guramalaryň, ýagny Raýat awiasiýasynyň halkara guramasy (ICAO), Halkara deňiz guramasy, Bütindünýä syýahatçylyk guramasy we beýlekiler, şeýle hem ulag, syýahatçylyk we beýleki anyk ugurlar boýunça halkara assosiasiýalaryň, birleşmeleriň çygryndaky ylalaşyklaryň jemini emele getirýär.

Ulag hyzmatlaryny dünýä bazarynda düzgünleşdirmek işi ýöriteleşdirilen we çäklendirilen ugurly guramalar tarapyndan amala aşyrylýar. Meselem, howa arkaly gatnawlara degişli hyzmatlar (ICAO) – Raýat awiasiýasynyň halkara guramasy, şeýle hem köp sanly milli we sebit derejesindäki awiasiýa guramalar, ýagny birleşmeler, assosiasiýalar we şuňa meňzeş beýleki edaralar tarapyndan düzgünleşdirilýär. Olar, meselem, EAA – Ýewropanyň awiakompaniýalarynyň birleşmesi ýaly, çäkleýin ýörelgä, ýagny ýerleşýän ýerine laýyklykda ýa-da sebit derejesindäki ýük daşaýjy we beýleki awiasiýanyň birleşmesi (meselem, ÝSAA – Ýewropanyň sebitdäki awialiniýalaryň assosiasiýasy) ýaly haýsy pudaga degişliligine görä döredilýär.

Awtoulaglar bilen bagly hyzmatlar Halkara awtoulag birleşmesi, deňze degişli hyzmatlar, Gämi gatnawy boýunça halkara edarasy, Halkara deňiz guramasy hem-de Portlaryň we duralgalaryň halkara birleşmesi tarapyndan düzgünleşdirilýär.

Halkara guramalaryň işi hyzmatlaryň dünýä bazarynda telekeçilige degişli we tehniki meseleleriň çözülmegine köptaraplaýyn ylalaşyklar görnüşinde umumy çemeleşmäniň işlenip taýýarlanylmagyna gönükdirilendir we maslahat beriji häsiýete eýedir.

Ýöne muňa garamazdan, käbir ýurtlarda olar tassyklanýar we milli kanunçylygyň bir bölegine öwrülýär. Meselem, käbir ýurtlarda atmosferany zaýalaýan zyýanly maddalaryň kesgitlenen möçberden

artyk çykarylmagy, ICAO tarapyndan kesgitlenen jerimä laýyklykda awiasiýa arkaly ýük daşaýjylara töledilýär.

Hyzmatlar ulgamyna degişli halkara birleşmeleriň dürli-dürlüligine garamazdan, maglumat ulgamy bilen bagly ugur olaryň ählisi üçin umumy häsiýete eýedir. Şol ugur degişli assosiasiýalar tarapyndan çözülýän meseleler boýunça has gyzykly maglumatlary toplamak, işläp taýýarlamak, seljermek, çaklamak we döwürleýin neşirde çap etmek bilen baglydyr.

Sebit derejesindäki integrasion birleşmeleri döretmek baradaky ylalaşyklar hyzmatlaryň halkara söwdasyny köptaraplaýyn düzgünleşdirmegiň ýene-de bir görnüşi hasaplanýar, olaryň maksady topara goşulýanlaryň özara ykdysady gatnaşyklaryny erkinleşdirmekdan ybarat bolup durýar. Hyzmatlar ulgamyny sebit derejesinde liberallaşdyrmak – XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda, 90-njy ýyllaryň başlarynda işjeňleşdi, şonda diňe bir ösen ýurtlarda däl-de, eýsem ösüp gelýän ýurtlarda hem hyzmatlaryň ykdysadyýetdäki ähmiýetiniň has-da artýandygy äşgär boldy.

Meselem, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Kanadanyň we Meksikanyň arasyndaky erkin söwda zolagy boýunça ylalaşyk (NAFTA) baglaşylandan soňra, ykdysady gatnaşyklary üçtaraplaýyn düzgünleşdirýän maddalardan, ylalaşyga gatnaşyjylaryň her biri tarapyndan wadalaşylan aýry-aýry nukdaýnazarlardan daşary hyzmatlaryň ähli görnüşleriniň alyş-çalşygyny liberallaşdyrmak baradaky düzgünnama kabul edildi. NAFTA-nyň çäklerinde sebitdäki hyzmatlaryň ýokary derejede liberallaşdyrylan bazary kemala geldi.

Heniz NAFTA döredilmänkä, Günbatar Ýewropada hyzmatlaryň sebit derejesindäki has uly bazary döredildi. Onuň döredilmegi we ösüşi integrasion ýagdaýlar, ilkinji nobatda bolsa, Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) döredilmegi bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

ÝB-niň çäklerinde hyzmatlaryň umumy bazarynyň emele gelmegi kapitalyň, tehnologiýanyň we işçi güýjüniň hereketiniň liberallaşdyrylmagy bilen birlikde bolup geçdi. Netijede, Ýewropa Bileleşiginiň umumy bazary liberallaşmagyň çuňlugy, şeýle hem oňa gatnaşyjylaryň sany boýunça ösüşiň ýokarky basgançagyna ýetdi.

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalaryndan başlap, ösüp gelýän ýurtlar hem öz ykdysadyýetinde hyzmatlaryň ähmiýetiniň ýokarlanmagy netijesinde hyzmatlaryň bazarynyň liberallaşdyrylmagyna gyzyklanma bildirip ugradylar.

Ösüp gelýän ýurtlarda hyzmatlaryň bazaryny liberallaşdyrmak işiniň milli we sebite garaşlylyk derejesinde başlanmagy onuň aýratynlyklarynyň biri hasaplanýar. Birnäçe ýurtlar, esasan-da Latyn Amerikasyndaky döwletler milli telekommunikasion ulgamlary hususylaşdyrmaga girişdiler we daşary ýurtly bäsdeşlere öz bazarlaryny açdylar. Ýöne hyzmatlaryň bazarlaryny liberallaşdyrmak boýunça has irnik çäreler toplumyny ýerine ýetirmek işi geografiki taýdan biri-birine golaý ýerleşýän sebite garaşly az sanly ýurtlar tarapyndan synanyşyldy.

XX asyryň 90-njy ýyllarynda ASEAN-a (Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň bileleşigine) girýän ýurtlar hem syýasy birleşigi erkin söwda zolagyna öwrüp, hyzmatlaryň söwdasyny düzgünleşdirmek bilen bagly ulgamy özgertdiler. Olar hyzmatlar boýunça çarçuwaly ylalaşyga gol çekip, 1995-nji ýyldan başlap, bu zolagy hyzmatlar ulgamy üçin giňeltdiler. Birinji tapgyrda esasy maksat hyzmatlaryň anyk ugurlary boýunça özboluşly borçlary kesgitlemekden ybarat bolupdy, soňra, ikinji tapgyrda hyzmatlaryň söwdasyndaky ähli çäklendirmeleri aradan aýryp, ASEAN-a goşulýan ýurtlarda hyzmatlaryň bazaryny dolulygyna liberallaşdyrmak göz öňünde tutuldy.

1997-nji ýylyň dekabrynda MERCOSUR[1]-a gatnaşýan ýurtlar hyzmatlaryň söwdasy boýunça Teswirnama gol çekdiler, onuň esasynda, hyzmatlaryň bazaryny yzygiderli açmak we hyzmatlary hödürleýän daşary ýurtlular üçin milli kadalary elýeterli etmek arkaly goşulyşma gatnaşýan ýurtlar 2007-nji ýyla çenli hyzmatlaryň bazaryny dolulygyna liberallaşdyrmalydy.

Şeýlelikde, häzirki wagtda hyzmatlaryň bazaryny erkinleşdirmegiň esasy nusgalarynyň ikisi bar.

NAFTA, Üçleriň topary (Erkin söwda barada ABŞ-nyň, Kanadanyň we Meksikanyň arasyndaky ylalaşyk) tarapyndan ulanylýan birinji nusga hyzmatlaryň bazarynda Kadadan çykmalaryň

[1]MERCOSUR – Günorta Amerikanyň konus döwletleriniň umumy bazary.

sahypasynda beýan edilenlerden başga, ähli çäklendirmeleriň ara-dan aýrylmagyna esaslanýar. Ikinji nusga görä, ugurlar boýunça öz-boluşly borçlary kesgitlemek arkaly, hyzmatlaryň bazarlaryny yzy-giderli ýagdaýda açmak göz öňünde tutulýar hem-de MERCOSUR, ASEAN diýlip atlandyrylan integrasion we söwda-syýasy toparlar-da ulanylýar. Şuňa meňzeş nusga Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) çäklerinde GATS (Hyzmatlaryň söwdasy baradaky Baş yla-laşyk) boýunça hem göz öňünde tutulýar.

Hyzmatlaryň söwdasyny liberallaşdyrmak barada sebit dere-jesindäki ylalaşyklar halkara derejesinde hyzmatlaryň söwdasyny liberallaşdyrmakda we maýa goýumlar boýunça has çylşyrymly mehanizmleri döretmekde möhüm ähmiýetli „laboratoriýalara“ öwrüldi. GATS döredilen wagty gazanylan ösüş belli bir dereje-de NAFTA-nyň we ÝB-niň çäklerinde bazarlary erkinleşdirmek boýunça sebit derejesinde toplanan üstünlikli tejribe bilen şertlendi-rilendir, şol tejribe GATS-a gatnaşýan ýurtlar üçin wajyp ähmiýetli maglumat çeşmesi bolup çykyş etdi.

Umuman alanyňda, halkara guramalaryň 40-dan gowragy az-da-kände hyzmatlaryň halkara söwdasy bilen meşgullanýar. Ýöne häzirki döwrüň şertlerinde Hyzmatlaryň söwdasy baradaky Baş yla-laşyk (GATS) hyzmatlaryň tutuş ulgamyna degişli diýlip hasaplanýan esasy köptaraplaýyn döwletara ylalaşygyna öwrüldi, ol Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) esasy hukuk resminamalarynyň toplumy-na goşulýar. Geljekde hyzmatlar ulgamynyň köptaraplaýyn hukuk we administratiw binýadyny ösdürmek boýunça esasy gepleşikler BSG-niň çäklerinde jemlener diýip çaklamak bolar.

## 2.2. Hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (GATS)

Gepleşikleriň Tokiodaky tapgyrynda (1973 – 1979-njy ýyllar) hyzmatlaryň söwdasyny GATT-yň (Tarifler we söwda boýunça Baş ylalaşyk) düzümine goşmagyň zerurdygy baradaky mesele gyzga-laňly ýagdaýda ara alnyp maslahatlaşyldy, ýöne hyzmatlaryň halka-ra söwdasyny düzgünleşdirýän köptaraplaýyn ýörelgeler we kadalar diňe 1986 – 1994-nji ýyllarda geçirilen gepleşikleriň Urugwaýdaky

tapgyrynda işlenip düzüldi. Şol tapgyryň netijesinde hyzmatlaryň söwdasy baradaky Baş ylalaşyk kabul edildi, ol 1995-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap güýje girdi we ýörelge taýdan düýpgöter täze halkara ylalaşyga öwrüldi.

GATS hyzmatlaryň halkara söwdasyny düzgünleşdirýän kanunlaryň, ýörelgeleriň we çemeleşmeleriň köptaraplaýyn toplumy bolup durýar. GATS-yň kadalary telekeçilik esasynda hödürlenýän hyzmatlary düzgünleşdirýär. Hyzmatlaryň söwdasynyň agramly böleginiň milli serhetlerden geçirilmeýändigi, söwdanyň täjirçilik gatnaşygy esasynda geçirilýändigi ýa-da raýatlaryň daşary ýurda çykmagy arkaly berjaý edilýändigi sebäpli, GATS-yň talaplary milli kanunçylyga we ýurtlaryň düzgünleşdiriji ulgamyna öz täsirini ýetirýär.

GATS alty sany bapda jemlenen maddalaryň 29-syndan ybaratdyr. Hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşleri goşundylar boýunça düzgünleşdirilip, olara GATS-yň düzüminiň bir bölegi hökmünde garalýar. Belli bir ugurlara degişli goşundylar fiziki taraplaryň ýerlerini üýtgetmegi, howa we deňiz ulaglarynyň hyzmatlaryny, maliýe we telekommunikasi on hyzmatlary gurşap alýar.

Daşary ýurt edebiýatynda GATS-a degişli mesele boýunça birnäçe işleriň bardygy üçin, şu ýerde Baş ylalaşygyň esasy düzgünleri barada durup geçmek maksadalaýyk bolup görünýär.

Hukuk bilen bagly nukdaýnazara görä, GATS yzygiderli ýagdaýda kämilleşdirilýän çarçuwaly ylalaşyk bolup durýar. GATS gepleşikleriň yzygiderli geçirilip durulmagyna esaslanýan ýörelgäniň saklanmagyny, ýagny erkinleşdirmegiň has ýokary derejesine ýetmek üçin, aram-aram gepleşikleriň gaýtalanyp geçirilmegini göz öňünde tutýar.

GATS çarçuwaly ylalaşyk bolup, esasy bölümleriň üçüsinden:

• esasy hukuk kadalaryny, şeýle hem esasy ýörelgeleýin kesgitlemeleri äşgär edýän Baş ylalaşygyň özünden;

• hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşlerine degişli goşundylardan;

•BSG-niň agzalary bolup durýan ýurtlaryň boýun alan hyzmatlarynyň aýry-aýry görnüşlerine degişli anyk borçlaryň sanawyndan ybaratdyr.

GATS hyzmatlaryň üpjün edilmegine “hyzmatlaryň öndürilmegi, paýlanylmagy, marketingi, satuwy we ýetirilmegi” diýen kes-

gitleme berýär. GATS hyzmatlaryň söwdasyny hyzmatlary ýerine ýetirmegiň esasy usullarynyň dördüsi arkaly üpjün etmek hökmünde kesgitleýär.

***Birinji usul*** – Serhet üsti bilen edilýän hyzmatlar (cross-border supply) – hyzmatlary bir ýurduň çäginden başga bir ýurduň çägine ýetirmekdir. BSG-niň agzalary bolup durýan ýurtlaryň borçlarynyň 50%-e çenlisi hyzmatlaryň transserhet akymlary üçin bazaryň dolulygyna açyk bolmagyny göz öňünde tutýar.

***Ikinji usul*** – Hyzmatlaryň daşary ýurtda sarp edilişi (consumption abroad) – hyzmaty sarp edijiniň (şahsy, şeýle hem edara görnüşindäki tarapyň) hyzmaty öndürijiniň çägine geçmegidir. Hyzmatlaryň söwdasynda ýetirmegiň şu usuly gös-göni düzgünleşdirilmeýär, ýöne beýleki ulgamlardaky söwdada gabat gelýän päsgelçilikler bu söwdanyň geriminiň giňeldilmegine päsgel berýär.

***Üçünji usul*** – Hyzmatlaryň täjirçilik gatnaşygy (commercial presence) – hyzmaty üpjün edýän bir ýurduň hyzmatyň ýerine ýetiriljek ýurdunda telekeçilik gatnaşygyny ýola goýmagydyr. Bu usul daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we hyzmatyň ýerine ýetiriljek ýurdunda daşary ýurt firmalaryny ýa-da olaryň şahamçalaryny döretmek boýunça has giňden ýaýran usul hasaplanýar. Täjirçilik gatnaşygy bilen bagly borçlaryň, takmynan 70–80%-i (borçlaryň 84%-i maliýe hyzmatlary, 91%-i aragatnaşyk hyzmatlary) çäklendirilen häsiýetlidir.

***Dördünji usul*** – Hyzmatlara şahsy taraplaryň gatnaşygy (presence of natural persons providing services) – hyzmaty üpjün edýän haýsy-da bolsa bir ýurduň şahsy taraplarynyň täjirçilik gatnaşygynyň üsti bilen, başga bir islendik ýurduň çäginde hyzmaty ýerine ýetirmegidir. Bu ýerde „Hyzmaty üpjün edýänleriň“ hataryna hyzmatlary ýerine ýetirýän özbaşdak telekeçiler, şeýle hem hyzmatlary ýerine ýetirýän kompaniýalaryň (işgärleriň sanawynda hasapda durýan we durmaýan) işgärleri degişli edilýär.

Şahsy taraplaryň daşary ýurt zähmet bazarlarynda hyzmatlary ýerine ýetirmekleri bilen bagly ýerini üýtgetmegi we gatnaşygy wagty tygşytlaýan görnüşde bolup, hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegini maksat edinmelidir. Hyzmatlary ýetirmegiň bu usulynyň liberallaş-

dyrylmagy täjirçilik gatnaşygy bilen baglylykda dolandyryjy işgärleriň we hünärmenleriň wagtlaýynça ýerini üýtgetmekleriniň geriminiň giňeldilmegi boýunça gorizontal borçlaryň amala aşyrylmagyna alyp bardy. Şol bir wagtyň özünde, hyzmatlary ýetirmegiň bu usuly boýunça borçlaryň 90%-den gowragynda çäklendirmeler bar.

Şeýlelikde, hyzmatlar bilen üpjün etmegiň usullarynyň arasyndaky tapawutlar kesgitlenende, esasy ölçegleriň ikisi ulanylýar, bu ölçegler şulardan ybarat:

• hyzmaty üpjün edijiniň we hyzmaty sarp edijiniň gelip çykyşyny kesgitlemekden; adatça, olaryň gelip çykyşy diýlip (eger şahsy tarap barada gürrüň gidýän bolsa), raýatlygynyň ýa-da (eger edara görnüşindäki tarap barada gürrüň gidýän bolsa) kompaniýanyň inkorporasiýasynyň hasaba alnan ýerine düşünilýär;

• hyzmaty üpjün edijiniň we hyzmaty sarp edijiniň hyzmat ýerine ýetirilýän pursadynda haýsy ýerde ýerleşýändigini we şol ýerde bolmagynyň hemişelik ýa-da wagtlaýyn häsiýetlidigini kesgitlemeklige düşünilýär.

Täjirçilik gatnaşygy ulag we syýahatçylyk hyzmatlaryndan başga, hyzmat edilýän pudaklary hyzmat bilen üpjün etmekde has köp ulanylýan usul bolup durýar. Hyzmatlaryň dünýä söwdasynyň 50%-i bu usulyň paýyna düşýär.

Hyzmatlaryň söwdasynyň möhüm ähmiýete eýe bolan usullarynyň ýene-de bir görnüşi hyzmatlaryň serhediň üsti bilen ýetirilmeginden (hyzmatlaryň dünýä söwdasynyň 35 göterimi) ybaratdyr. Şahsy taraplaryň gatnaşmagy arkaly amala aşyrylýan söwda pudaklaryň ählisi üçin iň pes ähmiýete eýedir (1 – 2%).

Hyzmatlar bilen üpjün etmegiň usullarynyň dördüsiniň ählisi-de özara baglanyşyklydyr. Şunda hyzmatlaryň söwdasy harytlaryň söwdasyna-da degişli edilýär (çünki hyzmatlaryň gymmaty harytlaryň gymmatyna goşulýar), galyberse-de, hyzmatlaryň söwdasy kapitalyň (aýratyn-da maýa goýumlaryň) we zähmet resurslarynyň (aýratyn-da hünär taýdan ýokary derejeli işgärleriň) halkara derejesindäki hereketi bilen baglydyr.

Üpjün etmegiň bir usulynyň kanallary boýunça söwdanyň ösdürilmegi üpjün etmegiň beýleki usullary boýunça söwdanyň

giňeldilmegine alyp barýar. Üpjün etmegiň usullarynyň özara baglanyşygy bazarlaryň elýeterliliginiň has netijeli bolmagyny gazanmak üçin, bu usullaryň bir ýere jemlenmegini talap edýär. Munuň üçin önümçiligiň ähli ýagdaýlary (işçi güýji, kapital, maglumatlar we tehnologiýa) boýunça kadalary liberallaşdyrmak gerek.

Häzirki döwürde hyzmatlar boýunça seljeriş üpjün etmegiň dört sany usulyna görä hyzmatlaryň söwdasyny dolulylygyna seljermäge mümkinçilik bermeýär, töleg balansyny üpjün etmegiň birinji we ikinji usullaryna degişli seljerişi dolulygyna äşgär edýär. Şol seljeriş esasynda BSG-niň Ýyllyk hasabatlary düzülýär. Ýöne Töleg balanslary diňe rezidentleriň we rezident dälleriň arasyndaky amallary beýan edýär, başga ýurtlardaky daşary ýurt şahamçalary we rezidentler boýunça statistika muňa goşulmaýar.

Täjirçilik gatnaşygy baradaky maglumatlaryň diňe daşary ýurt şahamçalary boýunça seljerişde (FATS) görkezilmegi ahmal, häzirki wagtda şonda köp bolmadyk ýurtlara degişli maglumatlar berilýär, üpjün etmegiň şol usuly boýunça statistika ABŞ tarapyndan has doly görkezilýär.

Şeýle hem pudaklar (sektorlar) boýunça seljerişi geçirmegiň kyn düşýändigi bellenilýär, çünki GATS-yň klassifikasiýasy bilen deňeşdirilende, BSG-niň häzirki klassifikatorynyň dezagregirlenişiniň derejesi birneme pesdir, şonuň üçin, bu klassifikatorlaryň arasynda häli-şindi gapma-garşylykly ýagdaýlar ýüze çykýar. Şoňa görä-de, pudaklar (sektorlar) boýunça seljeriş geçirilende, köplenç halatda ýöriteleşdirilen halkara guramalary: BSG, ICAO, UNCTAD tarapyndan berilýän maglumatlar ulanylýar.

Üpjün etmegiň dördünji usulyna görä hyzmatlar boýunça statistikany has doly görkezmek üçin, beýleki statistiki çeşmelere: migrasiýa we zähmet bazary boýunça statistika degişli maglumatlary ulanmak gerek.

## 2.3. Hyzmatlaryň halkara söwdasyny liberallaşdyrmak

GATS-da söwdadaky päsgelçilikleri liberallaşdyrmak boýunça borçlaryň iki sany toplumy göz öňünde tutulýar.

*Şekil № 1*

**Söwdadaky päsgelçilikleri liberallaşdyrmak boýunça borçlaryň toplumy**




*Şekil № 2*




Taryhyň dowamynda hyzmatlaryň bazarynyň ýapyk bolmagy we ösüp gelýän ýurtlaryň milli özygtyýarlylygyny ýitirmekden howatyrlanmagy sebäpli, ýurtlaryň boýun alan borçlarynyň derejesi känbir ýokary däldir. Şeýlelikde, 2-nji şekilden görnüşi ýaly, ýurtlaryň boýun

alýan özboluşly borçlarynyň möçberi ýurduň halkara hyzmatlar bazaryndaky bäsdeşlige ukyplylygyna gös-göni bagly bolýar.

*1-nji tablisa*

**Borçlaryň mümkin bolup biljek derejesi bilen deňeşdirilende, gepleşikleriň Urugwaýdaky tapgyrynyň netijeleri boýunça ýurtlaryň boýun alan borçlarynyň möçberi (% hasabynda)**

| | |
|---|---|
| Ösen ýurtlar | 53,8 |
| Ösüp gelýän ýurtlar | 17,2 |
| Latyn Amerikasynyň ýurtlary | 15,3 |
| Afrika ýurtlary | 9,8 |
| Ýakyn Gündogar ýurtlary | 16,5 |
| Aziýa ýurtlary | 26 |

Hyzmatlaryň maliýe, ulag we ýokary tehnologiýaly ulgamlarda ýokary ähmiýete eýe bolmagy, bu bazaryň liberallaşdyrylmagyny bökdeýär hem-de milli bazarlarda, aýratyn-da, ösüp gelýän ýurtlarda birgiden päsgelçilikleriň we çäklendirmeleriň bolmagyny şertlendirýär.

GATS-yň agza ýurtlary bazara aralaşmakda bar bolan çäklendirmeleri özboluşly borçlaryň sanawynda hökmany suratda görkezmelidirler. Bazara aralaşmak we hyzmatlary üpjün etmek boýunça geçirilýän amallary düzgünleşdirýän milli kanunçylyk – hyzmatlaryň bazaryndaky ösüşiň we bäsleşigiň badyny gowşadýan has täsirli faktorlaryň biri bolup biler. Bäsleşigiň çäklendirilmegi göterimleriň möçberiniň ýokarlanmagyna we zähmete tölenilýän hakyň möçberiniň artdyrylmagyna öz täsirini ýetirýär.

Düzgünleşdirmegiň amatsyz milli kadalary sarp edijileriň ileri tutýan isleglerini kanagatlandyrmakda kompaniýalaryň innowasion tehnologiýalary ulanmak bilen bagly bolan höwesini peseldýär.

OECD-ä goşulýan ösen ýurtlaryň toplan tejribesi, hyzmatlaryň bazarynda bäsdeşligiň güýçlenmeginiň nyrhlaryň arzanlamagyna, hyzmatlaryň hiliniň gowulandyrylmagyna we diwersifikasiýa edil-

megine, harajatlaryň azaldylmagyna, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna, distribýuterçilik ulgamlarynyň ösdürilmegine we önümçiligiň döwrebaplaşdyrylmagyna getirýändigini görkezdi.

Göni maýa goýumlar (GMG) söwdanyň liberallaşdyrylmagyna güýçli täsirini ýetirýän möhüm ugurlaryň ýene-de biri hasaplanýar. Göni maýa goýumlar ýurtda täjirçilik gatnaşygyny esaslandyrmagyň esasy usuly (hyzmatlar bilen üpjün etmegiň üçünji usuly) bolup durýar, munuň özi milli kompaniýanyň paýnamalarynyň (aksiýalarynyň) toplumyny satyn almak, ýurtda şahamçany ýa-da täze kompaniýany esaslandyrmak, şeýle hem şol usullaryň toplumlaýyn ulanylmagy arkaly üpjün edilýär.

Hyzmatlar bilen üpjün etmegiň üçünji usulyna degişli çäklendirmeler has giňden ýaýrandyr. Hatda haýsy-da bolsa bir ýurt özboluşly borçlary boýun alan ýagdaýynda-da, adatça şol borçlara çäklendirmeler saklanyp galýar.

Hyzmatlar bilen üpjün etmegiň beýleki usullaryna degişli çäklendirmeler hem GMG-ä öz täsirini ýetirýär. Aýratyn-da, munuň özi hyzmatlar bilen üpjün etmegiň dördünji usulyna mahsusdyr. Ýurtlaryň aglabasy wiza almakdan başlap, hyzmatlaryň kesgitlenen ugurlary boýunça işgärleriň hakyna tutulmagyny gadagan etmek arkaly, hususy taraplaryň ondan-oňa geçmegine çenli çäklendirmeler girizýärler.

Hardin we Holms GMG bilen bagly päsgelçilikleri „döwletiň maýadaryň maýa goýumlaryny haýsy ugra we nähili görnüşde gönükdirmek baradaky çözgüdiniň ýoýulmagyna alyp barýan islendik çäresini“ GMG bilen bagly päsgelçilikler hökmünde kesgitleýärler. “Şol çäreler daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberini çäklendirmek, göni maýa goýumlaryň gönükdirilmegine ygtyýar berýän namalary almakda býurokratik gatnaşyklar, eýelik etmek we barlamak boýunça hukuklary çäklendirmek görnüşinde bolup biler”.

GMG boýunça päsgelçilikler: bazara aralaşmak boýunça çäklendirmelerden, eýelik etmek we barlamak boýunça hukuk çäklendirmelerinden, gündelik işleriň çäklendirmelerinden ybaratdyr. Şeýle hem göni, kanunçylyk arkaly bellenilen ýa-da gytaklaýyn çäklendirmeler – haýsy-da bolsa bir anyk ýagdaý baradaky çözgüt boýunça tapawutlandyrylyp bilner.

***Göni çäklendirmeler*** bazara aralaşmak boýunça san ýa-da hil bilen bagly çäklendirmeleri (meselem, maýa goýumlaryň möçberi ýa-da maýa goýumlaryň bazardaky paýy boýunça çäklendirmeleri) takyk kesgitleýär.

***Gytaklaýyn çäklendirmeler*** göni çäklendirmelerdäki ýaly belli bir maksada (meselem, ykdysady taýdan zerur bolan barlaglaryň geçirilmegine ýa-da milli bähbitleriň ölçegleriniň göz öňünde tutulmagyna) gönükdirilse-de, birneme düşnüksiz we çylşyrymlydyr.

Eger bazardaky çäklendirmeler anyk kesgitlenen bolsa, hyzmatlaryň halkara söwdasyny liberallaşdyrmak işi biraz çaltlaşýar, çünki gytaklaýyn çäklendirmeleri kesgitlemek we äşgär etmek kynrak düşýär.

Ösüp gelýän ýurtlarda hyzmatlaryň täjirçilik gatnaşygy boýunça has köp çäklendirmeleriň girizilendigi ýüze çykaryldy, sebäbi ösüp gelýän ýurtlarda senagat ulgamyna garanyňda, hyzmatlaryň bazaryny liberallaşdyrmak haýal alnyp barylýar. Milli howpsuzlyga, garaşsyzlyga, sarp edijileriň goraglylygyna we ilatyň sarp edýän harytlar bilen üpjünçiligine degişli düşünjeler hökümetiň hyzmatlaryň bazarynda ýöredýän syýasatyna öz täsirini azda-kände ýetirip durýar. Ýurtlaryň aglabasynda daşary ýurt kapitalynyň gatnaşmagy konstitusion tertipde henize çenli gadagan edilýär ýa-da çäklendirilýär, käbir pudaklaryň monopolistik gurluşy hyzmatlaryň käbir ugurlarynda düzgünleşdiriji ulgamyň döredilmegini kynlaşdyrýar.

Päsgelçilikleriň hyzmatlaryň halkara söwdasyna ýetirýän täsiriniň mukdaryny ölçemek örän kyndyr. Munuň özi diňe bir ýurtlaryň arasynda hyzmatlaryň söwdasy boýunça dezagregirlenen seljerişiň ýetmezçiligi bilen däl-de, hyzmatyň nyrhyny kesgitleýän elementleri tapawutlandyryp görkezmegiň başa barmaýandygy bilen şertlendirilendir.

Adatça hyzmatlaryň "söwdalaşylmagynyň" derejesiniň pes bolmagy, şol ulgamyň liberallaşdyrylmagyndan alynjak peýdanyň hem ujypsyz bolmagyna alyp barar diýen pikiriň döremegine getirmegi mümkin. Hyzmatlar araçyllyk bilen bagly möhüm funksiýany hem ýerine ýetirýär, şoňa görä-de, bu ugry liberallaşdyrmakdan alynjak peýda, bu ugra gös-göni, ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryna bolsa gytaklaýyn täsir eder. Galyberse-de, taryhyň dowamynda bu ulgam boýunça päsgelçilikleriň ýokary derejä çenli ýetendigine garamaz-

dan, hyzmatlaryň liberallaşdyrylmagyndan alynjak peýdanyň harytlaryň söwdasynyň liberallaşdyrylmagyndan alynjak peýdanyň möçberinden has köp boljakdygyny aýan etdi.

2001-nji ýylda Di we Hanslou umumy deňeçerligiň kompýuter modelini ulanmak arkaly, dünýäde hyzmatlaryň söwdasynyň liberallaşdyrylmagyndan alynjak peýdany takmynan görnüşde hasapladylar. Olar hyzmatlaryň liberallaşdyrylmagyndan alynjak peýda oba hojalyk we senagat harytlarynyň birlikdäki söwdasynyň liberallaşdyrylmagyndan alynjak peýda barabar bolar diýen netijä geldiler.

Bütindünýä Bankynyň hünärmenleri maliýe we telekommunikasiýa pudaklarynyň liberallaşdyrylmagy ýurduň ykdysady ösüşini 1,5% möçberinde çaltlandyrar, galyberse-de ösüp gelýän ýurtlaryň gazanjak peýdasy ösen ýurtlaryňka garanyňda 2 ýa-da 3 esse köp bolar diýip nygtaýarlar.

Ösüp gelýän ýurtlaryň aglabasy hyzmatlaryň liberallaşdyrylmagyndan alynjak peýdanyň, esasan ösen ýurtlaryň paýyna düşmeginden howatyrlanýarlar. Şu pikirler öňe sürlende, hyzmatlaryň birentek ugurlarynyň kapitaly we zähmeti has köp talap edýändigine üns berilýär. Degişlilikde, ösen ýurtlar bu ugurlardaky bäsleşikde artykmaçlyklara eýe bolmak arkaly, şol hyzmatlaryň söwdasynda öňdäki hatarlary eýelejekdigi görnüp dur diýlip bellenilýär. Şunuň ýaly pikir islendik ýurduň haýsy-da bolsa bir ugurda, meselem, ösüp gelýän ýurtlarda syýahatçylyk boýunça bäsleşikde artykmaçlyga eýe bolup durýandygyny görkezýän ýagdaýy inkär edýär.

2000-nji ýylda Tunisiň ykdysadyýetiniň mysalynda Konan we Markus (Konan and Markus) tarapyndan geçirilen ylmy barlag alty sany ugur – maglumat-aragatnaşyk, gurluşyk, ulag, ätiýaçlandyrmak, söwda we maliýe ulgamlary boýunça hyzmatlaryň bazarynyň erkinleşdirilmeginden alynjak netijäniň ýurduň jemi içerki önüminiň (JIÖ) 7% möçberinde artmagyna getirjekdigini hem-de munuň preferensiýalar hakynda ÝB bilen baglaşyljak ylalaşykdan gazanyljak netijeden iki esse ýokary boljakdygyny äşgär etdi. Göni maýa goýumlaryň tertibiniň erkinleşdirilmegi arkaly, has ýokary netije gazanyljak ugurlar hökmünde maliýe ulgamy (JIÖ-niň 2% möç-

berinde), telekommunikasion ulgam (JIÖ-niň 1,3% möçberinde) we ulag ulgamy (JIÖ-niň 1,5% möçberinde) görkezilýär.

Ösüp gelýän ýurtlar eýýäm häzirki wagtda özleriniň bäsleşik babatdaky artykmaçlyklaryny äşgär edýärler hem-de hyzmatlaryň köp sanly görnüşlerini eksport edýärler. Şunda syýahatçylygyň eksporty has uly ähmiýete eýedir, pes derejede ösen ýurtlaryň esasy girdejisi hut şonuň hasabyna gazanylýar.

Ösüp gelýän ýurtlaryň hyzmatlaryň gurluşyk hyzmatlary ýaly, zähmeti has köp talap edýän ugurlarynda artykmaçlyklara eýe bolup durýandygy görünýär. Galyberse-de, bu toparyň ýurtlary bilimlere esaslanýan hyzmatlary işjeň ýagdaýda eksport edýärler. Hindistanyň programma üpjünçiligini eksport etmegi muňa äşgär mysal bolup biler, diňe bu ugur ýurduň býujetine milliardlarça dollar möçberinde girdeji getirýär. Bu ýurtlaryň aglabasynda işçi güýjüniň arzan bolandygy üçin, ösen ýurtlar özleriniň hyzmat etmek bilen meşgullanýan düzümlerini şol ýurtlara geçirip ugradylar.

Şeýle hem ösüp gelýän ýurtlar işewürlik we maliýe ulgamy bilen bagly hyzmatlary pes derejede ösen ýurtlara eksport etmek arkaly, özleriniň bäsleşik babatdaky artykmaçlyklaryndan peýdalanýarlar.

Satuwdan öňki we soňky hyzmatlar harytlary öndürmekde we satmakda giňden ulanylýar we adatça harydyň nyrhynyň 10–20%-ne barabar bolýar. Degişlilikde, hyzmatlaryň nyrhy we hili harytlaryň nyrhyna we hiline öz täsirini ýetirýär. Harytlaryň tarifleriniň arzanlamagy we global önümçiligiň döredilmegi haryt öndürijileriň bäsdeşlige ukyplylygyny kesgitlemekde hyzmatlaryň ähmiýetini has-da artdyrdy. Harytlaryň hiliniň pesligi we ýetirmek üçin sarp edilýän wagtyň uzaga çekmegi global önümçiligiň barşynda haryt öndürijiniň hemişelik önümçilikden galmagyna getirip biler. Pes hilli we gymmat düşýän hyzmatlar diňe bir önüm öndürijiniň operasion işine däl-de, telekeçilige geljekde maýa goýumlarynyň gönükdirilişine-de öz täsirini ýetirjekdigine söz ýok. Bu ýagdaý pes derejede ösen ýurtlarda işçi güýjüniň arzan düşýändigine garamazdan, göni maýa goýumlarynyň akymynyň gönükdirilmezliginiň sebäbini düşündirýär.

# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ ÖSÜŞINDE HYZMATLARYŇ ORNY WE ÄHMIÝETI

# III bölüm

## 3.1. Halkara hyzmatlaryň dünýä ykdysadyýetinde tutýan orny

Ylmy-tehniki rewolýusiýada we önümçilikde bolup geçen çuň üýtgeşmeler XX asyryň ikinji ýarymynda maddy däl önümçilik ýaýrawynyň ösüş depginlerini ýokarlandyrdy. Işiň maddy däl görnüşleriniň ösmegi ýurtlaryň köpüsiniň we tutuş dünýä hojalygynyň ykdysady düzümini güýçli özgertdi.

Hyzmatlar ulgamy dünýä hojalygynyň maddy däl önümçiliginiň iň esasy we iň wajyp pudaklarynyň biri hasaplanýar.

Hyzmatlaryň iki görnüşi tapawutlandyrylýar:

1. Önümçilik ýaýrawy bilen bagly bolan hyzmatlar. Bu hyzmatlar maddy häsiýete eýe bolanlygy üçin bu bölüme seredilmez.

2. Bu topardaky hyzmatlar gönüden-göni adama ýa-da ony gurşap alýan şertlere gönükdirilendir. Hyzmatlaryň bu görnüşi maddy önümçilik bilen bagly däl. Olaryň öndürilişi sarp edilişi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu hyzmatlaryň döredilişi sarp edilişi bilen gabat gelýär. Hyzmatlaryň bu görnüşi maddy däl häsiýete eýe.

Soňky wagtlarda hyzmatlar ulgamy öz ösüşini ýokary tizlik bilen alyp barýar. Özem hyzmatlar diňe bir maddy däl önümçilikde däl-de, eýsem dünýäniň häzirki zaman ykdysadyýetinde hem tiz ösýän ulgamdyr. Hyzmatlar ulgamy ilatyň ýaşaýyş-durmuş, hojalyk işlerini amala aşyrmak üçin döredilýän şertlerdir.

Häzirki wagt dünýäde hyzmatlaryň (Bütindünýä söwda guramasynyň klassifikasiýasyna laýyklykda) 160 sanysy tapawutlandyrylýar.

Hyzmatlar ulgamynyň ösüş depginini ykdysady häsiýetli birnäçe uzakmöhletleýin faktorlar kesgitleýär. XX asyryň 70-nji ýyllarynda ösen döwletlerde ilatyň durmuş üpjünçilikden dynç alyş

isleglerini kanagatlandyrmaga geçmegi bu faktorlaryň içinde esasy rol oýnaýandyr. Ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagynyň netijesinde sarp ediş harajatlarynyň düzüminde hyzmatlara siňdirilýän harajatlaryň paýy ýokarlanýar. Hususan-da, ýokary derejeli hyzmatlara(saglygy saklaýyş, bilim, syýahatçylyk we beýleki rekreasion hyzmatlar, maliýe hyzmatlary we amallary)bolan isleg has ýokary depginler bilen ösýär. Ýaşaýyş-durmuş hyzmatlaryna bolan goşmaça isleg XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäniň köp döwletlerinde bolup geçen urbanizasiýa ýagdaýy bilen düşündirilýär. Ösen döwletlerde, täze industrial ýurtlarda we geçiş häsiýetli döwletlerde zenanlaryň jemgyýetçilik önümçiligine köpçülikleýin çekilmegi hyzmatlaryň ösüş depginini has-da ösdürdi.

Önümçiligi üpjün edýän hyzmatlara bolan islegiň ösüş depgini hem ýokarlandy. Önümçilikde däp bolan ulag we aragatnaşyk hyzmatlaryna edilýän harajatlaryň üsti marketing, reklama, informasion we kompýuter, ätiýaçlandyryş we ş.m. hyzmatlara siňdirilen harajatlar bilen ýetirildi. XX asyryň soňky çärýeginde ösen döwletlerde hyzmatlaryň ösüşi önümçilik isleglериniň ýokarlanmagy bilen bagly bolup, bu ýagdaý öz gezeginde hyzmatlaryň düzüminde önümçilik we paýlaýyş hyzmatlarynyň paýynyň ýokary bolmagyna getirdi. XX asyryň 60–80-nji ýyllarynda ýaşaýyş-durmuş hyzmatlarynyň ösüş depginleri beýleki hyzmatlar bilen deňeşdirilende ýokary boldy. Emma soňky 20 ýylda döwletiň düzgünleşdiriş rolunyň peselmegi we döwlet býujetiniň durmuş harajatlaryna edýän çykdajylarynyň azalmagy bilen bu hyzmatlaryň ösüş depginleri peseldi.

Hyzmatlaryň beýleki görnüşleriniň ösüş depginleri orta derejede bolmagynda galýar. Eger-de dünýäniň käbir ýurtlarynyň umumy hojalyk işlerinde ulagyň we söwdanyň hereketi güýçlenýän bolsa, beýleki ýurtlarda olaryň hereketi durnukly bolmagynda galýar ýa-da peselýär.

Hojalykda ulanylýan tehnikanyň, tiz taýýarlanýan azyk önümleriniň, hojalyk himiýasynyň we ş.m. giňden ýaýramagy we üznüksiz täzelenmegi hyzmatlaryň hojalyk mümkinçiliklerini görnetin çäklendirýär.

XX asyryň soňky çärýeginde we XXI asyryň başlarynda hyzmatlaryň ylymsiňňitli pudaklarynyň, ýagny maglumat, kompýuter we beýleki işewür we hünärmen hyzmatlarynyň roly ýokarlanýar. Innowasion senagat pudaklary bilen birlikde bu hyzmatlar ösen döwletleriň ykdysadyýetinde ýokary depginlere eýe bolup durýar.

Hyzmatlaryň ösüş depgininiň ýokarlanmagy dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýetindäki käbir meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär. Birinjiden, üçünji toparyň pudaklarynyň çig maly, energiýany peýdalanyşynyň udel agramynda peselme bolup geçdi. Bu görkeziji boýunça üçünji topar maddy önümçilikden 4 esse yzda barýar. Ikinjiden, hyzmatlar ulgamy ýokary zähmet siňňitliligi bilen tapawutlanýar we ykdysadyýetde iş bilen meşgullylygyň ýokary derejesini saklamaga ýardam berýär. Şeýle-de bu ulgam maddy önümçiligiň pudaklarynda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň netijesinde boşap galýan artykmaç işçi güýjüni iş bilen üpjün etmäge mümkinçilik döredýär. Üçünjiden, hyzmatlar ulgamynyň ösüşiniň ýokarlanmagy daşky gurşawyň hapalanyşynyň peselmegine getirýär. Dördünjiden, üçünji sektoryň ösüşi düzümleýin çökgünlige düşen senagat zolaklaryny bu ýagdaýdan çykarmaga ýardam berýär.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda dünýäniň köp ýurtlarynda daşary ykdysady aragatnaşyklaryň erkinleşdirilmegi hyzmat ulgamy üçin örän wajyp boldy. Dünýäde hyzmatlaryň eksporty ýyl-ýyldan ýokarlanýar, onda düzüm üýtgeşmeleri hem bolup geçýär. Ulag hyzmatlarynyň paýy ýuwaş-ýuwaşdan pese gaçýar. Halkara syýahatçylyk hyzmatlarynyň udel agramy ösmegini dowam etdirýär. Ýöne häzirki wagtda esasy orun maglumat, hususy we döwlet hünärmen hyzmatlaryna(ätiýaçlandyryş, reklama, buhgalter we audit işi, menejment we s.m.) degişlidir.

Hyzmatlaryň halkara söwdasyny harytlaryň halkara söwdasy bilen deňeşdireniňde, birnäçe häsiýetli aýratynlyklar ýüze çykýar:

-hyzmatlar içerki kanunçykaryjylyk namalara lalaýyklykda, degişlilikde döwlet serhedinde däl-de, içinde düzgünleşdirilýär;

-hyzmatlar saklamaga degişli däl. Olar bir wagtda hem öndürilýär, hem sarp edilýär. Şonuň üçin hyzmatlaryň köp görnüşleri öndürijileriň we sarp edijileriň arasyndaky göni şertnamalara esaslanýar;

-hyzmatlaryň önümçiligi we ýerlenişi maddy önümçilik we söwda ýaýrawlaryndan tapawutlylykda, döwlet tarapyndan güýçli goragdan peýdalanýar. Ulag, aragatnaşyk, maliýe we ätiýaçlandyryş hyzmatlary, ylym, bilim, saglygy saklaýyş köp ýurtlarda doly ýa-da bölekleýin döwlet eýeçiliginde ýa-da onuň berk gözegçiliginde saklanýar;

-hyzmatlaryň halkara söwdasy harytlaryň söwdasy bilen ysnyşykly baglanyşykda bolup, oňa güýçli täsir edýär. Mysal üçin, hyzmatlar tehniki, maglumat we dürli maslahat beriş hyzmatlarynyň uly göwrümini talap edýän ylymsiňňitli harytlaryň söwdasyna uly täsir edýär;

-harytlardan tapawutlylykda, hyzmatlaryň hemme görnüşleri söwda predmeti bolup bilmeýär. Hususy sarp edilişe degişli hyzmatlar halkara hojalyk aýlanyşygyna çekilip bilinmeýär. Hyzmatlaryň halkara söwdasynda syýahatçylygyň, saglygy saklaýşyň, bilimiň, sungatyň we medeniýetiň uly geljegi bar.

Halkara bazarlarynda haryt bolçulygynyň döredilýän, bäsleşigiň güýçlenýän şertlerinde işewürlikde gerek bolan hyzmatlar, hususan-da menejment, audit, inžiniring, lizing, françaýzing we ş.m. wajyp ähmiýete eýe boldular.

Hyzmatlaryň häzirkizaman halkara bazary dolandyryş işine ýardam bermekde hyzmatlaryň giň göwrümini hödürleýär. Hyzmatlaryň eksport-import amallarynyň predmeti bolup, şeýle-de aň-bilim işiniň netijeleriniň, ýagny lisenziýalaryň, nou-haularyň, patentleriň, kompýuter maksatnamalarynyň we ş.m. söwdasy hem çykyş edýär. Özem bu ýagdaýda oýlap tapyşlary ulanmak, şeýle-de olaryň geljekde öndüriljek önümiň özara bähbitli ýerlenişi bilen bagly bolan önümçiligi bilelikde ornaşdyrmak boýunça satyn alyja hukuk bermek geleşiklerini baglaşmak göz öňünde tutulýar.

## 3.2. Halkara hyzmatlaryň söwdasynyň ösüş depginleri. Hyzmatlaryň söwdasynyň haryt we geografiki düzümi

Hyzmat sferasynyň halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň çekilmegi bu ulgamyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri bolup durýar. Hyzmatlaryň halkara söwdasy öz düzümi boýunça dürli-dürlüligi bilen tapawutlanýar. Eksport amallarynyň paýynyň ep-esli bölegi syýahatçylyk–26,3% we ulag–21,1% hyzmatlaryna degişlidir. Hyzmatlar toparynyň düzümi köpdürlüligi bilen tapawutlanýan hem bolsa, onuň dürli pudaklarynyň ösüşine birnäçe umumy kanunalaýyklyklar täsir edýär.

Birinjiden, harytlardan tapawulylykda, hyzmatlary alyş-çalyş edýän sferada döwletiň orny has ýokarydyr. Milli bazary daşary ýurt bäsleşiginden goramak maksady bilen, döwlet birnäçe söwda päsgelçiliklerini belleýär, şeýle-de köplenç hyzmatlary öndüriji ýa-da sarp ediji hökmünde çykyş edýär. Däp boýunça, dünýäniň köp ýurtlarynda telearagatnaşyk, ulag, maliýe we ätiýaçlandyryş işi, ylym we bilim, medisina hyzmatlary döwlet gözegçiliginde bolýar, hyzmatlaryň bu pudaklaryndaky edaralaryň köpüsi bolsa döwlet eýeçiligindedir.

Ikinjiden, harytlar bilen baglanyşykly eksport-import amallaryndan tapawutlylykda hyzmatlary halkara bazara ýetirmek göni maýa goýumlaryň hereketi bilen, ýagny daşary ýurduň çäginde hyzmatlary ýerine ýetirýän we daşary ýurt maýa goýumlarynyň esasynda gözegçilik edilýän kärhanalary döretmek bilen has ysnyşyklydyr. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, daşary ýurt sarp edijilerine hyzmatlary hödürlemegiň esasy usuly bolup täjirçilik gatnaşygy çykyş edýär. Harytlar sferasy bilen deňeşdireniňde, hyzmatlar sferasyna daşary ýurt maýa goýumlarynyň göwrüminiň ösüşiniň öňe gitmesi hyzmatlaryň dürli ugurlarynda kanunçylygyň erkinleşmegi bilen şertlenendir.

Galyberse-de, hyzmatlaryň halkara alyş-çalşy köplenç ýagdaýda ýurtlaryň arasynda fiziki şahslaryň, ýagny hyzmatlary öndüriji ýa-da sarp edijileriň erkin ýerlerini üýtgetmeklerini talap edýär. Şo-

nuň üçin, onuň ösüşine wiza düzgünleriniň normalary, kwalifikasion talaplar we ş.m. düýpli täsir edýär.

Hyzmatlaryň eksportyndan gelýän gowuşmalaryň we olaryň importyna çykýan çykdajylaryň geografiki paýlanyşy öz gyradeňsizligi bilen tapawutlanýar. Hyzmatlary eksport we import etmekde Ýewropa Bileleşigi birinji orunda barýar. Ikinji orunda ABŞ, üçünji orunda soňky birnäçe ýyl Ýaponiýa bolan hem bolsa soňky ýyllaryň görkezijilerine görä, Hytaý onuň ornuna geçmegi başardy. Alty sany öňdebaryjy döwletlere–ABŞ, Beýikbritaniýa, Germaniýa, Fransiýa, Hytaýa we Ýaponiýa halkara bazarda satylýan hyzmatlaryň ähli görnüşleriniň eksportynyň 39,8%-i, importynyň bolsa 37,7%-i degişlidir. Bu ýerde biz deňeşdirmek üçin mysal getireliň: Merkezi, Günorta Amerikanyň, Afrikanyň, Ýakyn Gündogaryň we GDA-nyň hemmesiniň halkara hyzmatlarynyň eksportyndaky we importyndaky paýy bary-ýogy degişlilikde 10,4%-e we 15,5%-e deň.

Hyzmatlaryň dünýä eksportynda ösüp gelýän döwletleriň orny harytlaryň eksportyndaky ýaly, olaryň ykdysady ösüşiniň we daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymynyň ýagdaýyna görä pugtalanýar. Hytaýdan daşary bu ýagdaý, esasan häzirki wagtda öňdebaryjy ykdysadyýetli döwletlere degişli edilýän Singapur, Koreýa Respublikasy, Taýwan döwletlerine häsiýetlidir. Emma şonda-da ösüp gelýän ýurtlaryň umumy gazanan görkezijileriniň jemini jemläp alanyňda ösen ýurtlaryň hyzmatlarynyň eksportynyň göwrüminden kän yzda barýar.

Hytaý bilen bilelikde ösüp gelýän döwletleriň köpüsine hyzmatlaryň halkara söwdasynda otrisatel saldo häsiýetlidir. Elbetde, bu ýagdaý olaryň käbiriniň hyzmatlar boýunça iri eksportýor döwletdigi baradaky hakykaty aradan aýyrmaýar. Mysal üçin, Hindistanyň maglumat-aragatnaşyk, kompýuter we beýleki işewür hyzmatlary ýerine ýetirmekde ýöriteleşýändigi, Şanhaý we Hytaýyň birnäçe beýleki şäherleriniň iri maliýe merkezlerdigi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Ownuk ada döwletleriň köpüsine eksport girdejileriniň esasy bölegi syýahatçylygyň hasabyna gowuşýar.

Geçiş ykdysadyýetli birnäçe döwletler hyzmatlaryň käbir görnüşlerini eksport etmekde üstünlik gazandylar. Emma, umuman alanyňda, bu topara degişli döwletleriň dünýä ykdysadyýetine gatnaşygynyň udel agramynyň we olaryň hyzmatlaryň dünýä eksportyna gowşak gatnaşygynyň arasyndaky deňölçegsizlik harytlaryň eksportyna garanyňda has ýokarydyr. Hyzmatlaryň eksportynyň ösüş depginleriniň dünýäde iň ýokarydygyna (ýylda 13%) garamazdan, häzirki wagt GDA döwletleriniň bu görkezijisi bary-ýogy 2%-e deň. Hususan-da, bu ýurtlaryň daşary ýurtlaryň hyzmatlar ulgamyna goýýan maýa goýumlary ujypsyzdyr. Türkmenistanyň we GDA ýurtlarynyň syýahatçylyk, ulag we ylymsiňňitli hyzmatlarynyň birnäçe görnüşleriniň eksportyny ösdürmek üçin kuwwatly çeşmeleriniň barlygyna garamazdan, söwdanyň ilerläp gitmegine maddy-tehniki binýadyň gowşaklygy we düzgünleşdiriji binýadyň ýetmezçilikleri päsgel berýär. Bu ýerde, şeýle-de geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň hyzmatlar ulgamynyň ýokary derejede ösýändigini we ösüp gelýän ýurtlardaky düýpli söwda çäklendirmeleriň geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň hyzmatlarynyň eksportynyň giňelmegine päsgel berýändigini bellemek gerek. Bu meseläni çözmekde mümkin bolan ýollaryň biri daşary ýurtlarda özara kärhanalar ulgamyny döretmek bolup biler.

Hyzmatlar ulgamynyň pudaklarynyň kysymdaş bolmanlygy sebäpli, olar üçin bazar jemlenmesiniň dürli derejeleri häsiýetlidir. Syýahatçylyk işewürliginde, işewür, bilim, medisina, rekreasion we beýleki hyzmatlaryň birnäçe pudaklarynda kiçi we orta telekeçilik kärhanalary üstünlikli hereket edýärler. Şol bir wagtda hyzmatlaryň maýa siňňitli görnüşlerini(telearagatnaşyk, energetika, maliýe, gurluşyk, ulag) öndürmek iri maýa goýumlaryň goýulmagyny talap edýär.

IV
bölüm

# HALKARA SYÝAHATÇYLYK

## 4.1. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň ykdysady esasy we klassifikasiýasy

Syýahatçylyk pudagy dünýä ykdysadyýetinde uly orny eýeleýär. Köplenç halatlarda syýahatçylygyň ýurduň ykdysadyýetini tutuşlygyna sagdynlaşdyrmaga güýçli täsirini ýetirýändigi bellidir. Köp ýurtlarda syýahatçylyk jemi içerki önümi emele getirmekde, goşmaça iş orunlaryny döretmekde we ilaty iş bilen üpjün etmekde, daşary söwda balansynyň işjeňleşmeginde uly orny eýeleýär.

Syýahatçylyk(fransuzça – tourisme: tour–gezelenç, ýola düşmek) jemgyýetiň ösüşiniň önümi hökmünde ýüze çykdy.

Syýahatçylygyň takyk kesgitlemesi aşakdaky ykdysady hasaplamalara esaslanmalydyr:

- syýahatçylyk adamyň dürli syýahatçylyk nokatlaryna süýşmeginiň netijesidir;
- syýahatçylyk mydama iki sany elementi öz içine alýar: kesgitlenen nokada syýahat etmek we şol ýerde saklanmak;
- syýahat etmek syýahatçylaryň hemişelik ýaşaýan ýurdundan (sebitinden) gitmekligi aňladýar;
- syýahatçylyk – syýahatçynyň wagtlaýyn syýahatçylyk ugry boýunça hereket etmegini, şeýle-de syýahatçynyň belli bir wagtdan soň öz hemişelik ýasaýan ýerine gaýdyp gelmegini aňladýar;
- syýahatçylyk, bu peýda almak bilen bagly bolan işi özünde jemlemeýän syýahatdyr.

Syýahatçylygyň BMG tarapyndan kabul edilen kesgitlemesine laýyklykda, **syýahatçylyk** – bu adamyň hemişelik ýaşaýan ýerinden başga bir ýere gidip, saglygyny we beden taýdan ösüşini berkitmegine täsir edýän işjeň dynç alyş.

Syýahatçylyk – bu dynç alyş, bejeriş, medeni, ylmy we işewür duşuşyklara gatnaşmak syýahaty bilen bagly bolan lezzetdir.

Syýahatçylyga bolan islegi ýüze çykarýan faktorlary üç sany esasy topara bölmek bolýar: **aň-bilim, sebitleýin, ykdysady.**

**Aň-bilim faktorlary** toparyna taryhy, medeni, hojalyk we tebigy-klimat gymmatlyklara bolan gyzyklanma degişlidir.

Taryhy-medeni gymmatlyklara taryhy we arheologik ýadygärlikleri, muzeýleri, çeperçilik galereýalaryny, teatrlary we beýleki obýektleri degişli etmek bolar.

Tebigy-klimat gymmatlyklaryna ýaramly klimat şertlerini degişli etmek bolar. Bejeriş we sagaldyş sanatoriýalary syýahatçylary özüne çekýän esasy sebäpleriň biri bolup durýar.

Hojalyk gymmatlyklaryna hojalygy ýöretmegiň özboluşly aýratynlyklaryna eýe bolan görnüşleri degişli etmek bolar.

**Sebitleýin faktorlar** toparyna syýahatçylary sebite çekmäge sebäp boljak berlen sebitdäki wakalary degişli etmek bolar. Muňa şüweleňler, sergiler, kinofestiwallar we ş.m. mysal bolup biler.

**Ykdysady faktorlar** toparyna syýahatçylygyň ýaşaýyş-durmuş şertleri degişli edilýär. Muňa hyzmatlar sferasyny, ulag ulgamyny, bölek satuw we iýmit kärhanalar sferasyny, şol sanda daşary ýurt syýahatçylary üçin(harytlary pes bahadan satýan) dükanlary degişli etmek bolar.

Syýahat etmegiň maksadyna laýyklykda syýahatçylygyň: rekreasion, bejeriş, öwreniş, işewür, dini, etniki, tranzit görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Syýahatçylygyň görnüşleri syýahatçylar üçin syýahaty gurnamak we olara hyzmat etmek esasynda tapawutlandyrylýar. Häzirki wagt syýahatçylygyň şahsy we toparlaýyn görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**Şahsy syýahatçylyk** – bu bir adamdan bäş adam aralykdaky şahslaryň syýahaty bolup, olara personal häsiýete eýe bolan hyzmat hödürlenilýär.

**Toparlaýyn syýahatçylyk** – bu alty we ondan köp adamlaryň bir ugur we hemmeler üçin deň şertlerde syýahat etmegidir.

**Syýahatçylyk resurslary** syýahatçylaryň rekreasion, medeni, dini öwreniş we beýleki isleglerini kanagatlandyryp biljek tebigy-klimatiki, taryhy, durmuş-medeni, ylmy, senagat we beýleki obýektleriň jemidir.

**Syýahatçylyk industriýasy** syýahatçylyk hyzmatlaryny öndürmäge, paýlamaga, alyş-çalyş we sarp etmäge, syýahatçylyk resurslaryny özleşdirmäge we peýdalanmaga, şeýle-de syýahatçylygyň maddy-tehniki binýadyny emele getirmäge ýardam berýän maddy we maddy däl önümçilik birlikleriniň jemidir.

Syýahatçylyk industriýasy syýahatçylyk işlerini amala aşyrýan myhmanhanalary, ulag serişdelerini, jemgyýetçilik-iýmit, dynç alyş obýektlerini we serişdelerini, aň-bilim, işewür, sagaldyş, sport we beýleki maksatly obýektleri, şeýle-de gezelenç we gid-terjimeçileriň hyzmatlaryny hödürleýän guramalaryň jemini özünde jemleýär.

**Syýahatçylyk sebiti** syýahatçylary kabul etmek üçin syýahatçylyk resurslary we şertleri bar bolan, şeýle-de syýahatçylaryň dürli isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan hyzmatlaryň kesgitli toplumyny hödürleýän geografik çäkdir.

Syýahatçylyk sebitine ýeke bir şäherden başlap birnäçe ýurtlaryň bütewi toplumy hem degişli edilýär. Ähli zat syýahatçylygyň şahsy isleglerine we syýahatçylygyň maksadyna baglydyr. Şonuň üçin “syýahatçylyk sebiti” düşünjesiniň düýp esasyny has giňişleýin açmak maksady bilen onuň düzümi: mega-(dünýä ykdysadyýeti), makro-(ýurt), mezo-(milli syýahatçylyk-rekreasion zolaklar), mikro-(ülke, welaýat, şäher) derejelerine bölündi.

Bütindünýä söwda guramasy dünýäni alty sany syýahatçylyk (makroderejede) sebitine bölýär. Olar:

- Ýewropa– bu sebite ähli Ýewropa ýurtlary, şol sanda ähli öňki SSSR we Ortaýer deňziniň gündogar ýurtlary;
- Amerika– bu sebite Demirgazyk, Günorta, Merkezi Amerika ýurtlary, ada ýurtlar we Karib basseýniniň çäkleri;
- Aziýa-Ýuwaş umman– bu sebite Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa, Awstraliýa we Okeaniýa ýurtlary;
- Afrika– Müsür we Liwiýadan başga ähli Afrika ýurtlary;

*2-nji tablisa*

## Syýahatçylygyň klassifikasiýasy

| SYÝAHATÇYLYK | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Syýa-hatyň maksady boýunça | Maliýeleş-dirmegiň çeşmeleri boýunça | Syýahat-çylaryň sany boýunça | Syýa-hatçylaryň ýaş derejele-rine göra | Syýa-hatçylyk akymla-rynyň intensiw-ligi boýunça | Syýa-hatyň dowam ediş wagty boýunça | Ulanylýan ulag Serişdeleri boýunça | Gurna-magyň usuly boýunça | Syýa-hatyň uzaklygy boýunça |
| şypahana | täjirçilik | şahsy | çagalar | Möwsüm-leýin | gysga möhletli | demir ýollary | gurnalan | ýakyn |
| işewür | durmuş | toparla-ýyn | ýaşlar | Bütin ýyl dowam edýän | uzak möhletli | howa ýollary | gurnal-madyk | uzak |
| gezelenç | | | orta ýaşly şahslar | | | awtomobil ýollary | | |
| dini | | | orta ýaşdan uly şahslar | | | awtobus | | |
| etniki | | | garyşyk | | | teplohod | | |
| Beýleki | | | | | | welosiped | | |
| | | | | | | ulagyň beýleki görnüşleri | | |

- Merkezi Aziýa– ähli Merkezi Aziýa ýurtlary;
- Ýakyn Gündogar– bu sebite Günbatar we Günorta-Günbatar Aziýa ýurtlary, Müsür we Liwiýa girýär.

**Syýahatçylyk bazary** – bu syýahatçylyk-gezelenç hyzmatlarynyň pula we yzyna, puluň syýahatçylyk-gezelenç hyzmatlaryna öwrülmek prosesini özünde jemleýän bütindünýä hojalyk aragatnaşyklar ulgamydyr.

Syýahatçylyk bazary – bu syýahatçylyk hyzmatlarynyň satylyşy-satyn alnyşy bilen baglanyşykly şertnamalaryň baglaşylýan ýeridir, syýahatçylyk hyzmatlaryny ýerlemek üçin gerek bolan durmuş-ýaşaýyş-ykdysady şertlerdir.

**Syýahatçylyk önümi** – syýahatçylyk hyzmatlaryny we harytlaryny sarp etmeklige ýardam berýän syýahatçylyk hyzmatlarynyň, işleriniň tertipleşdirilen jemidir.

Syýahatçylyk hyzmatlaryny öndürijiler bolup syýahatçylyk isleglerini kanagatlandyrmak we peýda almak maksady bilen işleýän syýahatçylyk firmalary çykyş edýär.

**Syýahatçy** – syýahatçylyk hyzmatlaryny satyn alyjydyr.

**Syýahatçylyk infrastrukturasy** – bu syýahatçynyň dynç alşyny doly derejede üpjün edýän suw, lagym, gaz geçirijiler, awtoýollar, awtoduralgalar, demir ýollar, wokzallar, aeroportlar, bejeriş-şypa beriji merkezler, medeni-dynç alyş toplumlary ýaly ýerüsti we ýerasty desgalaryň jemidir.

**Syýahatçylyk hyzmaty** – bu syýahatçylyk hyzmatlaryny ýerine ýetirýän sferada syýahatçynyň syýahatçylyk isleginiň üpjün edilmegine we kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen hereketleriň jemidir.

**Syýahatçylyk formallygy** – bu syýahatçylyk gezelençlerini gurnamakda, resmileşdirmekde we ýerine ýetirmekde hökman berjaý edilýän, kanuny taýdan we bellenilen tertip boýunça zerur bolan düzgünler, şertler we hereketlerdir.

**Halkara syýahatçylyk** – bu syýahatçylyk maksatlary bilen bir ýurduň ýaşaýjylarynyň beýleki ýurda syýahat etmegini we ol ýerde bolmagyny guramak bilen bagly bolan işiň görnüşidir. Döwlet çäk-

lerinden geçilende syýahatçylar tarapyndan pasport, wiza, walýuta, gümrük we sanitar-epidemiologiki formallyklaryň berjaý edilmegi halkara syýahatçylygy içerki syýahatçylykdan tapawutlandyrýar.

Syýahatçylygy haryt hökmünde eksportirläp we importirläp bolýar.

**Syýahatçylyk importy** – bu bir ýurda beýleki ýurtdan syýahatçylyk duýgulary bilen birlikde syýahatçynyň pul serişdelerini getirmegini aňladýar.

**Syýahatçylyk eksporty** – bu bir ýurtdan beýleki ýurda syýahatçylyk duýgulary bilen birlikde syýahatçynyň pul serişdelerini alyp gitmegini aňladýar.

Syýahatçylyk eksporty we importy syýahatçylyk bazarynda satylýar.

Syýahatçylygyň we syýahatçylyk bazarynyň ösmeginiň uly ykdysady manysy bar. Ol umumy ykdysady meseleleri çözmekde uly rol oýnaýar. Syýahatçylygyň ösmegi hojalygyň beýleki pudaklarynyň hem çalt depginde ösmegini talap edýär.

## 4.2. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazary

Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazarynyň düzümini şekil (*3-nji tablisa*) görnüşinde getireliň.

Tablisadan görnüşi ýaly, dünýäniň ähli ýurtlary hökmünde berlen syýahatçylyk hyzmatlarynyň bazary öz içinde:

- ýurtlaryň toparlary hökmünde berlen syýahatçylygyň sebitleýin bazarlaryny;
- aýratyn ýurtlaryň milli syýahatçylyk bazarlaryny;
- aýratyn ýurtlaryň syýahatçylyk-rekreasion zolaklarynyň çäklerindäki syýahatçylyk hyzmatlarynyň sebitleýin bazarlaryny öz içinde jemleýär.

Bular öz gezeginde her görnüşiň aşagynda esasylary görkezilen birtopar görkezijilerden ybarat. Bu görkezijileriň esasynda halkara syýahatçylygyndaky ösüş meýilleri ýüze çykarylýar we geljege çaklama berilýär.

*3-nji tablisa*

**Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazarynyň barlagynyň düzümi we ugry**

| **Dünýäniň syýahatçylyk bazary** |
|---|
| Fiziki we gymmat göwrümi; depgin; ösüşe täsir edýän faktorlar; halkara düzgünleşdirme we ş.m. |

↓

**Dünýä ykdysadyýetinde syýahatçylygyň sebitleýin bazarlary**

| Ýewropa | Amerika | Afrika | Günorta Aziýa | Ýakyn Gündogar | Günorta-Gündogar Aziýa we Ýuwaş umman |
|---|---|---|---|---|---|

Syýahatçylyk akymlaryny ýerleşdirme, olaryň ösüş depgini; meýilleri; sebitiçre we sebitara syýahatçylyk; özüne çekijiligiň faktorlary we ş.m.

↓

| **Syýahatçylygyň milli bazarlary** |
|---|
| Syýahatçylygyň gelme we gitme akymlarynyň gatnaşygy, milli kanunçylyk, syýahatçylyk baýlyklary, maddy-tehniki binýady, bahasy we ş.m. |

↓

| Fransiýa | ABŞ | **Türkmenistan** | Italiýa | Ispaniýa | Beýleki ýurtlar |
|---|---|---|---|---|---|

↓ (Türkmenistan)

| **Milli syýahatçylyk bazarynyň sebitleýin bölekleri** |
|---|
| Syýahatçylygyň gelme we gitme deňagramlylygy, depgini, syýahatçylyk baýlyklary, sebitleýin syýahatçylygyň milli kanunlary, maddy-tehniki binýady we ş.m. |

↓

| Aşgabat | Ahal | Balkan | Mary | Lebap | Daşoguz |
|---|---|---|---|---|---|

*3-nji tablisanyň dowamy*

| **Ýerli bazary** |
|---|
| Tebigy-geografiki ýagdaýynyň aýratynlyklary, gezelenç üçin ähmiýetliligi, halkara syýahatçylygy ösdürmegiň meýilleri, syýahatçylyk pudagyny ösdürmekligiň güýçli we gowşak, şeýle-de howply taraplarynyň, mümkinçilikleriniň anyklanylmagy, ýerli syýahatçylyk toplumyna degişli milli kanunlar we ş.m. |

↓

| **“Awaza” milli syýahatçylyk zolagy** |
|---|

Halkara syýahatçylygyň geografiýasyna dünýäniň ol ýa-da beýleki sebitleriniň syýahatçylar üçin özüne çekijilik faktorlary düýpli täsir edýär.

*4-nji tablisa*

| **Sebit we sebite degişli** | **Özüne çekijiligiň esasy faktorlary** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Ýewropa sebiti | - taryhy we medeni ýadygärlikleriň bolçulygy;<br>- dag lyža we ekologiki şypahanalaryň köplügi;<br>- hyzmat etmegiň ýokary derejesi;<br>- ýokary derejede ösen infrastrukturasy;<br>- syýahatçylyk formallyklarynyň ýeňilleşdirilmegi;<br>- birnäçe herdürli syýahatlaryň bolmagy, şol sanda bir döwletden artyk döwletlere gezelençler. Bu sebitde degişlilikde gymmat bolmadyk, bahasy 150 ýewro golaý syýahatlar hereket edýär. |

4. Sargyt № 2669

*4-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| Ortaýer deňzi sebitine degişli | - ýakymly klimat;<br>- ýyly suwly deňiz;<br>- subtropiki ösümlikler;<br>- deňziň ýakasyndaky dynç alşy öwreniş we/ýa-da bejeriş syýahaty bilen bilelikde alyp barmaga bolan mümkinçilik;<br>- ösen zyýarat syýahatçylygy;<br>- salgyt salnyş ulgamynyň amatlylygy;<br>- häzirkizaman bank ulgamy. |
| Gündogar-Aziýa sebitine degişli | - ýewropalylaryňkydan düýpli tapawutlanýan medeniýeti;<br>- baý taryhy;<br>- birnäçe klimatiki guşaklyklar;<br>- täsin haýwanat we ösümlik dünýäsi;<br>- üýtgeşik aşhana. |
| Günorta Aziýa sebiti | - dürli haýwanat we ösümlik dünýäsi;<br>- gyşda kenar dynç alşyna bolan mümkinçilik;<br>- dünýäde iň uly daglar– Gimalaý;<br>- elektronikanyň, durmuş tehnikasynyň, geýimleriň, iýmitiň we köp hyzmatlaryň bahasynyň pesligi. |

Islendik ýurduň syýahatçylyk hyzmatlary turoperatorlar, syýahatçylyk agentleri, myhmanhana hyzmatlarynyň ulgamlary, ulag şereketleri, şeýle hem daşary ýurt syýahatçylaryna hyzmat edýän ownuk we orta telekeçiler tarapyndan üpjün edilýär.

Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň berlenlerine görä, syýahatçylyk biznesinde zähmet çekýän bir adam ykdysadyýetiň beýleki (ulag, söwda we ş.m.) pudaklarynda 5 ýerden 9 ýere çenli

iş ýerini döredip bilýär, hususan-da hünäri orta we pes derejeli işgärleri iş bilen üpjün etmäge ýardam edýär. Şeýle-de syýahatçylyk ýurtlarynyň arasyndaky syýasat we medeni gatnaşyklara hem görnetin täsir edýär.

Halkara syýahatçylygy diýen düşünje islendik adamyň iki we ondan hem köp ýurtlara syýahat etmegini we şol adamyň (başga bir ýurda baranyň) dynç almak, telekeçilik ýa-da başga maksatlar üçin hemişe ýaşaýan ýeriniň çäginden daşarda azyndan 24 sagatlap (ýöne 1 ýyldan geçmeýän wagtlap) bolan halatlaryny aňladýar. Şonda daşary ýurtda bolmaklygyň esasy sebäbi barlan ýurtdaky çeşmeden tölenýän işiň amala aşyrylmagyndan ybarat bolmaly däldir. Galyberse-de, 1993-nji ýylda BMG-niň Statistiki topary we Bütindünýä syýahatçylyk guramasy tarapyndan bilelikde kabul edilen kesgitlemä laýyklykda, başga ýurtlardan gelýänler syýahatçylara we ekskursantlara (gezelenç edýänlere) bölünýär.[1] Başga ýurtdan gelen azyndan bir gije ýerli myhmanhanada ýa-da ýaşamak üçin niýetlenen başga ýerde bolanda, halkara syýahatçy bolup durýar, şeýle bolmadyk ýagdaýda ol halkara ekskursant hasaplanýar.

Statistika bilen bagly maksatlar üçin “Halkara syýahatçylygy” diýen madda daşary ýurda syýahatçylyk edýän adamlar tarapyndan alnan harytlaryň we olara edilen hyzmatlaryň ählisiniň bahasy, şol sanda ýaşaýyş, iýmitlenmek, sowgatlar, gezelençler, ýerli ulaglar we ş.m. üçin edilen harajatlar goşulýar. “Halkara syýahatçylygy“ diýen madda syýahatçylaryň halkara ulaglaryna münmek üçin çykaran harajatlary goşulmaýar.

Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň klassifikatory syýahatçylyk bilen baglanyşykly hyzmatlary 4 topara bölýär:

a) myhmanhana we restoran hyzmatlary;

b) syýahatçylyk agentlikleriniň we syýahatçylyk operatorlaryň hyzmatlary;

ç) ýolbelet hyzmatlary;

d) beýleki hyzmatlar.

---

[1] Statistical Abstract 2009. Tourism// Department of Census and Statistics.

Halkara syýahatçylygyň statistikasynyň çäginde 2 esasy görkeziji seljerilýär:

1) Syýahatçylaryň daşary ýurtlary görmäge baranlarynyň (ekskursant degişli däl) sany;

2) Syýahatçylyk hyzmatlarynyň söwdasynyň göwrümi.

BMG-niň ýanyndaky Bütindünýä Syýahatçylyk guramasynyň berlenlerine laýyklykda, 2012-nji ýylda dünýä boýunça syýahatçylaryň sany 1,035 milliard, 2013-nji ýylda 1,087 milliard adama ýetdi. Amerikanyň syýahatçylyk Assosiasiýasynda her 35 sany daşary ýurtly myhman ABŞ-da bir iş ýeriniň döredilmegini üpjün edýär. Syýahatçylyk gezelençleriniň sanynyň ösüşi hem örän ynandyryjylyklydyr, soňky 20 ýylyň dowamynda dünýäde daşary ýurtlara edilýän gezelençleriň sany iki esse ýokarlandy.

*5-nji tablisa*

**Halkara syýahatçylygynda syýahatçylaryň sany (million sany)[1]**

| Ýyllar | Syýahatçylaryň sany |
|---|---|
| 1 | 2 |
| 1995 | 529 |
| 1996 | 562 |
| 1997 | 588 |
| 1998 | 604 |
| 1999 | 626 |
| 2000 | 677 |
| 2001 | 676 |
| 2002 | 696 |
| 2003 | 690 |
| 2004 | 762 |
| 2005 | 807 |
| 2006 | 853 |
| 2007 | 908 |

[1] UNWTO-nyň çaklamalary
http://www.mkt.unwto.org/ru/barometr UNWTO World Tourism Barometr.

*5-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| 2008 | 927 |
| 2009 | 891 |
| 2010 | 949 |
| 2011 | 995 |
| 2012 | 1035 |
| 2013 | 1087 |
| 2014 | 1130* |

Syýahatçylyk we gezelenç boýunça Bütindünýä guramasynyň berlenlerine laýyklykda, 2012-nji ýylda dünýäniň syýahatçylyk pudagynda göni we gytaklaýyn iş bilen meşgullygy goşmak bilen, 69 million täze iş orunlary döredildi. Bu görkezijiniň 80%-i Aziýa, Latyn Amerikasyna, Afrika, we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň paýyna düşýär. Bu iş ýerleriniň ählisi hem döwletiň goldawynyň esasynda däl-de, telekeçilik başlangyçlarynyň netijesinde döredi. Ýokarda bellenilen guramanyň berlenlerine görä, syýahatçylaryň daşary ýurtlarda sarp eden pullarynyň ýyllyk artyşy 6,6%-e, dünýäniň JIÖ-ne syýahatçylygyň ýyllyk goşýan goşandy bolsa 4,2%-e deň. ABŞ-da 2021-nji ýylda syýahatçylykdan gelýän girdeji astronomiki derejelere ýeter, ýagny 1,789 milliard dollar bolar diýip çaklanylýar. Şeýlelikde, syýahatçylyk köppudakly toplum bolmak bilen, dünýä ykdysadyýetiniň çökgünlik ýagdaýyna garamazdan, durnukly ösüşe eýedir.

Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň(BSG) çaklamalaryna görä, syýahatçylyk industriýasynyň ösüşi XXI asyrda ýokary depginler bilen öser, 2020-nji ýylda halkara syýahatçylykda görmäge gelýänleriň sany 1,6 milliard adama ýeter.[1] Hojalygyň berlen pudagy dünýäniň köp ösen we ösüp gelýän ýurtlar üçin fundamental esas bolup çykyş edýär. BSG-niň berlenlerine laýyklykda, onuň dünýäniň JIÖ-ne goşýan goşandy 10,9% bolup, 3,5 trillion dollara deň

[1] hhtp//www.alltravel world.ru/travel-1230.html Особенности туристской услуги.

boldy.[1] Syýahatçylygyň ösüş depginleri, walýuta gowuşmalarynyň uly göwrümi ykdysadyýetiň dürli ýaýrawyna işjeň täsir edýär.

Syýahatçylyk pudagyna dünýäniň jemi içerki önüminiň 6%-i, maýalaryň 7%-i, sarp edijilik çykdajylarynyň 11%-i, her 16-njy iş ýeri düşýär. Syýahatçylyk we gezelenç industriýasy dünýäniň köp ýurtlarynda iş orunlarynyň ep-esli böleginiň bolmagyna getirýär we dünýä boýunça gönüden-göni 200 million adamyň iş bilen meşgul bolmagyny aňladýar. Syýahatçylyk we gezelenç halkara maýa goýumlarynyň 11%-ni üpjün edýär we döwlet gaznalaryna salgyt gowuşmalary hökmünde 302 milliard dollar girdeji getirýär.[2]

Syýahatçylygy ýokary derejede ösen ýurtlar bu pudagyň yzygiderli ösüşine gyzyklanma bildirýärler we milli syýahatçylyk önüminiň has-da ilerlemegine köp harajatlary sarp edýärler. Mysal üçin, Ysraýyl–200 million dollar, Ispaniýa–150 million dollara golaý, ABŞ we Hytaý–70 million dollar, Fransiýa–60 million dollar. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň harajatlarynyň esasy bölegi mahabat bilen baglanyşykly işlere sarp edilýär. Mysal üçin, Fransiýa–99%, Ispaniýa–50%. BSG-niň berýän maglumatlaryna laýyklykda, dünýä syýahatçylarynyň esasy bölegi Fransiýa tarap gönükýär. Bu ýurda gelýän 4 syýahatça ortaça syýahatçylyk maksat bilen ýurtdan çykýan 1 fransuz raýaty düşýär.[3]

Dynç alyş döwri syýahatçy tarapyndan sarp edilen ähli serişdeleriň 90%-niň dynç alyş ýerlerinde galýandygyny bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda syýahatçylygyň ösüşi täze iş orunlarynyň döredilmegini şertlendirýär. Syýahatçylyk industriýasyna hyzmatlaryň halkara söwdasynyň 35%-i düşýär.[4] Syýahatçylyk işi iň zähmet siňňitli işleriň biri hasaplanýar we ilatyň iş bilen üpjünçiligini

---

[1] http://www.tourlib.net/books_tourism/senin01.html Сенин И.С. Организация международного туризма.

[2] http://www.listoftours.ru/p=25 Тенденции развития мирового туризма. 11.03.2013.

[3] http://www.world-tourism.org(26.06.2011) World Tourism Organization.

[4] http://www.paradeofhotels.ru/studvesti/turizm/turism_174html Особенности делового туризма РФ.

sazlaýjy bolup çykyş edýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, dünýäde zähmet çekýän her 16-njy adam bu pudak bilen göni ýa-da gytaklaýyn arabaglanyşyklydyr.[5]

*6-njy tablisa*

**Multiplikatiw täsiri hasaba almak bilen, ýurduň jemi içerki önüminde syýahatçylykdan gelýän girdejileriň paýy, %-de**[6]

| Orny | Ýurt | Syýahatçylykdan gelýän girdejileriň paýy, %-de |
|---|---|---|
| 1 | Malta | 19,3 |
| 2 | Kipr | 16 |
| 3 | Gresiýa | 15,5 |
| 4 | Ispaniýa | 15,3 |
| 5 | Awstriýa | 12,5 |
| 6 | Beýik Britaniýa | 9,7 |
| 7 | Fransiýa | 9,7 |
| 8 | Italiýa | 9,3 |
| - | - | - |
| | Russiýa | 6,5 |
| - | - | - |
| | Gazagystan | 1,8 |

BSG-niň berlenlerine görä, 2010–2012-nji ýyllarda halkara syýahatçylykdan gelen girdejiler ABŞ-da 128,6 milliard dollara barabar bolup, ol bu görkeziji boýunça öňbaşçy boldy.

---

[5] http://www.world-tourism.org(26.06.2011) World Tourism Organization.

[6] http://www.altyn-orda.kz/news/kazaxstanskie-novosti/vse-flagi-v-gosti-k-nam-kazaxi-namereny-razvivat-turism.../

*7-nji tablisa*

**2010–2012-nji ýyllarda dünýä ýurtlaryna giriş syýahatçylygyndan gelen girdejiler[1]**

| Dünýädäki orny | Ýurtlar | Ýyllar boýunça girdejiler, mlrd doll. | | |
|---|---|---|---|---|
| | | 2010 | 2011 | 2012 |
| 1 | ABŞ | 103,5 | 116,1 | 128,6 |
| 2 | Ispaniýa | 52,5 | 59,9 | 55,9 |
| 3 | Fransiýa | 46,9 | 54,5 | 53,7 |
| 4 | Hytaý | 45,8 | 48,5 | 50,0 |
| - | - | - | - | - |
| 16 | Hindistan | 14,5 | 17,7 | 18,0 |
| - | - | - | - | - |
| 28 | Russiýa | 8,8 | 11,3 | 11,2 |
| - | - | - | - | - |
| 89 | Gazagystan | 1 | 1 | 1 |

Globallaşma halkara syýahatçylyk akymynyň ýokarlanmagynda möhüm orna eýedir. Harytlaryň halkara söwdasynyň we daşary ýurt maýa goýumlarynyň göwrüminiň ýokarlanmagy, ýurtlaryň özara ykdysady garaşlylygynyň güýçlenmegi, işewürlik saparlarynyň geriminiň giňemegine ýardam etdi, bu bolsa, öz nobatynda arassa rekreasion syýahatçylygyň ösmegine itergi berdi. Syýahatçylygyň bu görnüşiniň ösmegine sarp edijileriň girdejileriniň ýokarlanmagy, dünýädäki syýasy dartgynlygyň belli bir derejede peselmegi we beýleki ýagdaýlar uly täsirini ýetirdi. Ylaýta-da, ilatyň bilim derejesiniň ýokarlanmagy syýahatçylygyň täze görnüşleri bilen gyzyklanmaga höwes döretdi, bu bolsa öz gezeginde ösüp gelýän döwletleriň dünýä bazarynda öz ornuny eýelemäge mümkinçilik

[1]http://dtxtq4w60xqpw.cloudfront.net/sites/all/files/pdf/2_dohody_ot_mezhdunarodnogo_turisma_doll.ssha_mlrd.pdf

döretdi. Keniýanyň, Kosta-Rikanyň, Dominikan respublikasynyň, Indoneziýanyň we beýleki döwletleriň seýrek duş gelýän tebigy mümkinçilikleri bu döwletlere ekologik syýahatçylygy üstünlikli ösdürmäge mümkinçilik döretdi.

Emma dünýä syýahatçylyk bazarynda soňky onýyllykda köpsanly täze gatnaşyjy döwletler dörese-de, syýahatçylyk hyzmatlaryny eksport edijileriň hemmesi globallaşmagyň ösüşiniň artykmaçlyklaryndan deň derejede peýdalanyp bilmediler. Daşary ýurt syýahatçylary üçin ýurduň özüneçekijilik derejesi şu aşakdaky esasy ýagdaýlaryň birnäçesine baglydyr:

*1. Dünýä bahalaryna garanyňda içerki bahalaryň derejesi.* Ýurtda bahalaryň derejesi näçe pes bolsa (ilkinji nobatda, syýahatçylyk hyzmatlarynda), şonça-da beýleki deň şertlere garanyňda dünýä syýahatçylyk bazarynda bu ýurda bolan isleg (reýting) has ýokary bolýar. Ýokarlandyrylan alyş-çalyş hümmeti geliş syýahatçylyk akymyny saklaýar.

*2. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň hili we köpdürlüligi.* Syýahatçylyk hyzmatlarynyň toplumlaýyn bolýanlygy sebäpli, onuň her bir düzüm bölegi sarp edijini kanagatlandyrmak derejesine güýçli täsirini ýetirýär. Ilkinji nobatda, syýahatçylyk hyzmatynyň hili şol ýurduň infrastrukturasynyň ösüş derejesi bilen kesgitlenilýär. “Syýahatçylyk infrastrukturasy” diýen düşünje myhmanhana, telekommunikasiýa, ulag, habar beriş, şeýle hem dynç alyş industriýasyny (ýörite syýahatçylar üçin niýetlenen sport we beýleki işler bilen meşgullanmak üçin binalaryň we desgalaryň, enjamlaryň bar bolmagy) öz içine alýar. Syýahatçylara hyzmat edýän ýolbeletleriň, terjimeçileriň, sport türgenleriniň, myhmanhana işiniň hünärmenleriniň, hyzmat edýän işgärleriň taýýarlyk derejesi hem möhüm ähmiýete eýedir.

*3. Howa gatnawlaryny gurnamak.* Ýurduň dünýä syýahatçylyk bazaryndaky bäsleşige ukyplylygy howa gatnawlarynyň bahasyna, yzygiderliligine, howpsuzlygyna we howa ulagy arkaly edilýän beýleki hyzmatlara baglydyr. Ylalaýta-da, käbir ýurtlarda syýahatçylygyň ösüşinde ýüze çykýan meseleleriň biri hem olaryň

howa menzilleriniň sertifikasiýasynyň pes bolmagydyr. Şeýlelikde, döwletiň syýahatçylyk we ulag ulgamy boýunça ýöredilýän syýasaty utgaşdyrylan bolmalydyr.

*4. Wiza düzgünleri.* Giriş wizalarynyň berliş ýagdaýynyň çylşyrymlaşdyrylmagy syýahatçylyk hyzmatlarynyň ekportynyň ösmegine päsgel berýär, ýagny olaryň dünýä bazaryna çykarylmagy, esasan, daşary ýurtda sarp etmek arkaly amala aşyrylýar.

*5. Ýurduň abraýy.* Tebigy betbagtçylyk, antropogen hadysalar, jenaýatçylygyň, epidemiologiýanyň ýokary derejesi we beýlekiler ýurda gelýän syýahatçylaryň akymyna ýaramaz täsir edip bilýär, kähalatlarda bolsa bu akymyň doly kesilmegine hem getirip bilýär.

Ýokarda agzalyp geçilen ýagdaýlaryň seljerilmegi syýahatçylyk infrastrukturasynyň hili babatda, ökde hünärli işgärleri taýýarlamakda, şeýle hem syýahatçylaryň howa gatnaw hyzmatyny guramakda ösen ýurtlaryň artykmaçlygynyň bardygyny görkezýär. Olaryň dünýä syýahatçylyk bazaryndaky abraýy ösüp gelýän döwletlere we geçiş ykdysadyýetli ýurtlara garanyňda ýokarydyr. Ösüp gelýän ýurtlarda we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda syýahatçylyk infrastrukturasyna maýa goýumlaryny goýmak we işgärleri taýýarlamak üçin ýeterlik derejede maliýe serişdeleri ýok. Munuň özi daşary ýurtly syýahatçylar üçin bu ýurtlara bolan özüneçekijiligiň derejesini peseldýär. Şol bir wagtyň özünde ösüp gelýän ýurtlardaky syýahatçylyk hyzmatlarynyň bahasy arzan bolýar. Mundan başga-da, bu döwletlere giriş wizasynyň düzgünleşdirilmegi, adatça, kän bir berk bolmaýar (meselem, wiza talaby bütinleý ýok diýen ýaly ýa-da wiza serhet barlagyndan geçilýän pursadynda berilýär). Bu belli bir derejede syýahatçylygy has-da höweslendirýär.

Indi dünýä syýahatçylyk işewürligini hyzmat edijiler nukdaýnazaryndan seredip geçeliň. Bazaryň düzüminiň aýratyn segmentlerinde, ýagny syýahatçylyk operatorçylygynda we myhmanhana ulgamynda iri transmilli korporasiýalar agalyk edýärler. Beýleki bölekler üçin, tersine, bileleşmäniň pes derejesi häsiýetlidir. Restoranlar we syýahatçylyk agentlikleri köp halatda kiçi we orta işewürligiň wekillerine degişlidir.

Dünýä syýahatçylyk bazarynda esasy hereket edijiler syýahatçylyk operatorlarydyr. Olar paket görnüşinde biri-biri bilen özara baglanyşykly hyzmatlaryň tutuş bir ulgamyny öz içine alýan (myhmanhana ýerleşdirmek, ekskursiýa (gezelenç) maksatnamasy, ulag we iýmiti guramak we ş.m.) syýahatçylyk önümini döredýärler, syýahatyň bahasyny we ony durmuşa geçirmegiň şertlerini (şol sanda, bahasyny peseltmek syýasatyny) kesgitleýärler. Soňra şeýle paketler sarp edijilere gönüden-göni ýa-da syýahatçylyk operatorynyň dellalçylyk etmeginde satylýar. Lomaý satyjylar diýlip atlandyrylýan syýahatçylyk operatorlaryndan tapawutlylykda syýahatçylyk agentlikleri syýahatçylyk bazarynda bölek söwda görnüşini emele getirýärler. Adatça, olar tölenilýän komission pul hakyna syýahatçylyk operatorlary tarapyndan döredilen paketleri ýerlemek işleri bilen meşgullanýarlar. Mundan başga-da syýahatçylyk agentleri syýahatçylar üçin howa peteklerini satyn almak, olara zerur maglumatlary bermek we ş.m. bilen meşgullanýarlar.

Syýahatçylyk operatorlarynyň hyzmatlaryň bütindünýä bazarynda edýän hyzmatlaryna oligopoliýa alamatlary mahsus bolup, bu ulgamdaky iri üpjün edijiler ösen döwletlerde, ylalaýta-da Ýewropada ýerleşýärler. Käbir syýahatçylyk operatorlary (hususan-da, bütindünýä bazarynyň öňdebaryjylary –TUI Travel we Thomas Cook Group) dürli döwletlerde myhmanhanalaryň toplumyna eýeçilik edýärler, olaryň öz awiakompaniýalary we beýleki ulag kompaniýalary bar.

Köp halatlarda ösüp gelýän döwletlerdäki hyzmatlary üpjün edijiler (olaryň köpüsi kiçi we orta kärhanalar) öňdebaryjy ykdysadyýetli ýurtlaryň syýahatçylyk operatorlary bilen şertnama baglaşmak arkaly bütindünýä bazaryna girip bilýärler. Has uly gepleşikleri geçirmek güýjüne eýe bolan syýahatçylyk operatorlary şertnamalara: otaglary peseldilen bahada we girew tölegini bermezden ätiýaçda saklamak, şeýle hem syýahatçylyk paketleri ýerlenilmedik ýagdaýlary bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri kontragentleriň üstüne ýüklemek hakyndaky bentleri goşup bilýärler. Bu bolsa ösüp gelýän döwletlerde syýahatçylyk işiniň ösüşine ýaramaz täsir edýär.

Myhmanhana işewürlik ulgamynda iri myhmanhana toplumlary agdyklyk edýär. Olaryň aglabasy dolulygyna ýa-da bölekleýin Françaýzing şertnamasynyň esasynda düzülýär, galanlary holding gurluşyna girýär. Iri myhmanhana toplumlarynyň biri bolan Best Western International 80 sany döwletde 4000 myhmanhanany özünde jemleýär. Şeýle hem öňdebaryjylaryň hatarynda Inter Continental Hotels Group, Marriott International, Starwood Hotels & Resorts Worldwide we başgalar bar.

Maşgala görnüşindäki özbaşdak oteller we myhmanhanalar hem giňden ýaýran, ýöne olaryň ähmiýeti peselmegini dowam edýär. Dünýä boýunça myhmanhana ýerleriniň 45%-e golaýy Günbatar Ýewropa, ýene 35%-i Amerika we Karib basseýniniň döwletlerine degişlidir.

1995-nji ýylda 15 sany iri myhmanhana kompaniýalary Pegasus Systems (2000-nji ýyldan başlady) adyny alan ähli gatnaşyjylar üçin umumy bolan myhmanhanalarda ýerleri ätiýaçda saklamak ulgamyny döretdiler.[1] Myhmanhana ulgamynda möhüm maglumat ulgamy bolmak bilen, Pegasus Solutions şol bir wagtda howa petekleri ätiýaçda saklamak bilen meşgullanýan global kompýuter ulgamynyň düzümine hem girýär. Ätiýaçda saklamagyň kompýuter ulgamy iri awiaýükdaşaýjylar tarapyndan 1970-nji ýylda petekleri ätiýaçda saklamak prosesini awtomatlaşdyrmak maksady bilen döredilen ulgamdyr. Netijede, bu ulgamlar giňelipdir we howa ulaglary bilen baglanyşykly hyzmatlarynyň aglabasyny (maglumatlary gorap saklamak we täzeden işlemek, petekleri bermek, marketing we beýlekileri) öz içine alypdyr. Ätiýaçda saklamagyň häzirkizaman kompýuter ulgamy howa arkaly ýük daşamaklyga dahyly bolmadyk syýahatçylyk hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini hem hödürleýär: olaryň arasynda syýahatçylyk gezelençleriniň paketlerini döretmek, myhmanhanalarda ýerleri ätiýaçda saklamak, syýahatçylar tarapyndan awtomobilleri kärendä almak we ş.m. bar. Häzirki wagtda şeýle ulgamlar “Global paýlaýjy ulgamlar” (global distribution systems – GDSs) ady bilen meşhurdyr. Olaryň iň irileri şulardyr:

---

[1] Pegasus Solutions Overview// Pegasus Solutions.

1) Amadeus (esaslandyryjylar – Air France, Iberia, Lufthansa, SAS);

2) Sabre (American Airlines);

3) Galileo (United Airlines);

4) Worldspan (Delta, Northwest, Trans World Airlines).

Ýokarda agzalan ulgamlaryň awiakompaniýalar tarapyndan döredilendigini aýratyn bellemek gerek, häzirki wagtda bular syýahatçylyk işewürliginiň wekilleri, şol sanda on-laýn üsti bilen amallary amala aşyrýan Expedia, Travelocity we Orbitz agentlikler şeýle-de köpsanly myhmanhanalar tarapyndan ulanylýar. Şeýle ulgamlaryň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek üpjün edijiler üçin hyzmatlaryň käbir görnüşlerinde ol ýa-da başga bazarda täjirçilik gatnaşygyny etmezden, olaryň iş netijeliligini ýokarlandyrýar.

Paýlamagyň global ulgamynyň peýdalanylmagynyň getirýän girdejilerine garamazdan, ösüp gelýän döwletler olary syýahatçylyk bazaryna girmäge böwet diýip hasaplaýarlar. Günorta-Gündogar Aziýanyň depginli ösüp gelýän döwletlerinde Abacus, Günorta Amerikada bolsa KIU – özbaşdak global paýlaýjy ulgamy döredilen hem bolsa, beýleki döwletler şeýle ulgamlary döretmegiň hötdesinden gelip bilmediler. Munuň netijesinde, olar milli syýahatçylyk hyzmatlaryny üpjün etmek ýa-da däp bolan ýerli ätiýaçda saklamak ulgamyny ulanmaga ýa-da ýokarlandyrylan bahalar boýunça global paýlaýjy ulgamlarynyň haýsy hem bolsa birine girip, hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin töleg tölemäge mejbur bolýarlar. Şeýle-de bolsa Afrikanyň köp ýurtlary agzalan ulgamlaryň hyzmatlaryndan hakykatda monopoliýa şertlerine esaslanyp peýdalanyp bilýärler. Mundan başga-da köpsanly ösüp gelýän döwletler (hususan-da ösüş derejesi pes bolan ýurtlar) syýahatçylyk üçin özüneçekijiligi pes hasaplanylýandygy sebäpli global paýlaýjy ulgamlarda gowşak görkezilendir. Bu bolsa olaryň syýahatçylyk önüminiň elýeterlilik derejesini peseldýär we bütindünýä bazarynda olaryň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna päsgel berýär.

Şeýlelikde, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinde syýahatçylygyň ornuna we ähmiýetine seredilip, şu aşakdaky netijelere gelindi:

-syýahatçylyk pudagy hojalygyň dürli pudaklary tarapyndan hödürlenilýän hyzmatlary sarp etmek bilen multiplikatiw netijäni berýär.

- syýahatçylyk infrastrukturasynyň hili babatda, ökde hünärli işgärleri taýýarlamakda, şeýle hem syýahatçylaryň howa gatnaw hyzmatyny guramakda ösen ýurtlaryň artykmaçlygy bardyr.

- syýahatçylyk pudagy dünýä ykdysadyýetinde möhüm orny eýeläp, ýurtlaryň aglabasynyň jemi içerki önüminiň saldamly bölegini emele getirmekde, goşmaça iş orunlaryny döretmekde, ilaty iş ýerleri bilen üpjün etmekde, daşary söwda balansynyň işjeňleşmeginde onuň ähmiýeti uludyr.

## 4.3. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň halkara derejede düzgünleşdirilişi

Islendik ykdysady ulgam ýaly, syýahatçylyk hem toplumlaýyn düzgünleşdirilmegi talap edýär. Häzirki wagt bu wezipäni halkara we milli derejelerde hereket edýän köpsanly syýahatçylyk guramalar ýerine ýetirýär. Dürli görnüşli halkara syýahatçylyk guramalaryny döretmek işi XX asyryň 20-nji ýyllarynda başlandy. Bu ýagdaý halkara syýahatçylyk gatnaşyklarynyň intensiw ösüşi bilen şertlenendir. Olaryň (işiň göwrümi, sferasy we ugry boýunça) birnäçe görnüşleri tapawutlandyrylýar:

- dünýä derejesindäki umumy häsiýetli;
- dünýä derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli;
- sebit derejesindäki umumy we pudaklaýyn häsiýetli;
- ýöriteleşdirilen;
- üýtgeşik.

Dünýä derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalaryň esasy maksady we wezipeleri bütin dünýäde syýahatçylygyň ösüşiniň esasy ugurlaryny emele getirmekden, syýahatçylyk sferasynyň syýasatyny kesgitlemekden, bu guramalaryň agza ýurtlarynyň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy üpjün etmekden,

şeýle-de olara ýurduň syýahatçylyk industriýasynyň ösüşinde ýüze çykýan meseleleri çözmekde ýardam bermekden ybarat bolup durýar.

Dünýä derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň hataryna: Bütindünýä syýahatçylyk guramasy (BSG), Syýahatçylyk we gezelenç boýunça bütindünýä soweti, Dünýä syýahatçylygynyň halkara assosiasiýasy, Halkara syýahatçylyk soýuzy, Halkara syýahatçylyk alýansy we birnäçe beýleki guramalar degişlidir.

Häzirki wagt BSG syýahatçylyk we gezelenç sferasynda öňdebaryjy halkara guramadyr. Onuň hataryna 139 sany ýurtlar we çäkler, şeýle-de 350 sany goşulyşan agzalar bolan: ýerli hökümet organlary, syýahatçylyk assosiasiýalary we hususy kompaniýalar, şol sanda, awiakompaniýalar, myhmanhanalar toplumlary we syýahatçylyk operatorlary girýär. Bu guramanyň ştab-kwartirasy Madridde(Ispaniýa) ýerleşýär.

Dünýä derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň hataryna: Howa ulagynyň halkara assosiasiýasy, Deňizüsti ýolagçy gatnatmaklygyň halkara assosiasiýasy, Halkara myhmanhana assosiasiýasy, myhmanhanalaryň, restoranlaryň milli assosiasiýalarynyň halkara birleşmesi we başgalar degişlidir.

Bu guramalaryň esasy wezipeleri: öz pudagynda hyzmat etmekde ýeke-täk ýörelgeleriň, kadalaryň we hil standartlaryň işlenip düzülmeginden we ornaşdyrylmagyndan, hünärmenleri taýýarlamakdan, şeýle-de ösüşi bökdeýän aktual problemalary çözmekden, pudagyň guramalarynyň we kompaniýalarynyň özara we syýahatçylyk industriýasynyň beýleki pudaklarynyň guramalary we kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň ösüşini we koordinasiýasyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Sebit derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň hataryna: Ýewropanyň syýahatçylyk boýunça komissiýasy, Ýewropa syýahatçylyk topary, Ýewropa soýuzyndaky halkara syýahatçylyk alýansynyň agzalarynyň býuro guramalary, Ýewropa syýahatçylyk alyş-çalşynyň ösüş we koordinasiýa boýunça assosiasiýasy, Aziýa we Ýuwaş umman ýurtlarynyň syýahatçylyk assosi-

asiýasy, Gündogar Aziýa ýurtlarynyň syýahatçylyk assosiasiýasy, ASEAN-yň agza ýurtlarynyň syýahatçylyk assosiasiýalarynyň federasiýasy, Amerikaniň syýahatçylyk industriýasynyň assosiasiýasy, Latyn Amerikasynyň syýahatçylyk guramalarynyň konfederasiýasy, Karibiň syýahatçylyk guramasy, Arap syýahatçylyk soýuzy, Panafrika syýahatçylyk guramasy, Afrikanyň syýahat assosiasiýasy girýär.

Olaryň esasy maksady: syýahatçylyk hyzmatlarynyň ýeke--täk ýörelgeleriniň, kadalarynyň we hil standartlarynyň işlenip düzülmegi, geliş syýahatçylygynyň ýokarlanmagy, sebitde syýahatçylygy ösdürmek boýunça ýöriteleşdirilen maksatnamalaryň maliýeleşdirilmegi, syýahatçylyk industriýasynyň ähli sektorlarynyň we kompaniýalarynyň tagallalarynyň birleşmegine we koordinirlenmegine ýardam bermegi özünde jemleýän wezipeleri çözmekden ybaratdyr.

Sebit derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň maksatlary we wezipeleri sebit derejesindäki umumy häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň maksatlaryna we wezipelerine çalymdaş edýär, olaryň alyp barýan işleriniň esasy aýratynlygy, bu işleriň öz sebitinde saýlanyp alnan pudagyň we pudaklaýyn guramalaryň ösüşine ýardam bermäge gönükdirilmegidir.

Sebit derejesindäki pudaklaýyn häsiýetli halkara syýahatçylyk guramalarynyň hataryna: Ýewropa awiakompaniýalarynyň assosiasiýasy, Aziýa awiakompaniýalarynyň assosiasiýasy, Afrika awiakompaniýalarynyň assosiasiýasy, Aziýa-Awstraliýanyň myhmanhana we restoran assosiasiýasy, Amerikanara myhmanhana assosiasiýasy, Arap myhmanhana soýuzy, Ýewropa soýuzyndaky we Ýewropa ykdysady zolagyndaky myhmanhanalaryň, restoranlaryň, kafeleriň we şunuň ýaly edaralaryň milli assosiasiýalarynyň konfederasiýasy, Ýewropanyň moteller federasiýasy we beýleki guramalar degişli edilýär.

Ýöriteleşdirilen halkara syýahatçylyk guramalary öz işlerini syýahatçylyk biznesiniň ýa-da syýahatçylygyň görnüşleriniň aýratyn ugurlary boýunça alyp barýarlar. Olaryň düzümine: Syýahatçylyk

operatorlarynyň halkara federasiýasy, syýahatçylyk gulluklarynyň bütindünýä federasiýasy, syýahatçylyk gulluklarynyň assosiasiýalarynyň bütindünýä federasiýasy, syýahatçylyk we gezelenç programmalaryny gurnaýjylaryň halkara assosiasiýasy, syýahatçylyk eskorty (ýanyň bilen gitme) boýunça gidleriň halkara assosiasiýasy, işewürlik maksatly syýahatçylyk boýunça halkara assosiasiýa, durmuş syýahatçylygy boýunça guramalaryň halkara federasiýasy, durmuş syýahatçylygy boýunça halkara federasiýa, ýaşlaryň syýahatçylygy we alyş-çalşy boýunça halkara býuro, talyplaryň syýahatçylygy boýunça halkara konfederasiýa, ýaşlaryň syýahatçylyk guramalarynyň halkara federasiýasy, kemping (awtoturistler üçin düşelge ýeri gurnamak) we karawaning boýunça halkara federasiýa, atçylyk-sport syýahatçylygynyň halkara federasiýasy, syýahatçylyk söwda ýarmarkalarynyň Ýewropa assosiasiýasy we başgalar girýär.

Ýöriteleşdirilen halkara syýahatçylyk guramalary (alyp barýan işleriniň sferasyna baglylykda) üç sany görnüşde jemlenendir:

1) ýerine ýetirýän işleriniň esasy sferasy syýahatçylyk maglumat ulgamy bolan guramalar. Mysal üçin, syýahatçylyk meselelerini beýan edýän žurnalistleriň we ýazyjylaryň halkara federasiýasy, metbugat wekilleriniň – gastronomiýa, üzümçilik we syýahatçylyk boýunça ekspertleriň halkara federasiýasy, medeniýet we syýahatçylyk ulgamyndaky resminamalar we maglumatlar bilen meşgullanýan halkara assosiasiýa;

2) ýokary derejeli syýahatçylyk bilimini düzgünleşdirýän guramalar. Olaryň arasynda syýahatçylyk ugry boýunça ýokary derejeli bilim bermek bilen meşgullanýan bütindünýä assosiasiýasy, myhmanhana mekdepleriniň uçurymlarynyň halkara assosiasiýasy;

3) syýahatçylyk boýunça ylmy barlaglary geçirmek bilen meşgullanýan guramalar. Olaryň hataryna syýahatçylyk we syýahat etme ugrunda barlag geçirmek boýunça assosiasiýa, syýahatçylyk ugrundaky ylmy işgärleriň halkara assosiasiýasy we başgalar girýär.

Ähli derejelerdäki halkara syýahatçylyk guramalary syýahatçylyk işleriniň düzgünleşdirilişini ýöriteleşdirilen resminamalar arkaly alyp barýarlar. Olaryň esasy maksady syýahatçylyk işini reg-

5. Sargyt № 2669

lamentirlemäge, unifisirlemäge we koordinirlemäge gönükdirilen bolup, dürli kanuny aktlar we resminamalar degişlidir.

Halkara syýahatçylyk işini düzgünleşdirýän esasy resminamalar şu aşakdakylardan ybarat:

- syýahatçylygyň gümrük üpjünçiligi boýunça Konwensiýa (1954 ý.);
- syýahatçylar üçin gümrük ýeňillikleri baradaky Konwensiýa we syýahatçylyk bilen baglanyşykly maglumatlary özünde jemleýän resminamalary gümrükden geçirmek baradaky Konwensiýanyň beýany (1959 ý.);
- BMG-niň 1963-nji ýyldaky halkara syýahatçylyk we syýahat baradaky Konferensiýasy. Syýahatçylygyň ösüşi (Umumy rezolýusiýa);
- gümrük düzgünlerini ýönekeýleşdirmek we ylalaşmak baradaky 1973-nji ýyldaky Kiotadaky halkara konferensiýasy;
- syýahatçylyk gezelençlerini ýönekeýleşdirmek boýunça Budapeşt Konwensiýasy (1976 ý.);
- myhmanhana eýeleri we syýahatçylyk agentleri bilen şertnama baglaşmak boýunça halkara Konwensiýasy (1979 ý.);
- dünýä syýahatçylygy boýunça Manil Deklarasiýasy (1980 ý.);
- halkara myhmanhana düzgünleri (1981 ý.);
- Akapulko Resminamasy (1982 ý.);
- syýahatçylyk Hartiýasy we syýahatçynyň Kodeksi (1985 ý.);
- Gaaganyň syýahatçylyk boýunça deklarasiýasy (1989 ý.);
- klassifikasion standartlaryň esasynda myhmanhana klassifikasiýasynyň ölçegleriniň sebitara ylalaşmasy (1989 ý.);
- Ýewropanyň ykdysady bileleşik Sowetiniň “ähli zady öz içine alýan syýahatlar, dynç alyş rugsatlary we gezelençler baradaky” Direktiwasy (1990 ý.);
- syýahatçylyk gulluklary assosiasiýasynyň bütindünýä federasiýasynyň we myhmanhanalaryň halkara assosiasiýasynyň myhmanhanalarynyň we syýahatçylyk gulluklarynyň gatnaşygy boýunça Kodeks (1991 ý.);
- syýahatçylyk boýunça Deklarasiýa (1994 ý.);
- hyzmatlaryň halkara söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (1994 ý.);

- syýahatçylygyň durmuş täsiri boýunça Manil Deklarasiýasy (1997 ý.);

- syýahatçylykda bütindünýä etika kodeksi (1999 ý.).

Halkara syýahatçylyk işini düzgünleşdirmek prosesi ýurtlaryň halkara konwensiýalara, kodekslere, deklarasiýalara we ylalaşyklara goşulmagy; hökümetara ylalaşyklara we maksatnamalara gatnaşmagy; halkara syýahatçylyk kanunlarynyň milli kanuny aktlarda hasaba alynmagy esasynda amala aşyrylýar.

## 4.4. Türkmenistanyň syýahatçylyk pudagynyň ösüşiniň seljerilişi

Türkmenistan halkara syýahatçylygynyň ähmiýetini doly ykrar etmek bilen, bu ugurda durmuşa geçirýän özgertmelerine toplumlaýyn çemeleşýär. Syýahatçylyk pudagy diňe bir kanunçylyk taýdan üpjün etmek bilen çäklenilmän, eýsem, onuň kämil dereje-de işlemegi üçin zerur bolan infrastrukturasynyň emele getirilmegi, pudagyň ýokary hünärli hünärmenler bilen üpjün edilmegi yzygiderli ýokarlandyrylýar. Bularyň hemmesi hem ýurdumyzda syýahatçylygyň ösýändigini aýdyň görkezýär.

Türkmenistanda syýahatçylyk industriýasy we oňa degişli hyzmatlar ýaňy ösüş ýoluna başlady. Bu ugurda ýurdumyzyň ösüşini üpjün etjek mümkinçilikleriň örän ýokarydygy hemmämize bellidir.

Syýahatçylyk industriýasy baradaky maglumatlaryň seljermesiniň netijesinde 2013-njy ýylda Türkmenistana gelen daşary ýurt syýahatçylarynyň sany 8711 adama, Türkmenistandan daşary ýurda giden syýahatçylaryň sanynyň bolsa 68533 adama deň bolandygy kesgitlenildi.

2008 – 2013-nji ýyllar aralygynda daşary ýurda giden we daşary ýurtdan gelen syýahatçylaryň geliş-gidişiniň ösüş depgini boýunça Türkmenistandan daşary ýurda gidýän syýahatçylaryň sany daşary ýurtdan gelýän syýahatçylaryň sanyndan ýokary bolup durýar.

*8-nji tablisa*

**Syýahatçylyk maksady bilen Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlarynyň we Türkmenistandan giden raýatlaryň sany** [1]

| Ýyllar | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Türkmenistana gelen daşary ýurt syýahatçy-larynyň sany | 9676 | 7474 | 9631 | 8697 | 7709 | 8711 |
| Türkmenis-tandan başga ýurtlara giden syýahatçy-laryň sany | 43194 | 39034 | 42142 | 50259 | 64741 | 68533 |

Syýahatçylyk maksady bilen Türkmenistana has köp gelip-giden raýatlaryň ýurtlary kesgitlenende, Türkmenistana syýahatçylaryň geliş akymy boýunça Eýran, Germaniýa, ABŞ döwletleriniň görkezijileri ýokary boldy *(9-njy tablisa)*.

*9-njy tablisa*

**2008–2013-nji ýyllarda Türkmenistana köp gelip-giden syýahatçylaryň ýurtlary** [2]

| Ýurtlar/ýyllar | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Jemi** | **9777** | **7628** | **9631** | **8697** | **7709** | **8711** |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Eýran | 2355 | 2391 | 3397 | 3874 | 2001 | 1692 |

[1] **Çeşmesi:** Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri–2014, sah.291–293.
[2] **Çeşmesi:** Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri– 2014, sah.292

*9-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Ýaponiýa | 508 | 344 | 388 | 253 | 386 | 676 |
| Fransiýa | 232 | 315 | 230 | 212 | 392 | 409 |
| Italiýa | 595 | 412 | 392 | 277 | 345 | 287 |
| Niderlandlar | 439 | 296 | 238 | 245 | 145 | 183 |
| ABŞ | 663 | 535 | 660 | 531 | 755 | 897 |
| Germaniýa | 1576 | 1392 | 1277 | 1143 | 1038 | 1321 |
| Beýleki ýurtlar | 3313 | 1803 | 2799 | 2080 | 2612 | 3097 |

Türkmenistanly syýahatçylaryň köp gidýän ýurtlarynyň seljermesinden syýahatçylaryň aglaba böleginiň Russiýa, Ukraina, BAE, Hytaý döwletlerine gidýändigi belli boldy.

*10-njy tablisa*

**2008–2013-nji ýyllarda Türkmenistanly syýahatçylaryň köp gidip-gelen ýurtlary** [1]

| **Ýurtlar** | **2008** | **2009** | **2010** | **2011** | **2012** | **2013** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Jemi | 46003 | 39643 | 42142 | 50259 | 64741 | 68533 |
| Russiýa | 16936 | 11083 | 11239 | 11766 | 13061 | 13421 |
| Ukraina | 2199 | 2622 | 3264 | 4603 | 6859 | 8613 |
| BAE | 18751 | 15018 | 15854 | 22279 | 30833 | 34090 |
| Eýran | 569 | 405 | 487 | 728 | 2890 | 217 |
| Hytaý | 5447 | 7624 | 8467 | 7852 | 7471 | 8337 |
| Beýleki ýurtlar | 2101 | 2891 | 2831 | 3031 | 3627 | 3855 |

Gezelenç ulaglarynyň islendik görnüşleriniň ulanylyş mümkinçilikleri, ilki bilen olaryň howpsuzlygy we rahatlygy bilen kesgitlenilýär. Şol bir wagtda howa, gury ýer ýa-da suw ulaglarynyň ulanyş

[1] **Çeşmesi:** Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri – 2014, 293-nji sah.

şertleri bilen kesgitlenilýän syýahatçylygyň ösüş ugurlary adaty ýa-da tebigy, şeýle hem emeli gurnalýan görnüşleri bilen tapawutlanýarlar. Türkmenistanyň şertlerine laýyklykda, ulagyň görnüşlerini şu aşakdaky toparlar boýunça häsiýetlendirip bolar:

*3-nji şekil*




Ýokardaky çyzgyda syýahatçylykda köp ulanylýan ulaglaryň görnüşleri getirilendir. Häzirki wagtda Türkmenistanda bu ulaglardan esasy ulanylýan görnüşleri goýy reňk bilen görkezilendir. Şeýlelikde, görşümiz ýaly, ulanyşa az eýe bolan görnüşleriň köp sanlydygyny bellemek gerek. Munuň sebäpleri öwrenilende, birinjiden, hereket etmek üçin adaty we emeli gurnalan şertleriň ýokdugyny, ikinjiden bolsa, bu ulaglar bilen hyzmat etmek üçin gurnalan infrastrukturanyň talabalaýyk däldigini aýtmak bolar. Ulag görnüşleri syýahatçylyk etmek üçin wajyp esaslaryň biridiginden çen tutsak, olaryň özleşdirilmän gelýän görnüşleriniň mümkinçilikleriniň açylman galmagyny Türkmenistanyň giriş syýahatçylygynyň ösmegini haýalladýan faktorlaryň biri diýip aýtmak bolar.

Türkmenistanly raýatlaryň daşary ýurtlardaky çykdajylarynyň gelýän syýahatçylaryň ýurdumyzda edýän çykdajylaryna görä

ýokary bolmagy otrisatel saldonyň soňky ýyllaryň dowamynda saklanyp galmagyna getirdi. Ondan başga-da, türkmen raýatlarynyň çykdajylarynyň depgini Türkmenistana gelýän daşary ýurtly raýatlaryň edýän çykdajylarynyň dinamikasyndan ýokary bolmagy Türkmenistan üçin syýahatçylyk hyzmatlarynyň alyş-çalşynda amatsyz şertleri emele getirýär. Ýöne suratdan görnüşi ýaly, otrisatel saldonyň ozalky maglumatlar bilen deňeşdirilende peselmegi bellenilýär. Diýmek, soňky ýyllaryň dowamynda syýahatçylygy ösdürmek boýunça döredilýän ykdysady we syýasy esaslaryň öz položitel netijesini berip başlandygyny aýtmak bolar.

Belli bolşy ýaly, ýurdumyzda syýahatçylyk hyzmatlary Bütindünýä we hatda Merkezi Aziýa sebiti (aýratyn hem, myhmanhana, restoran, ulag hyzmatlary) bilen deňeşdirilende gymmat däldir, daşary ýurtly raýatlaryň Türkmenistanda bolmagynyň orta bahasy beýleki ýurtlara garalanda örän elýeterli derejededir. Bu ýagdaý biziň syýahatçylyk industriýamyzda hormatly Prezidentimiziň hemaýat bermeginde düýpli özgerişleriň amala aşyrylýandygy bilen baglydyr.

Türkmenistanda syýahatçylyk hyzmatlarynyň eksporty – hyzmatlaryň eksportynyň düzüminde geljegi örän uly ugurdyr. Tebigy-klimatik we medeni-taryhy şertleri boýunça, sosial-ykdysady taýdan köpdürli bolan Türkmenistanyň territoriýasy ekologiki, sport, taryhy, bejeriş-saglyk we beýleki görnüşleri üçin amatly mümkinçilikleri döredýär.

# V bölüm
# DÜNÝÄ BAZARYNDAKY ULAG HYZMATLARY

## 5.1. Ulaglaryň klassifikasiýasy

Hyzmatlar ulgamynda we dünýä ykdysadyýetinde ulag hyzmatlaryna möhüm ähmiýet berilýär. Dünýä ulag ulgamy halkara ykdysady gatnaşyklarda halkara söwdany amala aşyrmakda, adamlary we ýükleri daşamakda wajyp orna eýedir.

Dünýäniň ähli ulag serişdeleri jemlenip, dünýäniň ulag ulgamyny emele getirýär. Dünýä ulag ulgamy XX asyrda doly kemala geldi. Çünki XX asyrda häzirki ulanylýan ulaglaryň ählisi doly ýüze çykdy.

Dünýäniň ulag ulgamynda ýüz milliondan gowrak adam zähmet çekýär. Dünýä ulagy arkaly her ýylda ýüz milliard tonnadan gowrak ýük, bir trilliondan gowrak ýolagçy gatnadylýar.

Mälim bolşy ýaly, ulaglar öz aýratynlyklaryna baglylykda üç topara bölünýär.

1. Guryýer ulaglary.
2. Suw ulaglary.
3. Howa ulaglary.

Guryýer ulaglary öz gezeginde aşakdakylara bölünýär:

a) awtomobil ulaglary;
b) demir ýol ulaglary;
ç) geçirijiler.

Awtomobil ulagy häzirki wagt dünýäde iň köp ulanylýan ulagdyr. Dünýäde ýük daşamakda 650 milliondan gowrak awtomobil peýdalanylýar. Döwletiň içerki ýük dolanyşygynda bu ulaga uly paý degişlidir. Awtomobil ulaglary halkara ýük dolanyşygynda, esasan bir serhetde we sebitde ýerleşýän ýurtlar bilen ýük dolanyşygynda giňden ulanylýar.

Demir ýol ulaglary gury ýer ulaglarynyň içinde ilkinji ýüze çykanydyr. Dünýä ýük dolanyşygyna iki ýüz müňden gowrak

lokomotiw gatnaşýar. Otlularyň ýük göterijiligi örän ýokarydyr. Munuň özi ýol çykdajylarynyň peselmegine getirýär. Ýolagçy gatnatmakda-da otlularyň ähmiýeti ýokarydyr. Häzirki wagtda aşa çalt ýöreýän otlularyň ýüze çykmagy wagty tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Döwletleriň hemmesi ykdysadyýete hyzmat etmek üçin, ilkinji nobatda, gara we demir ýollaryň gurluşygyna üns berýärler. Ýurduň ulag gurşawynyň ösdürilmegi halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmakda hem möhüm ähmiýete eýedir.

Geçirijilere, esasan, nebit-gaz daşamakda ulanylýan geçiriji turbalar we elektrik geçirijiler degişlidir. Elektrik geçirijiler XIX asyrda iri senagat şäherlerinde ýüze çykyp başlady. Häzirki wagtda elektrik geçirijiler islendik ýurtda elektrik energiýasy bilen üpjün etmekde giňden ulanylýan ýeke-täk ulagdyr. Ulagyň bu görnüşi halkara ykdysady gatnaşyklarda hem peýdalanylýar. Mysal üçin, Türkmenistandan Owganystana satylýan elektrik energiýasy ulagyň şu görnüşi arkaly ugradylýar.

Nebit-gaz geçirijiler XX asyryň başlarynda giňden ulanylyp başlandy. Aýratyn hem tebigy gazyň durmuşda giňden peýdalanylyp başlanmagy geçiriji turbalaryň ösmegine getirdi.

Häzirki wagtda halkara ykdysady gatnaşyklarda bu ulagyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Munuň sebäbi dünýä ýurtlarynyň uglewodorod serişdelerine bolan isleginiň ýylsaýyn ýokarlanmagy bilen baglanyşyklydyr. Ulagyň bu görnüşi uglewodorod serişdelerine baý bolan ýurtlarda has ösendir.

Halkara geçiriji turbalar çekilende we onuň üsti bilen ýük daşalanda, esasan, şu meseleler babatda döwletara ylalaşyklaryny gazanmaklyk zerurdyr.

1. Geçirijini üstaşyr geçirýän döwletiň razylygy. Köplenç ýagdaýda bu mesele oňyn çözülýär. Sebäbi bu ulagyň üstaşyr çekilmegi üstünden geçirýän döwletiň walýuta çeşmeleriniň biri bolup hyzmat edýär.

2. Üstaşyr tölegi tölemeli döwletiň kesgitlenilmegi. (Alyjymy ýa satyjy?) Mysal üçin, Russiýa Ýewropa satýan gazynyň üstaşyr tölegini öz üstüne alýar.

3. Tölegiň töleniş görnüşi (haryt, hyzmat, pul).

4. Geçirijileriň abatlaýyş işleri üçin üstaşyr geçirýän döwletleriň goşulmaklyk ýa-da goşulmazlyk ýagdaýy.

5. Geçirijiden üstaşyr geçirýän döwletiň bu geçirijiden peýdalanyp bilmek mümkinçiligi.

6. Geçýän ýüküň we geçirijiniň abatlygyna kepillik. Türkmenistan dünýä hojalygynyň geçiriji turba ulagy ösen ýurtlaryň biri hasaplanylýar. Türkmenistandan halkara gaz geçirijileriniň birnäçesi gözbaş alýar.

Suw ulaglary hem iki topara bölünýär:

a) deňiz ulagy,

b) derýa ulagy.

Deňiz ulagy halkara söwdasynda iň köp ýük daşaýan ulaglaryň biridir. Halkara söwdasynyň 80%-e golaýy bu ulagyň paýyna düşýär. 40 müňden gowrak gämiler dürli ýükleri ondan-oňa gatnadýarlar.

Howa ulagy iň ýaş we iň çalt ösýän ulagdyr. Ulagyň bu görnüşiniň tapawutly tarapy, beýleki ulaglara garanyňda, tizlik artykmaçlygydyr. Uçarlaryň bir günde 10 müňden gowrak reýsi guralýar. Iri howa ulag amallaryny amala aşyrýan döwletler bolup ösen ýurtlar çykyş edýär.

Halkara gatnaşyklarda ýükleri daşamak boýunça hyzmatlar ýerine ýetirilende, birnäçe müşgillikler ýüze çykyp biler. Olara: ulaglarda ýüze çykýan näsazlyklar, tebigy betbagtçylyklar, harby hereketler, syýasy ýagdaýlar, säwlikler, ýüze çykan ýalňyşlar degişli edilýär. Bu müşgillikler iki ýol arkaly çözülýär:

1. Özara ylalaşmak. Ýagny, şertnamanyň şertlerini ýumşatmak.

2. Jerime tölemek. Bu ýagdaýda iberilmeli ýüküň 0,05% derejesinde jerime töledilýär.

Halkara ulag amallary “Inkoterms” şertnamasy arkaly düzgünleşdirilýär. Ösen ýurtlarda ýükleriň getirilişine we äkidilişine pugta gözegçilik edilýär. Ýükleriň daşalyşynda ýüze çykan şähelçe säwlikleriň soňy jerime bilen gutarýan halaty seýrek bolmaýar. Bu ýagdaý ösen ýurtlaryň tejribesinde içerki söwdada has güýçli ösendir. Halkara söwdasynda köp halatlarda ýüze çykan säwliklere ýumşaklyk çaýýarlar.

Ulag amallaryny amala aşyrmak üçin ýük eýeleri bilen ulag eýeleriniň arasynda şertnama baglaşylýar.

Halkara ulag amallarynda ulag eýesiniň hyzmaty halkara söwdasynyň özboluşly bir harydy bolup çykyş edýär. Halkara ulag hyzmatlary dünýäniň ulag bazarynda satylýar we satyn alynýar. Ulag hyzmatlarynyň bahasy eýesi tarapyndan ýa-da ulag hyzmatyndan peýdalanýan taraplaryň gyzyklanmasy esasynda şertnama arkaly berkidilýär.

Ýolagçylary bir ýurtdan beýleki ýurda gatnatmaklyk hem halkara ulag hyzmatlaryna degişlidir. Ýolagçylary gatnatmakda ulanylýan ulag serişdelerine tölenilýän hyzmatyň bahasy bellenende içerki tarifden ýa-da isleg we teklipden ugur alynýar. Ýolagçy ulaglary we ýük ulaglary bilelikde dünýäniň ulag bazaryny emele getirýär. Halkara ulag hyzmatlaryny esasy peýdalanyjylar bolup, esasan syýahatçylyk kompaniýalary, firmalary çykyş edýärler. Döwletler hem halkara ulag hyzmatlaryndan peýdalanýarlar. Ýurtlar, esasan tebigy hadysalar ýüze çykanda, harby maksatlar üçin ulag hyzmatlaryndan peýdalanýarlar.

## 5.2. Ulag hyzmatlarynyň halkara derejede düzgünleşdirilişi

Her bir döwlet öz milli ulaglarynyň içerki we daşarky ýollarda bökdençsiz hereket etmegine uly üns berýär. Munuň özi ýurduň ýük dolanyşygy, ýolagçy gatnatmakdan gelýän peýdasy we ilatyň durmuş ýagdaýy bilen utgaşýar. Mälim bolşy ýaly, ulagyň islendik görnüşi bilen birlikde ony gatnatmak üçin gerek bolan elementler gara, demir ýollary, nebit-gaz-elektrik geçirijiler, duralgalar, aeroportlar, wokzallar örän uly maýany talap edýär. Ýöne onuň kapital berijiligi pesdir. Bu bolsa hususy maýanyň töwekgelçiligini ýokarlandyrýar. Döwlet içerki ýük we ýolagçy gatnawyny öz hukuk kadalaryna laýyklykda özi kesgitläp bilýär. Emma ýurduň çäginden daşary çykmaly bolanda, dürli kynçylyklara sezewar bolýar. Bu kynçylyklary aradan aýyrmak üçin islendik döwlet döwletara we halkara ylalaşyklary baglaşýar. Ulaglaryň görnüşlerine görä halkara ylalaşyklara seredip geçeliň.

### 5.2.1. Halkara deňiz habarlaşmasy

Ýük dolanyşykda uly orun deňiz ulaglarynyň paýyna düşýär. Şonuň üçinem halkara habarlaşma, ilki bilen, deňiz ulaglarynda baglaşyldy. Bu ylalaşyk 1924-nji ýylda baglaşyldy. Dürli üýtgeşmeler zerarly bu ylalaşyk 1968-nji, 1978-nji ýyllarda has kämilleşdirildi. Häzirki wagtda bu ylalaşyga 70-den gowrak ýurt girýär.

Deňiz ulagy halkara ykdysady gatnaşyklarynda ýükleri daşamaklyga ýöriteleşen köpgörnüşli ulagdyr. Häzirki wagtda deňiz ulaglary arkaly ýükleriň daşalyşynyň guralyşynyň köp formalary we ösen kanunçylyk binýady hereket edýär. Şonuň üçin gämiler bilen ýük daşalyşynyň guralyşyna aýratyn üns berilýär.

Halkara gämi gatnawlaryny guramagyň iki görnüşi bar:

1. Regulýar (yzygider).
2. Tramp (yzygiderli däl).

Yzygider gämi gatnawy dünýäniň köp döwletleri tarapyndan alnyp barylýar. Ýük gämä ýüklenip, öňünden habar berlen beýleki porta eltilýär. Daşamak hyzmaty öňünden kesgitlenen tarifler boýunça tölenilýär. Tarif ölçegleri ýüküň görnüşine görä üýtgeýär. Ýagny, azyk önümlerine ýarym fabrikatlara, suwuk harytlara we ş.m. görnüşlere görä dürli tarif bahalary ulanylýar. Ýüküň gatnaw bahasyna ýoluň uzaklygy hem täsir edýär. Yzygiderli gatnawy amala aşyrýan gämileriň hyzmat tölegi adatça yzygiderli däl gatnaw töleglerinden ýokarydyr. Sebäbi yzygiderli gatnawy amala aşyrýan gämiler ýeke bir ýük daşamak bilen çäklenmän, olary ýüklemegi we düşürmegi hem öz üstüne alýar. Yzygiderli gatnawy amala aşyrýan gämileriň ýüki alyp ugran portundan, ýüki eltmeli portuna eltip düşürenden soň, ýüke bolan jogäpkärçiligi aradan aýrylýar we ýüküň garamaty portda ýüki kabul eden tarapyň jogapkärçiligine geçýär.

Yzygiderli söwda gatnawyndan tapawutlylykda tramp (yzygiderli däl) gämi gatnawy yzygiderli ulanylmaýar. Gämi gatnawynyň bu görnüşi yzygiderli gatnaw bolman, ol ýüki gatnatmagyň islegine görä hereket edýär. Onuň ýüki daşamagynyň kesgitli bahasy bolman, ulag hyzmatynyň bahasy täjirçilik şertnamasy esasynda kesgitlenilýär. Şertnama gämi eýesi bilen ýüki ugradyjy ýa-da ýüki kabul edijiniň arasynda baglaşylýar. Bu şertnama köplenç araçylaryň kö-

megi arkaly baglaşylýar. Şertnamada demerej we dispaç talaplaryň kime degişlidigi hem görkezilýär. Dispaç–munuň özi ýüküň öz wagtynda ýa-da wagtyndan öň eltilip berleni üçin tölenilýän sylag; Demerej–tersine, ýüküň eltilmeli wagtyndan gijä galany üçin ulag eýesiniň ýüki ugradyja ýa-da ýüki kabul edijä töleýän öwez tölegi bolup durýar. Öwez tölegi ýol çykdajylary aýrylyp, ulag eýesine galýan girdejiden alynýar.

Halkara yzygiderli däl gämi gatnawlary üçin ýörite ylalaşyklaryň, konwensiýalaryň ýokdugy bellenilmelidir. Yzygiderli däl gämi gatnawlarynda ýüze çykan meselelere milli kanunçylyk esasynda seredilýär.

### 5.2.2. Halkara derýa habarlaşmasy

Bu ylalaşyk Dunaý derýasyny peýdalanýan ýurtlaryň arasynda ýüze çykyp, 1955-nji ýylda Bratislawada baglaşyldy.

### 5.2.3. Halkara howa habarlaşmasy

Bu ylalaşyk 1929-njy ýylda Warşawada baglaşylyp, oňa üýtgeşmeler Gaagada 1955-nji ýylda, Gwatemalada 1972-nji ýylda, Monrealda 1975-nji ýylda girizilip, üsti ýetirildi. Warşawa ylalaşygy diňe yzygiderli uçuşlar üçindi. Çarter uçuşlaryny düzgünleşdirýän ylalaşyk 1961-nji ýylda baglaşyldy.

Ýükleri bir ýurtdan beýleki ýurda daşamagy guramak ulag amallarynyň iň kyn işleriniň biridir. Ýurduň içinde ulag amallarynyň guralyşy milli kanunçylyk esasynda berkidilýär. Emma milli kanunçylyk halkara ulag amallarynyň şertlerine gabat gelmeýär. Çünki halkara gatnawlarda ýükleri we ýolagçylary gatnatmakdaky dürli päsgelçilikler bilen bir hatarda üstaşyr geçirijiler we ulag eýeleriniň işiniň umumylykda sazlamak meselesi ýüze çykýar.

### 5.2.4. Halkara demir ýol habarlaşmasy

Dünýäde iň köp ulag habarlaşmalar barada ylalaşyklar demir ýol ulgamyndadyr. Bularyň hemmesini özünde jemleýän halkara ylalaşyk 1980-nji ýylda Bernde baglaşyldy.

### 5.2.5. Halkara awtomobil habarlaşmasy

Bu ugur boýunça ilkinji ylalaşyk Ýewropada 1961–1968-nji ýyllarda baglaşyldy we häzir hem dowam edýär.

Ulag amallarynyň bazis şertleri Inkoterms şertnamasy arkaly kesgitlenilýär. Inkoterms halkara ulag amallaryny kadalaşdyrmagyň hukuk binýady bolup çykyş edýär.

Inkotermsiň maksady daşary söwdada has giň ulanylýan söwda adalgalaryny düşündirmek boýunça halkara düzgünleriň jemini üpjün etmek bolup durýar. Şeýle hem adalgalara dürli ýurtlarda dürli-dürli düşündirilişiniň nätakyklygyndan gaça durmak ýa-da nätakyklygyň derejesini peseltmekden ybaratdyr.

Köplenç halatda şertnama baglaşýan taraplar degişli ýurtlarda söwdany guramagyň dürli tejribesi bilen tanyş däldir. Bu bolsa wagtyň we puluň bisarpa tutulmagyna getirýän düşünişmezlikleriň, jedelleriň we kazyýet seljermeleriniň sebäbi bolup biler. Bu meseleleri çözmek üçin Halkara Söwda Palatasy (HSP) 1936-njy ýylda söwda adalgalaryny düşündirmegiň Halkara düzgünleriniň jemini çap etdi. Bu düzgünler „INKOTERMS – 1936“ ady bilen çap edildi. 1953, 1967, 1976, 1980, 1990-njy ýyllardaky INKOTERMS-lere we häzirki wagt hereket edýän INKOTERMS – 2000-e häzirkizaman tejribesine laýyklykda, HSP tarapyndan düzedişler we goşmaçalar girizildi.

Inkotermse nädogry düşünmegiň iki sany anyk görnüşi has giň ýaýrandyr. Olaryň birinjisi, Inkotermsiň aluw-satuw şertnamasyna däl-de, daşamak şertnamasyna has köp degişlidigidir. Ikinjisi bolsa, taraplaryň şertnama girizmek isleýän ähli borçnamalaryny Inkotermsiň öz içine alýandygy baradaky nädogry pikirleridir.

Halkara söwda palatasy tarapyndan hemişe nygtalyşy ýaly, Inkoterms aluw-satuw şertnamasyna, ýagny satyjylaryň we alyjylaryň arasyndaky gatnaşyklara diňe bellibir jähtlerde degişlidir.

## 5.3. Ulag hyzmatlarynyň dünýä ykdysadyýetini ösdürmekde tutýan orny

Dünýäniň ulag ulgamynda ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň ulag ulgamlaryny hem-de sebitleýin ulag ulgamlaryny tapawutlandyryp bolýar. Demirgazyk Amerikanyň sebitleýin ulag ulgamy ösüşiň has uly derejesine ýetdi. Oňa aragatnaşygyň dünýä ýollarynyň umumy uzynlygynyň 30%-ne golaýy degişlidir. Ulagyň awtomobil we geçiriji turba görnüşleri boýunça bolsa onuň paýy mundan hem ýokarydyr. Demirgazyk Amerika ulagyň görnüşleriniň köpüsiniň ýük dolanyşygy boýunça dünýäde ilkinjileriň hataryndadyr.

Ýewropa Soýuzynyň sebitleýin ulag ulgamy daşamaklygyň uzaklygy boýunça Demirgazyk Amerikanyň ulgamyndan pesde durýar, emma setiň gürlügi we hereketiň ýygylygy boýunça ondan üstün çykýar.

GDA ýurtlarynyň sebitleýin ulgamyna dünýäniň ulag ulgamynyň 10%-i degişli, emma ýük dolanyşygynyň göwrümi boýunça ol öňdäki hatarlardadyr.

Daşamalara her ýylda 650 mln-dan gowrak awtoulaglar, 40 müň deňiz gämileri, 10 müň reýs uçarlary, 200 müň sany lokomotiwler gatnaşýarlar. Bu ulag serişdeleriň sany ýylsaýyn artýar.

Ylmy-tehniki ösüş täze ulag serişdeleriniň peýda bolmagyna we olaryň ýük göterijiliginiň artmagyna hem-de hereket edişiniň tizligine öz täsirini ýetirýär.

Demir ýollaryň elektrikleşdirilmegi dowam edýär. Aşa çalt ýöreýän otlular döredildi. Awtomobil ulagynda benziniň bahalarynyň ýylsaýyn gymmatlamagy netijesinde elektromobiller, gelomobiller we gelionedler ulanylyp başlandy.

Suw ulagynda atom energiýasy bilen ýöreýän gämiler ulanylýar. Aerobuslar öz bortuna 300–500 we ondan hem köp ýolagçy alýar. Ulagyň hemme görnüşlerinde konteýnerleriň ulanylmagy uly öwrülişik boldy, çünki ol zähmet öndürijiligini 7–10 esse artdyrýar. Konteýner ýekeleýin ýük daşamak üçin ýörite metaldan ýasalan sygymdyr.

Dünýäde ýük daşalyşy ýurtlar boýunça gyradeň däldir. Ösen ýurtlaryň ulagy ýokary tehniki derejesi bilen tapawutlanýar. Dünýä

ulagynyň we ýük daşalyşynyň 75–80%-i ösen ýurtlaryň paýyna düşýär, ilatyň ulag üpjünçiligi örän ýokarydyr.

Ösüp gelýän ýurtlarda-da ulag ulgamy kämilleşýär. Emma olaryň köpüsinde ulag ykdysadyýetiň yzagalak pudagydyr. Bu ýurtlaryň ulag ulgamynda düzgün hökmünde ulagyň bir ýa iki görnüşi agdyklyk edýär: demir ýol ulagy– Hindistanda, Pakistanda, Braziliýada we Argentinada; turba geçiriji ulag – Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynda; derýa ulagy – tropiki Afrikada. Demir ýol ulagynda entek-entekler parowozlar hem ulanylýar. Ýükleriň köp bölegi mallara ýüklenip daşalýar.

*11-nji tablisa*

**Ulag hyzmatlary toplumynda BSG-niň agza ýurtlarynyň borçlary (jemi 64 sany döwlet)**

| Ulagyň görnüşleri | Ösen döwletler (borçnama alan döwletleriň sany) | | Ösüp gelýän we geçiş ykdysadyýetli döwletler (borçnama alan döwletleriň sany) | |
|---|---|---|---|---|
| | Bazara açyklygy | Milli kadasy | Bazara açyklygy | Milli kadasy |
| Deňiz | 5 | 5 | 28 | 28 |
| Içki suw ýollary | 2 | 2 | 8 | 8 |
| Asman | 22 | 22 | 27 | 27 |
| Demir ýol | 20 | 20 | 13 | 13 |
| Awtoýol | 23 | 23 | 24 | 24 |
| Turbageçirijiler | 3 | 3 | 2 | 2 |
| Kömekçi amallar | 21 | 21 | 20 | 20 |

Halkara ulag ulgamy dünýä ykdysadyýetiniň möhüm ähmiýetli pudagy hasaplanylýar, çünki ulag bilen bagly amallar üçin edilýän çykdajylar daşary söwdadaky harajatlaryň esasy düzüm bölekleriniň biri bolup durýar. Dünýäde harytlaryň söwdasynyň möçberleriniň (şol sanda TMK-laryň firmalarynyň içerki söwdasynyň hasabyna) artmagy önüm öndürijileri we sarp edijileri baglanyşdyrýan netijeli ulag ulgamlarynyň döredilmegini talap edýär.

BSG-niň klassifikatory ulag hyzmatlaryny 9 topara bölýär:

a) deňiz ulagynyň hyzmatlary;

b) içerki suw ulagynyň hyzmatlary;

ç) howa ulagynyň hyzmatlary;

d) älem giňişligine daşamak;

e) demir ýol ulagynyň hyzmatlary;

f) awtoýol ulagynyň hyzmatlary;

g) geçiriji turba ulagy (ýangyç we beýleki harytlary daşamak);

h) ulaglaryň ähli görnüşleri üçin kömekçi hyzmatlar (ammara ýerlemek, ýükleri taýýarlamak, resminamalary düzgünleşdirmek we beýlekiler);

i) beýleki hyzmatlar.[1]

Şeýlelikde, „Halkara ulagy“ diýen madda bir ýurduň rezidentleriniň başga ýurduň rezidentlerine edýän hyzmatlarynyň ýokarda agzalan toparlarynyň ählisini öz içine alýar. Ulag arkaly edilýän hyzmatlar ýolagçy gatnatmak we ýük daşamak diýen görnüşlere bölünýär; bulardan başga-da hyzmatlar degişli ulaglaryň ekipažy bilen kärendesine berilmegini, tehniki taýdan hyzmat edilmegini, abatlanylmagyny we beýlekileri öz içine alýar.

Ulag ulgamy dünýädäki ykdysady çökgünlikden örän köp zyýan çekdi. Ilki bilen, munuň özi dünýäde harytlaryň söwdasynyň möçberleriniň azalmagy netijesinde daşalýan ýükleriň möçberleriniň azalmagy bilen şertlendirilendir. Dünýäde syýahatçylaryň akymynyň peselmegi netijesinde gatnadylan ýolagçylaryň sanynyň hem azalmagy ýagdaýyň pese düşmeginiň ýene-de bir sebäbine öwrüldi.

Indi ulaglaryň dürli görnüşleriniň ulag hyzmatlarynyň halkara söwdasyna goşýan goşandyna garap geçeliň. Dünýäde ulag arkaly edilýän hyzmatlaryň eksportynyň gymmatynyň 43%-i deňizdäki gatnawlaryň paýyna düşýär, galyberse-de, deňizdäki ulaglarda ýük daşamagyň paýy 80%-den geçýär. Howa ulagy halkara ulag hyzmatlarynyň gymmatynyň 33%-ni emele getirýär, howa ulag hyzmatlarynyň ähli möçberiniň 90%-ne golaýy ýolagçy gatnatmaklygyň paýyna düşýär. Daşamagyň beýleki görnüşleri: demir ýol,

[1] Services Sectoral Classification List. Note by the GATT Secretariat, Group of Negotiations on Services // MTN.GNS/W/120, 10 July 1991. Pp. 6-7.

awtomobil ýollary, geçiriji turbalar, içerki suwlardaky gatnawlar, kosmosdaky ulaglar dünýäde ulag hyzmatlarynyň eksportynyň gymmatynyň bary-ýogy 24%-ni emele getirýärler.[1]

Ýeri gelende aýtsak, öňdebaryjy ýurtlar tarapyndan edilýän ulag hyzmatlarynyň gurluşy birmeňzeş däldir. Deňiz ýollary arkaly ýük daşamak ÝB-niň eksportynyň (Bileleşige goşulýan ýurtlaryň arasyndaky söwdany hasaba almanyňda) has wajyp bölegi bolup durýar, onuň paýy ulag hyzmatlarynyň eksportynyň ähli möçberiniň 48%-ne ýetýär. Deňeşdirmek üçin aýdylanda, ABŞ-da şu pudagyň paýyna hyzmatlaryň eksportynyň bary-ýogy 8%-i düşýär. Tutuşlygyna alanyňda, ÝB-niň ulag hyzmatlarynyň ekspotynyň 54%-i deňiz arkaly daşamalardan (şol sanda, şunuň bilen baglanyşykly edilýän hyzmatlardan), 35%-i – howa gatnawlardan (ýolagçylary gatnatmakdan, şeýle hem ýükleri daşamakdan) ybaratdyr we girdejileriň diňe 11%-i ulaglaryň başga görnüşleri arkaly gazanylýar.

Ýewropa Bileleşiginden tapawutlylykda, ABŞ-da ulag hyzmatlarynyň eksportynyň esasy maddasy howa arkaly ýolagçylary gatnatmakdan ybarat bolup, ol 33%-e barabardyr (Ýewropa Bileleşiginde bu görkeziji – 20%). Umuman alanyňda, ABŞ-nyň ulag ulgamynda eksport boýunça gelip gowuşýan serişdeleriniň 68%-i howa arkaly ýükleri daşamak we ýolagçylary gatnatmak (we bular bilen bagly hyzmatlary ýerine ýetirmek) arkaly emele gelýär, deňiz gatnawlaryň paýyna 27%, ulagyň beýleki görnüşleri bolsa bary-ýogy 5%-e barabar möçberde girdeji getirýär.

*Multimodal gatnawlar ulgamyny* ösdürmek ulag hyzmatlarynyň bazaryndaky esasy ýagdaýlaryň biridir. Oňa aşakda görkezilen aýratynlyklar mahsusdyr:

1) ýük bellenilen ýere ulagyň birnäçe görnüşleri bilen daşalýar (adatça, deňizdäki ulag esasy düzüm bölek bolup durýar);

2) ýüki iberiji diňe bir ulag kompaniýasyna ýüz tutýar, bu kompaniýanyň wezipesi gatnawyň ugruny kesgitlemekden we ýüküň daşalmagyny gurnamakdan ybaratdyr.

Multimodal gatnawlar ulgamy „Konteýner rewolýusiýasynyň“ amala aşyrylmagy netijesinde ösüşe eýe boldy. Hakykatdan hem

[1] International Trade Statistics 2010 // World Trade Organization. P 125.

konteýnerlerde ýerleşdirilen harytlary ulagyň bir görnüşinden başga bir görnüşine geçirmek aňsatlaşýar, şunda harytlary saýlamak ýa-da barlamagyň başga bir görnüşi bilen bagly işler aradan aýrylýar. Hemme ýerde konteýnerleriň ulanylyp başlanmagy ulag hyzmatlarynyň bütewi düzümini döretmäge, harytlar bilen bagly hereketi tizleşdirmäge hem-de ýüki „bir gapydan başga gapa“ ýetirmegiň barşynda ulagyň dürli görnüşlerini utgaşdyryp ulanmaga mümkinçilik berdi. Multimodal gatnawlar ýükleriň „anyk bellenilen wagtda“ (just in time) ýetirilmegine ýardam berýär, munuň özi önümçilik we söwda kärhanalaryna ammarlaryň tutýan meýdanyny azaltmaga mümkinçilik döredýär.

Şunuň ýaly ulgam sarp ediji üçin örän oňaýlydyr, çünki ol ýeke-täk ýük daşaýjy bilen iş salyşýar, bu ýük daşaýjy ähli töwekgelçilikleri boýun alýar we ýüküň aýawly saklanmagy üçin jogapkärçilik çekýär. Şol bir wagtyň özünde ulag kärhanalary ýükleriň daşalyşyna gözegçilik etmek we öňünden habar bermek boýunça awtomatiki ulgamlary ulanmak arkaly logistiki amallary has-da oňaýly görnüşe getirmäge çalyşýarlar. Muňa mysal edip, ösüp gelýän ýurtlar üçin BMG-niň Söwda we Ösüş baradaky halkara konferensiýasy UNCTAD tarapyndan işlenip düzülen Advanced Cargo Information System (ACIS) görkezmek bolar. Bu ulgam ýükleri ulag arkaly daşamagyň barşyna gözegçilik edýär hem-de döwlete degişli we hususy ýük daşaýjy kärhanalara işiň alnyp barylýan pursadyndaky maglumatlar bilen üpjün edýär. ACIS-de ulagyň her bir görnüşi üçin niýetlenen aýratyn modullar bar. Port Tracker – deňiz arkaly, RailTracker – demir ýollar arkaly, Road Tracker – awtoýollar arkaly, Lake/RiverTracker – içerki suwlardaky ulaglar arkaly ýük daşamagyň monitoringi we dolandyrylmagy üçin niýetlenendir. Bu modullaryň arasynda maglumatlary alyş-çalyş etmek ýük daşamak üçin sarp edilýän wagty tygşytlamaga hem-de ulag serişdeleriniň ulanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga we şonuň bilen birlikde hyzmatlaryň hilini gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde ABŞ-nyň kanunçylygynda ýükleriň deňiz ýollary bilen ýük daşalmagyna aýratyn üns berilmegi multimodal gatnawlaryň ähmiýetiniň artandygyny görkezýär. Ýöne halkara derejesinde hyzmatlaryň bu görnüşini düzgünleşdirmek üçin niýetle-

nen bütewi kadalar entek işlenip düzülmedi. 1980-nji ýylda BMG halkara derejesinde ýükleri garyşyk görnüşde daşamak hakyndaky Konwensiýany kabul etdi, ýöne ýurtlaryň aglabasy ony tassyklamakdan ýüz dönderdiler. 1992-nji ýylda ýükleri garyşyk görnüşde daşamak bilen baglanyşykly resminamalar boýunça UNCTAD-HSP-niň (Halkara söwda palatasynyň) Düzgünleri güýje girdi. Ýöne bu Düzgünler maslahat beriji häsiýetdedir we diňe şertnama goşulýan taraplar olary maksadalaýyk diýip ykrar eden halatynda hereket edýär. Şoňa görä-de, häzirki tapgyrda multimodal gatnawlar boýunça halkara kadalar ulgamyny işläp taýýarlamak ileri tutulýan wezipeleriň biri bolup durýar.

Şeýle hem köplenç halatda operator-kompaniýalar ulag ulgamyna degişli düzümleriň ählisine gözegçiligi güýçlendirmek üçin daşary döwletlerde şahamçalary açmakda mätäçlik çekýärler. Şeýlelikde, ýurtlaryň täjirçilik gatnaşygy boýunça degişli derejedäki borçlary kabul etmegi multimodal gatnawlaryň netijeliliginiň artmagyna ýardam berip biler.

Ulag hyzmatlarynyň juda köpdürlüligi (ulaglaryň görnüşlerinde, ulaglara degişli amallaryň obýektlerinde ş.m. tapawutlaryň bolmagy sebäpli) olaryň bazarynyň dürli görnüşli bolmagyna alyp barýar. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, halkara ulag bazarynda deňiz we howa gatnawlar has uly ähmiýete eýedir. Şonuň üçin şu işiň çäklerinde şol ugurlaryň her biriniň ösüşine mahsus ýagdaýlara has jikme-jik garap geçmek maksadalaýyk bolup görünýär.

### 5.3.1. Deňiz ulag hyzmatlary

Deňiz ulagy dünýä söwdasyny üpjün edýän ulag infrastrukturasynyň wajyp ähmiýetli bölegi bolup durýar. Häzirki wagtda halkara alyş-çalşygyna goşulýan harytlaryň 80%-den gowragy deňiz gämileri arkaly daşalýar. Şoňa görä-de deňizdäki ulaglar arkaly edilýän hyzmatlary elýeterli etmek ýurduň harytlary ýetirmeginiň ählumumy ulgamyna goşulyşmagynyň möhüm ähmiýetli şertleriniň biri bolup durýar.

Dünýäniň jemi içerki önüminiň takmynan 0,6%-i deňiz arkaly halkara gatnawlaryň paýyna düşýär. Dürli görnüşdäki deňiz gämileri çig mal görnüşindäki harytlary, şeýle hem esasy ýükleri daşamakda

giňden ulanylýar (aýratyn-da, kontinentara gatnawlarda deňiz ulaglaryna has uly ähmiýet berilýär).

Ösen döwletleriň iri kompaniýalary gämileriň esasy eýeleri bolsalar-da, flotuň agramly bölegi daşary ýurt gämileri hasaba alnanda, düýpli salgyt we beýleki ýeňillikleri berýän „amatly baýdagyň“ astyndaky ýurtlarda hasaba alnandyr. Adatça, bular offşor zolaklar bolup durýan adalardyr, olaryň arasynda Panama, Liberiýa, Bagam we Marşall adalary, Malta, Kipr we beýlekiler bar. Şeýle-de „amatly baýdagy“ bilen daşary ýurt kompaniýalaryny özüne çekýän ösüp gelýän ýurtlaryň köplenç halatda dünýäniň söwda flotuny işçi güýji bilen üpjün edijilere öwrülýändigini bellemek wajypdyr.

Halkara gämi gatnawynda ýükleriň daşalmagyny guramagyň 2 sany: belli bir ugurly we tramp görnüşi bellidir. Belli bir ugurly gämi gatnawy ýük daşaýjylar tarapyndan dünýä söwdasynyň durnukly geografiki ugurlary boýunça amala aşyrylýar. Gämileriň bellenilen portlara öňünden yglan edilen tertibe görä ýygy-ýygydan gelmegi onuň esasy aýratynlygydyr. Daşamagyň bahasy ýük daşaýjy tarapyndan bellenilen we ýöriteleşdirilen döwürleýin metbugatda çap edilýän nyrhlara görä ýüki iberiji tarapyndan tölenilýär. Köplenç halatda bu nyrhlar liniýalaýyn maslahatlar – kesgitlenen ugurlar boýunça ýük daşalyşyny amala aşyrýan gämileriň eýeleriniň birleşikleri tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Belli bir ugurly gämi gatnawlarynyň bazaryna birleşmekligiň ýokary derejesi mahsusdyr. Firmalaryň arasyndaky käbir liniýalaryň monopoliýalaşdyrylmagyna alyp barýan kartel ylalaşyklaryndan başga döwletler hem bazara aralaşmak isleýänleriň öňünde bökdençlik döredip biler. Hususan-da, ýurtlaryň hökümetleri kesgitlenen liniýalary (tonnažy, daşalýan ýükleriň göwrümi ýa-da gazanylýan fraht boýunça deňhukuklylygyň ýörelgesine görä) bilelikde ulanmak barada ylalaşýarlar hem-de öz hyzmatdaşlaryna portlarda ýeňillikleri döredýärler. Şunuň ýaly syýasat bu döwletiň deňiz gatnawlaryna degişli daşky bazaryna öz hyzmatlaryny teklip edýän üçünji ýurtlaryň aralaşmagyny dolulygyna aradan aýyrmagy mümkin.

1974-nji ýylda bäsdeşlige laýyk gelmeýän işlere garşy göreşmek maksady bilen UNCTAD liniýalaryň konferensiýalarynyň özü-

ni alyp baryş Kodeksini kabul etdi we şoňa laýyklykda „40-40-20 kadasy“ kesgitlenildi. Kodekse laýyklykda, halkara derejesinde ulag arkaly daşalýan ýükleriň 40%-i eksport edýän ýurduň flotuna degişli gämiler, 40%-i bolsa import edýän ýurda degişli gämiler tarapyndan daşalmaly. Ýükleriň galan 20%-i öz hyzmatlaryny teklip edýän üçünji ýurtlaryň ulaglary arkaly daşalmaly. Şunuň ýaly kada ösüp gelýän döwletleri halkara gatnawlaryna goşulyşmaga höweslendirmek maksady bilen kabul edildi. Ýöne UNCTAD-yň Kodeksi diňe 70 sany ýurt tarapyndan tassyklanyldy we giň gerime eýe bolup bilmedi. Döwletleriň ençemesi gatnawlary söwda edýän hyzmatdaşlaryna berkitmek boýunça ýokarda beýan edilen kadalara goşulmakdan ýüz dönderdi, ýöne olaryň aglabasy ösen ýurtlar bolman, ösüp gelýän ýurtlar (Indoneziýa, Taýland, Koreýa Respublikasy, Çili) bolupdy.

Konteýnerler arkaly ýük daşamakda ýüze çykýan meseleleriň biri hem deňagramsyzlykdyr, ýagny ýük alyjynyň ýerleşýän ýerine gelen konteýneri yzyna hemişe ýüklenen görnüşde iberilmeýändigini bellemek gerek.

Belli bir ugurly gämi gatnawyndan tapawutlylykda gatnawlar tramp (ýükleri islendik ugur boýunça daşamak üçin niýetlenen gämi) arkaly guralanda, gämiler yzygiderli ýagdaýda ulanylmaýar. Tramp tonnaž babatda bildirilýän islege görä, bir ugurdan başga bir ugra gatnaýar hem-de esasan, has agyr ýükleri daşaýar. Tramp arkaly gatnawda frahtyň göwrümi ýük daşaýjynyň we ýüki iberýäniň ylalaşygy esasynda kesgitlenilýär. Dünýäniň tramply gatnawlar bazaryna ýokary derejeli bäsleşik mahsusdyr, şoňa görä-de bu gatnawlar, adatça, belli bir ugurly gämi gatnawyna garanyňda arzan düşýär.

Häzirki wagtda deňiz arkaly gatnawlaryň kadalaşdyryşynda, esasan, tehniki meseleleriň çözülmegine uly üns berilýär. IMO tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy resminamalar gämi gatnawynyň howpsuzlygynyň üpjün edilmegine, daşky gurşawyň goralmagyna, ýük daşaýjylaryň jogapkärçiligine we ş.m. bagyşlanandyr. Şol bir wagtyň özünde deňiz ulaglar arkaly edilýän hyzmatlar bilen baglanyşykly halkara söwdasyny liberallaşdyrmak başlangyç tapgyrdadyr. Urugwaý tapgyrynyň çäklerinde şondan soňky şu ulgama degişli gepleşikler degerli netije bermedi. Şol gepleşikleriň jemleri

boýunça döwletleriň diňe 37-si bazary ýa-da milli tertibi daşary ýurtly ýük daşaýjylar üçin elýeterli etmäge razylyk berdiler, ýöne ÝB, ABŞ we beýleki ösen ýurtlaryň köpüsi muňa razy bolmadylar. Şeýle hem döwletleriň birnäçesi deňiz ulaglaryna portlarda hyzmat etmegi we goşmaça hyzmatlary ýerine ýetirmegi boýun aldylar. Häzirki wagtda daşary ýurt kapitalynyň gatnaşygynyň çäklendirilmegi, portlar we salgytlar boýunça diskriminasion ýygymlaryň alynmagy, daşary ýurtly raýatlara degişli gämileriň hasaba alynmagynyň gadagan edilmegi söwdada giňden ýaýran bökdençlikler hasaplanylýar.

Bulardan başga-da, GATS-yň deňiz ulaglary arkaly hyzmatlary ýerine ýetirmek ulgamynda daşary ýurtly üpjün edijilere has artyk amatlyklary hödürlemek diňe BSG-niň gepleşikleriniň täze tapgyry tamamlanandan soň güýje girýär. Muňa garamazdan, ýurtlaryň 44-si geljekde-de has artyk amatlyklara laýyk gelmeýän çäreleri görmek bilen bagly hukugy özünde galdyryp, özboluşly borçnamalar boýunça öz sanawlaryna degişli belliklerini goşdular. Deňizdäki gatnawlara degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak gepleşikleriň Dohiýdäki tapgyrynyň gün tertibine goşulandygyna garamazdan, şu pudagyň milli ykdysadyýet üçin örän möhüm ähmiýete eýe bolmagy we öz hyzmatlaryny hödürleýän daşary döwletleriň bäsleşik etmeginiň güýçlenmegi ylalaşylan çözgütleriň işlenilip taýýarlanylmagyna päsgel berip durar.

### 5.3.2. Howa ulag hyzmatlary

Howa ulagy globallaşmagyň hereketlendiriji güýji bolup durýar. Ol syýahatçylygyň ösdürilmegine önjeýli goşant goşýar hem-de umuman, hyzmatlaryň söwdasynyň möçberleriniň (şol sanda, hyzmatlary hödürleýän şahsy taraplaryň daşary ýurtda bolmagynyň hasabyna) ýokarlanmagyna ýardam berýär. Mundan başga-da, hut howa ulgamynda ilkinji gezek elektron söwdasy peýda boldy (öňki bölümde awiakompaniýalar tarapyndan ätiýaçda goýmak boýunça döredilen kompýuter ulgamlary barada giňişleýin gürrüň berlipdi).

Halkara howa ulagy dünýäniň jemi içerki önüminiň 0,6%-ni emele getirýär. 1960-njy ýyldan başlap, ýolagçy we ýük gatnawlarynyň möçberi her ýylda ortaça 10% artypdyr. Ýöne, ozal bellenilip geçilişi

ýaly, deňiz ulaglary arkaly, esasan, ýük daşalýan bolsa, howa ulaglary arkaly, esasan, ýolagçylar gatnadylýar. Howa ulagy hyzmatlarynyň bazarynda ýolagçylaryň gatnawynyň paýy 90%-e barabardyr, galan 10%-e golaýy ýükleriň we poçtanyň daşalmagynyň paýyna düşýär (bu görkezijiniň paýy peselmegini dowam edýär).

Hakykatdan-da, howa gatnawlary daşary ýurda gitmegiň has çalt (käbir halatda bolsa ýeke-täk) usuly bolup durýar. Rekreasion, şeýle hem işewürlik bilen bagly halkara syýahatçylygyň ösmeginiň netijesinde halkara howa gatnawlaryna bildirilýän isleg has-da artdy. Häzirki wagtda halkara syýahatçylarynyň umumy sanynyň 50%-den gowragy howada uçýan ulaglar arkaly başga ýurtlara gelýär we bu görkeziji ýokarlanýar.

Ýöne howa ulagy ýükleri daşamakda-da wajyp ähmiýetli orny eýeleýär. Ol, ilkinji nobatda, çalt zaýalanýan azyk harytlaryny, gülleri we agyr bolmadyk gymmatbahaly ýükleri daşamak üçin ulanylýar. Önümçiligi guramagyň täze usullarynyň ornaşdyrylmagy, hususan-da harytlary „bellenilen wagtda“ getirmek boýunça shemanyň ulanylmagy howa arkaly ýükleriň daşalyşynyň ösüşine oňyn täsirini ýetirdi.

Halkara howa gatnawlarynyň geografiki taýdan bölünişi birmeňzeş däldir. Ösen ýurtlaryň awiakompaniýalary ýolagçylaryň 75%-ni gatnadýar we ýükleriň 60%-ni daşaýar. Ýolagçy-kilometr diýen adalga boýunça alanyňda, Demirgazyk Amerikanyň we Ýewropanyň operatorlarynyň paýyna dünýädäki bazaryň degişlilikde 40%-i we 25%-i düşýär. Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň awiakompaniýalarynyň amala aşyrýan gatnawlarynyň möçberiniň örän çalt artýandygyna garamazdan (bu sebitiň paýy eýýäm 25%-e barabar boldy), ösüp gelýän beýleki sebitler şu görkeziji boýunça ep-esli derejede yza galmagyny dowam edýärler. Latyn Amerikasynyň, Ýakyn Gündogaryň we Afrikanyň ýurtlaryna dünýäniň howa ulaglary arkaly edilýän hyzmatlaryň bazaryndaky paýyny jemläp alanyňda, bary-ýogy 10%-e deňdir.

Awiasiýa pudagy ýokary tehnologiýaly we kapitaly has köp talap edýän ulgamdyr, şoňa görä-de oňa jemlenmek bilen bagly ýagdaýlar mahsusdyr. Ýöne döwletleriň aglabasynda transmilli görnüşde goşulyşmak we awiakompaniýalary özüňe birleşdirmek

kanunçylyk arkaly gadagan edildi. Şoňa görä-de, halkara strategiki alýanslary döretmek howa ulaglary arkaly edilýän hyzmatlaryň bazaryna mahsus bolan esasy meýilleriň biridir. Serişdelerden bilelikde peýdalanmagyň netijesinde ulgamda döreýän oňyn netijeler alýansyň agzalaryna harajatlary tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Alýansa goşulýanlar eýeçilik hukugy bilen baglylykda garaşsyzlygyny saklap galmak bilen, öz işlerini ysnyşykly ýagdaýda utgaşdyrýarlar we umumy maksatnamalaryň birnäçesini amala aşyrýarlar. Olaryň içinde howa ýollaryny bilelikde ulanmagyň shemasy has giňden ýaýrany bolup, onuň çäklerinde kompaniýalaryň haýsy-da bolsa ýeke-täk biri bellenilen uçuşy amala aşyrýar, ýöne onuň hyzmatdaşyna şol uçuş üçin petekleri satmaga ygtyýar berilýär. Şonda uçuş iki sany kod: operatoryň we hyzmatdaşyň kodlary bilen belgilenilýär. Howa ýollarynyň bilelikde ulanylmagy awiasiýa arkaly gatnadyjylara möçber arkaly serişdeleri tygşytlamaga (ýagny ugurdaş uçuşlaryň ikisiniň deregine bir uçuşy amala aşyrmaga), şeýle hem uçuşyň hakyky operatory bolmasa-da, bazardaky gatnaşyga goşulýandygyny görkezmäge mümkinçilik döreýär.

Häzirki wagtda dünýäde howa alýanslarynyň 600-den gowragy bar. Esasy işleri ýolagçylary gatnatmak bilen bagly bolan awiakompaniýalaryň aglabasynyň ýükleri daşamak bilen meşgullanýan düzümleriniň bardygyny hem bellemek zerurdyr. Şunuň ýaly operatorlar hem strategiki alýanslary döredip biler (meselem, WOW Cargo Alliance we Skyteam Cargo). FedEx Express (ABŞ), Cargolux (Lýuksemburg) we beýleki awiakompaniýalar diňe ýükleri daşamak bilen meşgullanýarlar.

Has iri daşaýjylardan (adatça, megaalýanslaryň agzalaryndan) tapawutlylykda, kiçeňräk awiakompaniýalar möçber taýdan serişdeleri tygşytlap bilmeýärler, şoňa görä-de olara bäsdeşlige ukyplylygy saklamak örän kyn düşýär. Ýewropada sebitleriň howa arkaly daşaýjylarynyň diňe sähelçesine öz garaşsyzlygyny saklamak başardýar, olaryň aglabasy bazardaky öňdebaryjylar bilen françaýzing şertnamalaryny baglaşdylar (şonuň ýaly şertnamanyň ilkinjisi 1990-njy ýylda CitiFlyer Express bilen British Airways-yň arasynda baglaşyldy). Françaýzing şertnamasy kiçeňräk awiakompaniýalara gatnawlaryň möç-

berini artdyrmaga we franşizi berijileriň maliýe taýdan kömegine bil baglamaga mümkinçilik berýär. Ýöne wagtyň geçmegi bilen franşizi ulanýan ownuk kompaniýalar köplenç halatda özbaşdaklygyny elden giderip, howa arkaly has köp daşaýjylaryň düzümlerine öwrülýärler.

Ösüp gelýän ýurtlardan howa hyzmatlaryny hödürleýänler has çylşyrymly ýagdaýy başdan geçirýärler. Olaryň köpüsine enjamlary döwrebaplaşdyrmak, howa arkaly gatnawy dolandyrmak boýunça döwrebap ulgamlary guramak, täze uçuş-gonuş zolaklaryny gurmak we ş. m. üçin maliýe serişdeleri we taýýarlykly işgärler ýetmezçilik edýär. Bu ýagdaýlaryň hemmesi halkara bazaryna aralaşmaga däl, hatda milli derejede-de howa ulag pudagynyň ösüşine päsgel berýär. Ösüp gelýän döwletleriň käbiriniň howa flotunyň ösen ýurtlaryň ekologiýa boýunça bildirýän talaplaryna laýyk gelmezligi-de oňaýsyz ýagdaýlaryň biri bolup durýar. Galyberse-de, has pes derejede ösýän ýurtlardaky operatorlar, adatça, diňe sebitlerdäki alýanslara goşulyp bilýärler, çünki şunuň ýaly daşaýjy bilen hyzmatdaşlyk has uly alýanslara peýda getirmeýär.

Halkara syýahatçylyk bazaryndan tapawutlylykda, howa ulaglary boýunça edilýän hyzmatlaryň halkara söwdasy döwlet edaralarynyň hukuk taýdan berk düzgünleşdirilýän şertlerinde ösýär. 1947-nji ýylda kabul edilen Çikago Konwensiýasyna laýyklykda, her bir ýurt öz çäklerinde howa giňişligi boýunça dolulygyna özygtyýarlylyga eýedir. ICAO-nyň Konwensiýa gol çeken her bir agza öz çäginiň ýokarsyndan ICAO-nyň beýleki agzalarynyň howadaky uçarlaryna ýere gonman uçup geçmäge we ýangyç guýmak hem-de tehniki taýdan hyzmat ediş maksady bilen gonmaga (şonda aeroportda daşary ýurtlaryň daşaýjylaryndan alynýan ýygymlar milli daşaýjylardan alynýan ýygymlardan köp bolmaly däldir) hukuk berdi. Howa arkaly gatnawlara degişli beýleki täjirçilik hukuklarynyň ählisini ýurtlar ikitaraplaýyn esasda ylalaşýarlar. Şonuň ýaly ylalaşyklaryň çäklerinde awiakompaniýalara özge ýurduň çäginde ýolagçylary we ýükleri düşürmäge hem-de olary mündürmäge we ýükleri ýüklemäge ygtyýar berilýär. Ikitaraplaýyn ylalaşyklarda daşary ýurtlaryň howa arkaly daşaýjylarynyň şol ýurduň bazaryna aralaşmagynyň şertleri beýan edilýär hem-de üstaşyr uçuşlaryň sany we ýygylygy, ulagdaky

nyrhlaryň ululygy we ş.m. kadalaşdyrylýar. Häzirki wagtda dünýä boýunça ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň 3500-den gowragy baglaşyldy. Şolardan „açyk asman“ (open skies agreements) baradaky ylalaşyklar has liberal häsiýetli diýlip hasaplanylýar, olar daşary ýurt awiakompaniýalaryna şol ýurduň daşary gatnawlarynyň bazarynyň çäklendirilmedik görnüşde elýeterli bolmagyna mümkinçilik döredýär. Meselem, ABŞ şonuň ýaly ylalaşyklaryň 100-den gowragyny baglaşdy, şolaryň arasynda 1995-nji ýylda Kanada we 2007-nji ýylda ÝB ýurtlary bilen baglaşylan ylalaşyklar hem bar. Ýöne şonuň ýaly ylalaşyklaryň çäklerinde hem ylalaşýan taraplar, adatça, daşary ýurt awiakompaniýalaryna kabotaž arkaly ýük daşamagy gadagan edýärler. Munuň özi howa ulaglary hyzmatlarynyň içerki bazaryny goramak maksady bilen amala aşyrylýar.

Ikitaraplaýyn ylalaşyklardan başga-da, sebit derejesinde howa ulaglary hyzmatlarynyň söwdasyny kadalaşdyrýan köptaraplaýyn ylalaşyklar hem baglaşylýar. Muňa mysal edip, And bileleşigine goşulýan ýurtlaryň howa ulaglarynyň bileleşigi baradaky çözgüdini (1991-nji ýyl) görkezmek bolar. 1987–1992-nji ýyllar aralygynda ÝB-niň çäklerinde birnäçe ylalaşyklar kabul edildi, şolaryň netijesi boýunça bir bitewi Ýewropa howa giňişligi döredildi. Indi ÝB-niň awiakompaniýalaryna ÝB-niň bir ýurdundan başga bir ýurduna diňe bir halkara gatnawlaryny däl-de, eýsem şol ýurduň çäginde kabotaž hem amala aşyrmaga rugsat berilýär.

Howa ulaglary arkaly edilýän hyzmatlar – hyzmatlar toplumynyň GATS-yň täsirine düşmeýän ýeke-täk pudagy bolup durýar. Howa ulaglary arkaly edilýän hyzmatlar baradaky Goşunda (Annex on Air Transport Services) laýyklykda, GATS-yň ýörelgeleri (şol sanda RNB we transparentlik babatdaky talaplar) diňe aşakda görkezilen ýagdaýlarda ulanylýar:

1) uçarlary abatlamak we ulanmak üçin hyzmat etmek;

2) howa ulaglary arkaly edilýän hyzmatlaryň söwdasy we marketingi;

3) ätiýaçda saklamak boýunça kompýuter ulgamlarynyň hyzmatlary.

Ýöne görkezilen ugurlarda-da diňe 66 sany döwlet bazary daşary ýurtly ýük daşaýjylar üçin elýeterli etmek we/ýa-da olary milli tertibe ugrukdyrmak boýunça haýsy-da bolsa belli bir borçlary boýun aldy.

Kadalaşdyrmak boýunça halkara derejede umumy düzgünleriň ýoklugy howa arkaly gatnawlaryň ählumumy bazarynyň kemala getirilmegine päsgel berýär. Howa ulaglary boýunça hyzmatlar baradaky gepleşikler Dohidäki duşuşygyň gün tertibine goşuldy, ýöne bu pudak strategiki häsiýetlidir we ol dürli döwletlerde birsydyrgyn ösüşe eýe bolup bilmeýär, munuň özi ýakyn geljekde ikitaraplaýyn şertnamalaryň köptaraplaýyn ulgam bilen çalşyrylmajakdygyny aňladýar.

Ulaglaryň başga görnüşleri barada aýdanyňda, häzirki wagta çenli ýurtlaryň diňe 65-si awtoulaglar, 46-sy – demir ýol ulaglary, 29-sy – içerki suwlardaky ulaglar, 15-si – ýangyç geçirijiler, 4-si – kosmos arkaly ýolagçy we ýük gatnatmak/daşamak boýunça özboluşly borçnamalary boýun aldy. Ýene-de 63 sany borçnama ulaglar bilen bagly goşmaça hyzmatlara degişlidir.

Şeýlelikde, soňky onýyllyklarda dünýä boýunça söwdanyň (şol sanda firmalaryň içerki söwdasynyň) möçberiniň artmagy, şeýle hem halkara syýahatçylygyň ösmegi bilen baglylykda halkara ulag hyzmatlaryna bolan isleg mese-mälim artdy. Dünýä boýunça amala aşyrylýan daşary ykdysady amallaryň agramly bölegi deňiz we howa ulaglarynyň paýyna düşýär, şonda deňiz ulagy arkaly esasan ýükler daşalsa, howa ulagy arkaly ýolagçylar gatnadylýar. Multimodal gatnawlaryň işjeňlik bilen ösdürilmegi pudakdaky esasy ýagdaýlaryň birine öwrüldi, şunda ýükler ulagyň birnäçe görnüşleri arkaly bellenilen ýerine eltilýär, ýöne amallaryň ählisine ýeke-täk ulag kompaniýasy tarapyndan gözegçilik edilýär. Ulag ulgamynyň eksport amallarynda möçberi boýunça ösen ýurtlaryň wekilleri öňde barýarlar, ýöne ösüp gelýän döwletleriň we geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň paýy dura-bara artýar.

Hyzmatlaryň beýleki görnüşleri bilen deňeşdireniňde, gatnawlar boýunça halkara bazarda birgiden çäklendirmeler saklanyp galýar. Ulag ulgamynyň milli ykdysadyýetde örän möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygy üçin diňe az sanly ýurtlar hyzmatlary hödürleýän daşary ýurtlular üçin bazaryň we milli tertibiň elýeterli

bolmagyny üpjün etmek boýunça borçlary boýun aldylar. Galyberse-de, GATS-yň kadalary (şol sanda has artyk amatlyklar düzgünini hödürlemek boýunça talap) howa we deňiz arkaly gatnawlar bilen bagly hyzmatlaryň agramly bölegine degişli däldir. Hyzmatlaryň bu görnüşleriniň söwdasy boýunça birek-birege hukuk bermek, adatça, ikitaraplaýyn ylalaşyklara gol çekmek arkaly amala aşyrylýar. Şoňa görä-de, häzirki tapgyrda ulag hyzmatlarynyň global bazaryny kemala getirmek barada gürrüň etmek ir bolsa gerek.

## 5.4. Türkmenistanyň ulag ulgamynda halkara hyzmatlary kämilleşdirmek

Türkmenistanda ulag ulgamyny ösdürmek ýurduň bazar ykdysadyýetine geçýän şertlerinde ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmakda wajyp rol oýnaýar.

Türkmenistanyň adaty bäsleşik artykmaçlyklarynyň biri hökmünde onuň geografiki ýerleşişi çykyş edýär. Bu artykmaçlyk ýurda Ýewropa, Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň arasynda ulag geçelgesi hökmünde hereket etmäge mümkinçilik berýär. Şuňa laýyklykda ulag hyzmatlarynyň we oňa degişli infrastrukturanyň ösüşi ýurduň daşary söwdasynyň göwrüminiň giňemegi we önümçilik faktorlarynyň çaltlaşmagy üçin wajyp bolup durýar.

Islendik milli ykdysadyýetiň ulag hyzmatlarynyň ösüşine obýektiw faktorlaryň birnäçesi ýardam berýär:

• ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň arasynda aragatnaşyk ulgamlarynyň ösüşini talap edýän ykdysady ösüş;

• ulag gatnaşyklarynyň “gorizontal häsiýeti”, ýagny önümçiligiň, paýlanyşyň, alyş-çalşyň we sarp edişiň dürli tapgyrlarynda ykdysadyýetiň ähli sektorlaryna hyzmat etmäge bolan mümkinçilik;

• ösen infrastrukturanyň bolmagy.

Geografiki nukdaýnazardan alanyňda, netijeli hereket edýän ulag infrastrukturasy ykdysady disbalansy düzlemäge ýardam edýär, şeýle-de üstaşyr geografiki ýagdaýy bolan ýurt hökmünde Türkmenistan üçin aýratyn wajyp bolan resurslaryň we önümleriň halkara alyş-çalşygynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Türkmenistanyň şertlerinde ulag binýatlaýyn pudak bolup durýar we senagatyň, oba hojalygynyň, söwdanyň we durmuş ulgamynyň ösüşiniň deňagramlylygyny üpjün edýär. Ol ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň gurluşyny emele getirýär, ýük daşalyşyny we ýolagçy gatnadylyşyny amala aşyrýar, saglygy goraýşyň, bilimiň we durmuş ulgamynyň beýleki jähtleriniň amatly hereket etmegine esas döredýär, maddy önümçilikde ykdysady işleriň özara baglanyşygyny, döwlet edaralarynda we hojalyk dolanyşygynda çalt dolandyryşy üpjün edýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ulag toplumynyň düzüminde ulag serişdeleriniň ähli görnüşleri, kommunikasiýalar boýunça hyzmatlar hem-de ýokary hilli abatlaýyş hyzmatlary bar, onuň düzüminde ulaglaryň demir ýol, awtomobil, turbageçiriji, deňiz, içerki suw we howa gämileriniň görnüşleri hereket edýär.

Türkmenistanyň hyzmatlarynyň eksportynyň düzüminde ulag hyzmatlary 1-nji orunda durýar. Ykdysadyýetiň globallaşmagy we daşary söwda dolanyşygynyň ösüş prosesleri ulag ulgamynyň ösüşine täzeçe çemeleşmegi, täze tehnologiýalary we ýolagçy gatnatmaklygyň we ýük daşamaklygyň rasional ýollaryny tapmaklygy talap edýär.

Häzirki wagt Türkmenistanyň ulag infrastrukturasynyň ähli görnüşleri boýunça görnükli maddy-tehniki binýadynyň we ägirt uly tranzit mümkinçilikleriniň bardygy bellärliklidir.

Ulag hyzmatlaryny hödürlemekde Türkmenistanyň esasy aýratynlygy türkmen harytlaryny serhet üsti arkaly geçirmek bilen baglydyr, ýurduň bäsleşik artykmaçlyklarynyň doly derejede peýdalanylan ýagdaýynda ulag hyzmatlarynyň eksportynyň ýokarlanjakdygy gümansyzdyr.

Türkmenistanyň demir ýol ulgamynda soňky wagtlarda örän köp özgertmeler bolup geçdi. Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alandan soňra demir ýol ulaglaryny ösdürmeklige uly üns berlip başlandy. 1996-njy ýylda ulanyşa girizilen 308 kilometr uzynlygy bolan Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň 132 kilometri biziň ýurdumyzyň çäginden geçýär. Bu halkara taslamasy Transaziýa ýoluny döretmekde esasy çatryk bolup durýar. Ol Gündogar bilen Günbataryň demir ýol torlaryny birleşdirmäge mümkinçilik berdi. 1993-nji ýylda Artyk-Lýuftabat (3 km) demir ýoly işe girizildi. 1999-njy ýylda uzynlygy 215 km

bolan Türkmenabat–Atamyrat demir ýoly guruldy. Amyderýanyň çep kenaryndan geçýän bu demir ýol şol ýerleriň tebigy, durmuş we ykdysady mümkinçiliklerini özleşdirmäge amatlylyk döretdi. 2009-njy ýylda Strategiki taýdan möhüm bolan Atamyrat bilen Kerkiçiniň aralygynda Amyderýanyň üstünden uzynlygy 1414 metr bolan demir ýol köprüsi gurlup ulanylmaga berildi. Köpriniň gurulmagy netijesinde demir ýol derýanyň sag kenaryna geçip, ýurdumyzyň bütewi demir ýol halkasyna birikdi. Bu bolsa öz gezeginde demir ýol gatnawyny Türkmenistanyň içinden ýola goýmaga, ýoly ep-esli gysgaltmaga hem-de harajatlary azaltmaga mümkinçilik berdi. 2006-njy ýylda Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýoly işe girizildi. Onuň uzynlygy 540 km bolup, ýoluň ugrunda 20 sany stansiýalar we razýezdler ýerleşýär. Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýolunyň gurulmagynyň esasy maksady ýurduň içinde ýolagçylary we ýükleri gatnatmakdan we goňşy döwletler bilen dürli ugurlar boýunça gatnaşygy ösdürmekden ybaratdyr. Bu ýol GDA-nyň düzümine girýän ýurtlar bilen syýasy, ykdysady we sosial gatnaşyklary çaltlandyrmaga, syýahatçylygy ösdürmäge, Garagum çölündäki tebigy baýlyklary özleşdirmäge mümkinçilik döretdi.

Türkmenistanyň BSG-ä goşulmagy bilen ulag hyzmatlaryny sarp edijiler bolan fiziki şahslar we ykdysady subýektler üçin hem belli bir derejede oňyn netijeler ýüze çykar. Ýurduň ykdysadyýetiniň ýük sygymlylygynyň peselmegi bilen ulag çykdajylarynyň derejesiniň peselmegi bolup geçer we öz gezeginde milli harytlaryň halkara bazarlarda bäsleşige ukyplylygyny, önümleri ýerlemegiň göwrümini, diýmek, halkara daşamalaryň göwrümini hem ýokarlandyrmaga, şeýle-de goşmaça walýuta girdejileri gazanmaga ýardam eder.

Mundan başga-da ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin döredilýän kärhanalara işe ýerleşmek bilen türkmen raýatlarynyň iş bilen üpjünçiligini we ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmakda, şeýle-de işewür we önümçilik işjeňliginiň umumy derejesini janlandyrmakda öz beýanyny tapjak multiplikatiw durmuş-ykdysady netijelilik hem wajyp bolup durýar.

Türkmenistanyň ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirijiler daşary bazarlara aralaşmaga mümkinçilik almaklyga uly gyzyklanma

bildirýärler. Häzirki wagtda bu gatnaşyklar Türkmenistan bilen beýleki döwletleriň arasynda baglaşylan ikitaraplaýyn ylalaşyklar esasynda alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde Türkmenistan ulag hyzmatlaryny eksport etmekde dürli päsgelçilikler bilen çaknyşmaly bolýar. Şeýle päsgelçilikleriň biri hem hünärmen sürüjilere wiza bermek tertibi, şeýle-de ýurtlaryň birtopary tarapyndan ulanylýan çäklendirmeler toplumy bolup durýar. Netijede, türkmen daşaýjylaryna daşamalary ýerine ýetirmek üçin gerek bolan rugsatnamalaryň ýeterlik sanyny almak başartmaýar. Ýokarda bellenilen päsgelçilikler awtoulaglar arkaly ýerine ýetirilýän ýük daşamalaryň we ýolagçy gatnatmalaryň göwrüminiň peselmegine getirýär.

Türkmenistanyň BSG-ä goşulmagynyň netijesinde ulag hyzmatlaryny üpjün edijileriň bäsleşige ukyplylarynyň daşary bazarlara gatnaşygyny giňeltmäge, has artyk amatlyklar we deňhukuklylyk esasynda düzgünleşdirmegiň köptaraplaýyn ulgamyna geçmäge, beýleki ýurtlaryň hukuk kemsitme çärelerini ulanmak mümkinçiliklerine garşy kepillendirilen goraglylygy almaga mümkinçilik berer. Şeýle-de BSG-ä goşulmak ulag hyzmatlarynyň eksportynyň biziň ýurdumyzyň üstünden ýolagçylary we ýükleri üstaşyr daşamak ýaly wajyp görnüşiniň ösüşine-de ýardam eder we öz gezeginde Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň ýokarlanmagyna, ulag işleriniň göwrüminiň ösüşine saldamly goşant goşar we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda-da multiplikatiw netije almaga mümkinçilik berer.

Ýakynda Demirgazyk-Günorta demir ýol geçelgesiniň dabaraly ýagdaýda açylyşy boldy. Uzen–Gyzylgaýa (Gazagystan) – Bereket, Etrek (Türkmenistan) – Gürgen (Eýran) aralygynda jemi 909,5 kilometre uzaýan bu demir ýoluň 697,5 kilometri Türkmenistanyň içinden geçýär. Türkmenistanyň, Eýranyň hem-de Gazagystanyň bilelikdäki amala aşyran “Demirgazyk-Günorta” demir ýol şahasynyň uly geljegi bar. Ol Gündogardan Günbatar Ýewropa çenli, Demirgazyk Buzly ummandan Hindi ummanyna çenli uly giňişlikde ýük daşamaga we ýolagçy gatnatmaga mümkinçilik berer. Uzak Gündogary, Aziýa bilen Ýewropany baglanyşdyrjak bu ýoluň ykdysadyýeti, söwdany we hemme taraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekde örän uly ähmiýetiniň boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Täze demir ýol Astrahan–Makat–

Beýnew–Ýeraliýewo–Türkmenbaşy–Bereket–Gürgen menzilleriniň üsti bilen Pars aýlagynyň portlaryna tarap ýükleriň daşalyşyny amatly guramaklyga mümkinçilik berer. Bu ugur bilen gidilende ýol gysgalar, ýük we ýolagçy daşamaga edilýän çykdajylar azalar. Munuň özi bolsa şu ugur boýunça ýolagçy we ýük daşamaga islegi artdyrar. “Demirgazyk–Günorta” ulag geçelgesi Zakawkazýe döwletleri üçin hem örän ähmiýetlidir. Sebäbi olar hem Pars aýlagyna we Hytaýa tarap barýan iň gysga ýola eýe bolýarlar. Olar üçin Gazagystana, Russiýa Federasiýasynyň Demirgazyk–Gündogar sebitlerine barýan ýol has gysgalar. GDA ýurtlarynyň ýükleriniň türkmen portlarynda düşürilip ýüklenmeginiň giňeldilmeginiň ýagdaýyna görä walýuta gowuşmalarynyň köpelmegi mümkin bolar.

Ýurdumyzyň awtomobil ulag ulgamy soňky wagtlarda demir ýol ulgamyna güýçli bäsdeşlik döredýär. Demir ýol ulag ulgamyndan tapawutlylykda awtomobil ulag ulgamy ýükleri daşamakda ýokary hilliligi bilen tapawutlanýar. Olar ýükleriň abatlygyny, ýükleri tabşyrylan ýerine eltmekligiň gysga möhletini üpjün edýärler.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň territoriýasy boýunça halkara ahmiýete eýe bolan şu aşakdaky ugurlar boýunça ýollar geçýär.

• Türkmenbaşy – Aşgabat, Mary –Türkmenabat – Özbegistanyň döwlet serhedi (M-37) awtoýoly;

• Aşgabat – Daşoguz (E-60) awtoýoly;

• Aşgabat – Howdan (E-003) awtoýoly;

• Aşgabat – Bekdaş we Serdar – Gudrolum (E-121) awtoýollary.

Ondan başga-da Türkmenistanyň territoriýasyndan gadymy Ýüpek ýoly geçip gidýär. Bu ýol köp asyrlaryň dowamynda özboluşly Gündogaryň we Günbataryň medeni jebisleşme mysaly we ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň girewi bolup durýar. Ýokarda agzalyp geçilen ýollaryň ugurlary ýurduň hemme welaýatyndan hem-de Aşgabatdan geçip gidýär.

Türkmenistanda deňiz üsti bilen amala aşyrylýan hyzmatlary ösdürmeklige uly ähmiýet berilýär. Onuň ilkinji ädimi Türkmenbaşy şäheriniň deňiz duralgasynyň durkuny abatlamakdan başlandy. Umumy bahasy 40 million ABŞ dollaryna deň bolan Türkmenbaşy şäheriniň gämi duralgasynda geçirilen abatlaýyş işleriniň esasyn-

da bu duralga halkara talaplaryna laýyk getirilip, şu günki günde Ýewropa–Kawkaz–Aziýa (TRASEKA) gatnawynyň esasy berk topary hasaplanýar.

Türkmenbaşy–Baku, Türkmenbaşy–Astrahan, Türkmenbaşy–Mahaçkala, Bender–Türkmen gämi ýol ugurlaryndan Saparmyrat Nyýazow adyndaky, Türkmenistan, Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow, Magtymguly, Türkmenbaşy adyndaky hem-de Balkan gämileri arkaly Türkmenistana Russiýadan, Ukrainadan, Ýewropa bileleşigi ýurtlaryndan ýükleriň esasy akymy gelýär. Bu gämilerden başga-da ýurdumyzda halkara ülňülerine laýyk gelýän tehnologiýalar boýunça ýasalan Galkynyş ýük göterýän gämisi bardyr.

Howa ýollary bilen hyzmat etmek Türkmenistanda uly ösüşe eýe bolan ulgamdyr. Häzirki wagt bu pudak ýurduň iň çalt ösýän pudaklarynyň birine öwrüldi. Bu ugurdaky ilkinji ädim Aşgabatda dünýä derejelerine laýyk gelýän halkara aeroportyň gurulmagy bilen başlandy. Bu aeroport GDA ýurtlarynyň içinde halkara ülňülerine laýyk gelýän ilkinji aeroportdygyny bellemelidir. Bu ýerde ýakynda Türkmenbaşy şäherinde gurlup ulanylmaga berlen ähli halkara standartlara laýyk gelýän aeroporty hem bellemek gerek. Ýakyn wagtlarda ýurtda şeýle aeroportlaryň birnäçesi bina ediler.

Türkmenistandan howa gatnawlary bilen Türkmenhowaýollary Döwlet milli gullugy meşgullanýar. 1992-nji ýylda döredilmegi bilen, Garaşsyzlyk ýyllarynda öz awiaparkyny doly täzeledi we sowet howa gämileriniň ýerine Boeing, Challenger, Hawker ýaly ýolagçy gatnadyjy , IL ýaly ýük daşaýjy we Super Puma, Sikorskiy, MI, YS ýaly dikuçarlary – Günbatar kompaniýalarynyň howa ulaglaryny satyn aldy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň howa gämileri Ýewropanyň we Aziýanyň birnäçe döwletleriniň köpsanly şäherlerine uçuşlary amala aşyrýar. Halkara howa ugurlary boýunça her ýylda ýarym milliondan gowrak adam gatnadylýar. Howa parkyny kämilleşdirmek bilen bir hatarda ýerüsti gulluklarda hem düýpli özgerişler bolup geçdi. “Awaza” MSZ-ny döretmegiň maksatnamasynyň çäklerinde 2010-njy ýylyň aprelinde Türkmenbaşy şäherinde geçirijilik ukyby sagatda 800 ýolagçy bolan halkara aeroportynyň desgalarynyň täze toplumy, 400 tonna çenli howa gämilerini kabul etmek

üçin uzynylygy 3500 metre deň bolan emeli uçuş-gonuş zolagy açyldy. Howa hereketini dolandyrmagyň ulgamy döwrebaplaşdyryldy. Häzirki wagtda bir günde ýurduň howa giňişliginde dünýäniň 200-e golaý awiakompaniýalarynyň howa gämilerine hyzmat edilýär. Bu uçuşlaryň hyzmat edişini we utgaşdyrmasyny howa hereketini dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan merkezi üpjün edýär.

Häzirki wagtda ýurduň uçar flotiliýasy barha ösýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň howa ýollarynyň ösmegine ýurduň dünýäniň dürli künjekleri bilen göni howa ýollarynyň açylmagy anyk şaýatlyk edýär. Muňa mysal hökmünde, Aşgabat–Helsinki, Aşgabat–Frankfurt, Aşgabat–Pariž, Aşgabat–Madrid, Aşgabat–Dakka, Aşgabat–Pekin, Aşgabat–Singapur, Aşgabat–Nýu Ýork, Aşgabat–Abu Dabi, Aşgabat–Amritsar, Aşgabat–Birmingem, Aşgabat–Dubaý, Aşgabat–Deli, Aşgabat–London, Aşgabat–Bangkok, Aşgabat–Maşat, Aşgabat–Toronto, Aşgabat–Ystambyl, Aşgabat–Moskwa, Aşgabat–Sankt Piterburg, Aşgabat–Kiýew, Aşgabat–Daşkent, Aşgabat–Almaty, Aşgabat–Bişkek we başga-da birnäçe halkara howa ýollaryny getirmek mümkin. Şeýle-de Türkmenistanyň üstünden uçup geçýän daşary ýurt uçarlary hem hut şu ýerde gonup, ýangyç guýup, ýene-de ýoluny dowam etdirýärler. Uçarlar bilen ýük daşamaklygyň möçberi barha artýar. Ýolagçy gatnatmakda ýetilen sepgitler öwgä mynasypdyr. “Türkmenhowaýollary” müdirligine dünýä belli “Boing” şereketiniň uçarlary satyn alyndy. Ulaglar toplumynyň mundan beýläk hem ösdürilmegi Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň çözgütlerine, telekeçilik işiniň işjeňleşmegine, syýahatçylygyň ösmegine ýardam berer.

Ykdysadyýetiň globalizasiýalaşmagy we daşary söwda dolanyşygynyň ösüşi bilen baglanyşykly ýagdaýlar ulagyň ösüşiniň, ýolagçylary we harytlary daşamaklygyň täze tehnologiýalaryny we amatly ýollaryny gözläp tapmaklygy talap edýär.

Ulag toplumynyň mundan beýläk hem ösdürilmegi Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň çözgütlerine, telekeçilik işiniň işjeňleşmegine, syýahatçylygyň ösmegine ýardam berer.

# VI bölüm

# BANK WE MALIÝE HYZMATLARY

## 6.1. Halkara walýuta bazary. Banklaryň alyp barýan işi

Dünýä ykdysadyýeti oňat ýola goýlan ösen maliýe bazary, şol sanda walýuta bazary bolmazdan göz öňüne getirmek mümkin däldir.

**Walýuta bazary** – bu islegiň we teklibiň esasynda walýutanyň we gymmatbaha kagyzlaryň walýutada satylmagy-satyn alynmagy amala aşyrylýan resmi maliýe merkezidir.

Funksional nukdaýnazardan walýuta bazary halkara hasaplaşyklary amala aşyrmaklygy, walýuta töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmaklygy, walýuta ätiýaçlyklaryny, walýuta interwensiýasyny diwersifikasiýalaşdyrmaklygy, gatnaşyjylara walýuta kursunyň aratapawudy görnüşinde peýda almaklygy üpjün edýär.

Institusional nukdaýnazardan walýuta bazary banklaryň, walýuta biržalarynyň we maliýe institutlarynyň jemi hökmünde orta çykýar.

Guramaçylyk-tehniki nukdaýnazardan walýuta bazary– bu halkara hasaplaşyklary, karz we beýleki amallary amala aşyrýan dürli ýurtlaryň banklaryny bir bütewi ulgama birleşdirýän telefon, teleks, elektron we beýleki aragatnaşyk ulgamlarynyň jemidir.

Hereket ediş giňişligi boýunça walýuta bazary içerki we halkara bazarlara bölünýär.

Halkara walýuta bazary dünýäniň aýratyn sebitlerinde maliýe merkezleri (banklar, biržalar) tarapyndan döredilýän sebitleýin bazarlaryň birnäçesinden ybaratdyr.

Halkara walýuta bazary dünýäniň ähli ýurtlarynyň walýuta bazarlaryny öz içine alýar. Ol dünýäniň sebitleýin walýuta bazarlarynyň kabel we hemra aragatnaşyklar ulgamy arkaly özara ysnyşykly baglanan toplum hökmünde orta çykýar.

Häzirki wagt Aziýanyň (Tokio, Gonkong, Singapur, Melburn), Ýewropanyň (London, Maýndaky Frankfurt, Sýurih), Amerikanyň (Nýu-Ýork, Çikago, Los-Anjeles) bazarlaryny tapawutlandyrmak bolýar. Dünýäniň sebitleýin walýuta bazarlarynyň dürli sagatlaýyn guşaklyklarda ýerleşmegi esasynda halkara walýuta bazarlary gije-gündiz işleýär diýip aýtsa bolar. Adatça dünýäniň sebitleýin bazarlarynda hemme walýutalar däl-de, diňe berlen bazarda iş alyp baryjylaryň has köp ulanýan, ýagny ýerli pul birlikleri, we ilkinji nobatda, ätiýaçlandyryş walýutasy hökmünde belli bolan birnäçe öňdebaryjy erkin konwertirlenýän walýutalar bahalandyrylýar.

Halkara walýuta bazarlarynda hereket edýän banklar halkara bank ulgamyny emele getirýär. Bu ulgam halkara walýuta ulgamyny emele getirýän düzgünleriň we kanunlaryň kesgitli toplumy esasynda düzgünleşdirilýär.

**Halkara walýuta ulgamy** – bu dünýäniň ähli ýurtlarynyň pul ulgamy bolup, onuň çäklerinde walýuta resurslary emele getirilýär we ulanylýar, şeýle-de halkara töleg dolanyşygy amala aşyrylýar. Başgaça aýdylanda, halkara walýuta ulgamy – munuň özi halkara töleg serişdeleriniň (erkin konwertirlenýän walýuta, halkara toparlaýyn walýutalar) kesgitli toplumydyr, şeýle-de walýuta kurslaryny we walýuta paritetlerini goşmak bilen walýuta alyş-çalşygynyň tertibini; halkara dolanyşygy walýuta-töleg serişdeleri bilen üpjün etmegiň mehanizmini; halkara hasaplaşyklaryň görnüşleriniň reglamentirlenmegini we unifisirlenmegini; halkara walýuta we altyn bazarlaryň tertibini; walýuta gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän döwletara walýuta-karz institutlarynyň gurluşyny we statusyny; daşary ykdysady iş bilen baglanyşykly halkara hasaplaşyk we karz amallaryny geçirýän halkara we milli bank edaralarynyň ulgamyny özünde jemleýän ulgamdyr.

Halkara walýuta ulgamy – üýtgäp durýan, ösýän ulgamdyr. Halkara walýuta ulgamy özüniň ösüşiniň dowamynda dört döwri başdan geçirdi.

**I. Pariž walýuta ulgamy** (1816–1914).

Altyn standarty diýlip atlandyrylýan bu ulgamda altyn kesgitli derejede önümçiligiň, daşary ykdysady aragatnaşyklaryň, pul dolanyşygynyň, töleg balansynyň we halkara hasaplaşyklaryň özakymlaýyn sazlaýjysy roluny ýerine ýetirdi.

Erkin bäsleşikli kapitalizmiň monopolistik we döwlet-monopolistik kapitalizimine geçmegi bilen klassyky altyn standart öz möwritini ötürdi. Sebäbi ol dünýä kapitalizminiň ösen öndüriji güýçleriniň we hojalyk baglanyşyklarynyň çäklerine laýyk gelmeýärdi, ykdysadyýeti sazlamaga päsgel berýärdi, monopoliýalaryň daşary ykdysady ekspansiýasyny bökdeýärdi.

Ýuwaş-ýuwaşdan halkara hasaplaşyklarda altyn bilen bir hatarda funt sterlingler we ABŞ-nyň dollarlary ulanylyp başlandy. Halkara hasaplaşyklar üçin niýetlenilen daşary ýurt walýutasyndaky töleg serişdeleri dewiz diýlip atlandyrylyp başlandy.

**II. Genuýa walýuta ulgamy** (1922–1944).

Ikinji dünýä walýuta ulgamy 1922-nji ýylda bolup geçen Genuýa konferensiýasynda döwletara ylalaşyk arkaly tassyklanyldy. Onuň esasynda altyn-dewiz standarty çykyş edip, bu ýerde karz pullaryň altyn tokgalary bolan ýurtlaryň walýuta dewizlerine we soňra altyna çalşylmagy bolup geçýärdi.

**III. Bretton-Wuds walýuta ulgamy** (1944–1976).

Üçünji dünýä walýuta ulgamy altyn-walýuta standarty esasynda emele geldi. Onuň emele gelmegi XX asyryň 30-njy ýyllarynda başlandy we 50–60-njy ýyllarda tamamlandy. Bu ulgam 1944-nji ýylda Bretton-Wuds (ABŞ) konferensiýasynda tassyklanyldy. Bu ulgamda altyn-dewiz standartynyň käbir taraplary saklanyp galdy, ýöne bu walýuta ulgamyň aýratynlyklary hem bar. Olar, birinjiden, altyn-dewiz standartynyň diňe merkezi banklar üçin bolmagy, ikinjiden bolsa, munda diňe ABŞ-nyň dollary (ýagny, ýeke-täk walýuta) altyna çalşylýardy. Aslynda bu altyn dollar standarty boldy diýseň hem bolýar.

Bretton-Wuds konferensiýasynyň kararlaryna laýyklykda Halkara walýuta guramasy(HWG) döredildi. Bu gurama ýurtlaryň

arasyndaky walýuta gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegi amala aşyryp başlady. HWG-niň özara jogapkärçilikleriň esasynda ýüze çykýan wagtlaýyn kynçylyklary ýeňip geçmek üçin ýeňillikli şertlerde gysga we orta möhletli karzlary bermäge hukugy bardy. Bretton-Wuds walýuta ulgamy halkara hasaplaşyklarda ABŞ dollaryny aýratyn hukukly pul birligi hökmünde orta çykarýan walýuta mehanizmi boldy.

60-njy ýyllaryň ahyrynda Bretton-Wuds walýuta ulgamynyň we kapitalistik dünýä hojalygynyň güýçlenýän internasionallaşmasynyň, transmilli kapitalyň emele gelmeginiň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykdy.

**IV.Ýamaýka walýuta ulgamy** (1976).

HWG-niň agzalarynyň 1976-njy ýyldaky Ýamaýka (Kingston) ylalaşygy täze dünýä walýuta ulgamynyň hereket etmeginiň ýörelgelerini hukuk taýdan kesgitledi. Bu ulgamyň esasynda üýtgäp durýan alyş-çalyş kursy we köp walýutaly standart ýatandyr.

Alyş-çalyş kursunyň çeýe görnüşine geçmek üç sany esasy maksada ýetmekligi göz öňünde tutýardy:

- dürli ýurtlaryň inflýasiýasynyň depginlerini dogrulamak;
- töleg balanslaryny deňleşdirmek;
- aýry-aýry merkezi banklaryň ýurtlaryň içinde erkin walýuta syýasatyny barlamaklary üçin mümkinçilikleriniň giňeldilmegi.

Ýamaýka walýuta ulgamy şu esasy alamatlar boýunça häsiýetlendirilýär:

1. Birnäçe walýutalaryň bolmagyny şertlendirýär.
2. Altynyň pul pariteti ýatyryldy.
3. Erkin konwertirlenýän walýuta, SDR we HWG-niň ätiýaçlyk gorlary halkara hasaplaşyklaryň esasy serişdelerine öwrüldi.
4. Walýuta kurslarynyň üýtgeýşiniň çäk derejesi ýokdur. Walýutalaryň kursy islegiň we teklibiň täsiri esasynda emele gelýär.

5. Ýurt walýuta kursunyň düzgünini (fiksirlenen, üýtgäp durýan ýa-da garylan) özi saýlap alýar, ýöne walýuta düzgünini altynda görkezmek gadagan edilýär.

Banklar halkara arenasyndaky amala aşyrýan işlerini häzirki wagt hereket edýän walýuta ulgamyna esaslanyp alyp barýarlar. Banklaryň alyp barýan işi **bänkiň** (iňlis dilinde banking–bank işi) diýlip atlandyrylýar, ol bankyň daşary ýurt guramaçylyk birlikleri; halkara korrespondent gatnaşyklary; bankyň walýuta geçirimleri; halkara bank karzlarynyň ýörelgeleri; halkara bank hyzmatlarynyň beýleki görnüşlerinden ybarat. Başgaça aýdylanda, bänkiň–bu halkara bank biznesidir.

Bank öz daşary ykdysady işini halkara departament guramasynyň, daşary ýurt bölümçesiniň, golçur bankyň we milli banklar bilen korrespondent gatnaşyklarynyň üsti bilen amala aşyrýar. Bu ýagdaýlarda bankyň halkara departamenti daşary gatnaşyklarynyň özüne çekijiligini çykdajylaryň ýerlikliligi bilen deňeşdirip görmegi hökmandyr.

Bankyň öz daşary ykdysady işini ýurduň içindäki işi, bir bütewi maliýe hasabaty, likwidliligiň bir bütewi kadasy, bankyň kapitalynyň ýeterlik bolmagy bilen utgaşykly alyp barýar. Bankyň halkara biznesi töwekgelçiligiň we çykdajylaryň gündelik ölçegleriniň hem-de olaryň bank kapitalynyň we normatiwleriň derejesine täsiriniň üsti bilen bahalandyrylýar.

***Halkara departament*** – bu bir kiçiräjik bank bolmak bilen, halkara maliýe bazarynda: depozitleri açmak; beýleki karz edaralaryndaky depozitlere öz pul serişlerini goýmak; öz kitapçalaryndaky hasaplaryň çeklerini tölemek we daşary ýurtdaky öz gaznalary üçin çekleri ýazyp bermek; geçirimleri almak we tölemek; pul serişdeleriniň transfertini amala aşyrmak; giriş we çykyş tabşyryklaryny inkassirlemek; ýerli we daşary ýurtly karz alyjylara karz bermek; korrespondent bank gatnaşyklaryny saklamak, şeýle-de beýleki bank amallaryny ýerine ýetirmek bilen meşgullanýar. Bu amallar korrespondent gatnaşyklaryň esasynda daşary ýurt korrespondent banklar bilen bölümçeleriň we golçur kärhanalaryň gatnaşmagynda ýerine ýetirilýär.

***Daşary ýurt bölümçeleri*** bank hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini hödürleýär. Ondaky depozitler enelik bankyň ýerleşýän ýurdundaky merkezi bankda ätiýaç saklanýan serişdelere degişli bolmaýar.

Bölümçeler işgärleri işe özbaşdak alyp bilýärler, hasabat boýunça talaplary berjaý edýärler we ş.m. Işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmak maksady bilen bank daşary ýurtda öz wekilhanasyny döredip bilýär. Bu wekilhananyň düzümi wekilden, kömekçiden we kätipden ybarat. Wekiller hiç hili bank amallaryny ýerine ýetirmeýärler, olar diňe müşderileri bölümçelere ýa-da bankyň baş müdirligine ugradýarlar.

Bankyň wekilhanasynyň açylmagy köplenç onuň yzysüre bölümçäniň açylmagynyň düýbüni tutýar. Käbir ýurtlarda daşary ýurt banklarynyň bölümçelerini açmak gadagan, şonuň üçin bu ýurtlarda wekilhanalar açylýar.

**Daşary ýurt golçur banky** – bu milli ýa-da özara bankyň golundaky daşary ýurt kompaniýasydyr.

Onuň halkara bank işi pul serişdeleriniň transferti, walýuta alyş-çalşygy, halkara söwdany maliýeleşdirmek üçin esas bolup hyzmat edýän korrespondent gatnaşyklaryna esaslanýar.

Korrespondent bolup berlen sebitde başga bankyň alyp barýan işine (şol bankyň hasabyna) wekilçilik edýän we onuň maliýe we täjirçilik tabşyryklaryny ýerine ýetirýän bank ýa-da maliýe kompaniýasy çykyş edýär.

***Korrespondent gatnaşyklary*** – bu biri-biriniň tabşyrygy boýunça tölegleri we hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin karz edaralarynyň arasyndaky ylalaşylan gatnaşyklardyr. Korrespondent gatnaşyklary ýola goýlanda banklar hat alyş-çalşygyny ýola goýýarlar, haýsy hasaplar boýunça özara hasaplaşyklaryň geçiriljekdigini ylalaşýarlar, wezipeli adamlaryň gollarynyň nusgalaryny, komission haklaryň derejelerini alyş-çalyş edýärler.

***Korrespondent ylalaşygy*** – bu iki ýa-da birnäçe banklaryň arasynda olaryň biriniň (onuň hasabyna) beýlekä tabşyrygy netijesinde tölegleri we hasaplaşyklary geçirmek baradaky ylalaşygydyr. Korrespondent ylalaşyklary baglaşylanda hasaplaşyklaryň walýu-

tasy, üçünji ýurtlaryň hasaplaryna pul serişdeleriň galyndysyny geçirmegiň düzgünleri, hasaby doldurmagyň tertibi we beýleki şertler kesgitlenilýär. Korrespondent ylalaşyklaryň esasynda daşary söwda boýunça, şol sanda, akkreditiwler, daşary ýurt pul geçirimler boýunça hasaplaşyklar ýerine ýetirilýär.Ylalaşykda göz öňünde tutulan möhlet gelende korrespondent–banklar korrespondent hasaplar boýunça ýazgylaryny deňeşdirýärler.

***Korrespondent hasaby*** – baglaşylan korrespondent ylalaşygy esasynda bir karz edarasynyň tabşyrygy netijesinde başga bir karz edarasynyň ýerine ýetiren hasaplaşyklary şöhlelenýän hasapdyr. Halkara hasaplaşyklar boýunça korrespondent hasaplar iki görnüşe bölünýär: “Nostro” hasaby we “Loro” hasaby.

***“Nostro” hasaby*** – 1-njiden, bu–bankyň öz daşary ýurt korrespondent bankyndaky hasaby, bu hasapda onuň ähli çykdajylary we girdejileri hasaba alynýar; 2-njiden, bu– korrespondent hasaby bolup, bu hasapda bankyň tabşyryklary boýunça korrespondentiň gatnaşmagynda ähli amallar ýerine ýetirilýär.

***“Loro” hasaby*** – 1-njiden, milli bankda daşary ýurt bank-korrespondentiniň adyna açylýan halkara hasaplaşyklar boýunça korrespondent hasaby; 2-njiden, öz korrespondentiniň tabşyrygy boýunça berilýän ýa-da alynýan pullaryň goraglylygy üçin bank-korrespondenti tarapyndan açylýan hasapdyr. Şeýle-de “Loro” hasaby berlen karz edarasynda bank-korrespondenti tarapyndan açylan üçünji bankyň korrespondent hasaby hem bolup biler. Şunuň bilen birlikde, berlen karz edarasyndaky bank-korrespondentiniň hasabyna ***“Wostro”*** hasaby diýilýär.

Iri bank milli we sebitleýin bazarlara hyzmat etmek bilen birlikde beýleki banklara hem kömek edýär we olaryň müşderilerine öz hyzmatlaryny hödürleýär. Ownuk banklar iri banklardan esasy bazarlarda hyzmatlaryny ýerlemek üçin we olardan ýöriteleşdirilen kömekleri, şol sanda karzlary almak üçin olaryň korrespondentleri bolýarlar. Iri banklar bolsa sebitleýin bazarlara aralaşmak üçin ownuk banklaryň korrespondentleri bolýarlar.

## 6.2. Halkara walýuta-maliýe hyzmatlaryny amala aşyrýan guramalar

Halkara maliýe bazarlarynda Halkara walýuta fondy we dürli halkara banklar, assosiasiýalar, toparlar hereket edýär. Mundan başga halkara sebitleýin bazarlarda dürli sebitleýin banklar we guramalar hereket edýär.

***Halkara walýuta gaznasy (HWG)*** – bu BMG-niň ýöriteleşdirilen organy bolan halkara walýuta-maliýe guramasydyr. Ol 1944-nji ýylda BMG-niň ýanynda döredildi. HWG-niň esasy wezipeleri: halkara söwdasynyň ösüşine, walýuta-maliýe hyzmatdaşlygyna ýardam bermek, HWG-niň agza ýurtlarynyň töleg balanslaryny goldamak we olaryň walýuta kurslaryny düzgünleşdirmek, dünýäniň walýuta ulgamyny sagdynlaşdyrmak boýunça özgertmeleri işläp düzmek, öz agzalaryna karzlary bermek bolup durýar.

***Halkara ösüş we özgerdiş banky (HÖÖB)*** – bu halkara karz guramasy bolup, BMG-niň ýöriteleşdirilen maliýe edarasydyr. HÖÖB-iň esasy işi döwlet we hususy kärhanalara degişlilikde pes stawkalar boýunça uzakmöhletleýin karzlary bermekden ybarat. Şunuň bilen birlikde, alnan karzlaryň degişli hökümetler tarapyndan ösüp gelýän ýurtlara we sebitleýin banklara paýlamak üçin ugradylmagyna kepil geçmekleri hökmandyr. Bankyň agzalarynyň hataryna diňe HWG-niň agza ýurtlary kabul edilýär. HÖÖB, şeýle-de Bütindünýä banky ady bilen hem bellidir.

***Halkara hasaplaşyklar banky (HHB)*** – bu aksioner başlangyçlarda hereket edýän hasaplaşyk palatasydyr. HHB 1930-njy ýylda Bazelde german reparasiýalary hakyndaky Gaaga şertnamasy boýunça döredildi. Bank merkezi banklaryň maslahatlar we hyzmatdaşlyk edarasydyr, dürli walýuta-karz hasaplaşyklaryny geçirýär.

***Halkara obligasiýalar boýunça dilerleriň assosiasiýasy*** – 1964-nji ýylda Sýurihde döredilen bu gurama gymmat bahaly kagyzlaryň halkara bazarynda söwdanyň düzgünlerini we standartlaryny işläp düzýär.

***Kliring tölegler ulgamlarynyň assosiasiýasy*** – 1985-nji ýylda Londonda döredilen bu gurama bankara kliring ulgamlarynyň işini koordinirlemek bilen meşgullanýar.

***Walýuta dilerleriniň halkara assosiasiýasy*** – 1955-nji ýylda Sýurihde esaslandyrylan bu guramanyň 10 müňden hem gowrak şahsy agzalary(dilerleri) bar.

***Ýewropa banklarynyň halkara kompaniýasy (ÝBHK)***– daşary söwda geleşiklerini karzlaşdyrmak we halkara taslamalary maliýeleşdirmek bilen meşgullanýan bank toparlanmasydyr. ÝBHK 1970-nji ýylda döredildi.

***Fond biržalarynyň halkara federasiýasy*** – öňdebaryjy fond biržalarynyň birleşigidir. Ol 1961-nji ýylda ýüze çykýan meseleleri maslahatlaşmak, barlaglary koordinirlemek we maglumat ýygnamak üçin döredildi. Onuň ştab-kwartirasy Parižde ýerleşýär.

***Halkara maliýe korporasiýasy(HMK)*** – bu HÖÖB-iň bölümçesi, ol 1956-njy ýylda döredildi. HMK BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy bolmak bilen, hökümet kepilliklerini talap etmezden, hususy kapitala karzlary bermek bilen meşgullanýar. Ýöne HMK karzlary şu şertler berjaý edilen ýagdaýynda berýär: taslama ýokary derejede girdejili we maliýe taýdan netijeli bolmaly; HMK-nyň serişdeleriniň göwrümi, taslamany maliýeleşdirmek işiniň umumy göwrüminiň 20%-den köp bolmaly däl (galan 80%-i – bu hususy kapitalyň serişdeleri bolmaly).

***Eksport karzlary boýunça resmi goldawly halkara ylalaşyk(konsensus)*** – bu 22 sany ýurduň ylalaşygydyr. JMÖ-niň jan başyna düşýän gymmatynyň derejesine baglylykda üç derejedäki ýurtlara 2–5 ýyl we ýokary möhlet bilen pes göterimli stawkalar boýunça karzlary berýän ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasydyr. 2 ýyl möhlet bilen berilýän eksport karzlary bazar gatnaşyklarynyň şertleri boýunça berilýär.

***Bankirleriň instituty*** – Bankirleriň 1879-njy ýylda döredilen professional guramasydyr. Dünýäniň köp ýurtlarynda 110 müňden gowrak şahsy agzalary bar. Bilim bermek, diplom bermek, maglumatlary ýaýratmak bilen meşgullanýar.

***Halkara maliýe institutlary*** – öňdebaryjy karz berijileriň (40 ýurtdan 200-e golaý edara)guramasy, özbaşdak karz alyjylar boýunça maglumat toplamak we seljermek işi bilen meşgullanýar. 1984-nji ýylda döredildi we edara edilen ýeri bolan Ditgliniň şanyna Ditgliniň institutу ady bilen hem bellidir.

***Ýewrohyzmatdaşlar*** – bu halkara bank toparlanmasy(klub) bolup, esasan ýewrowalýuta bazarlarynda karzlaşdyrmak , taslamalary maliýeleşdirmek, emlägi we gymmat bahaly kagyzlary, lizing amallary dolandyrmak bilen meşgullanýar. Ol 1971-nji ýylda döredildi.

***"Töwekgelçilik" kapitalynyň Ýewropa assosiasiýasy*** – wençur maýa goýumlarda, ýagny ýokary töwekgelçilikli goýumlar bilen baglanyşykly maýa goýumlarda ýöriteleşýän banklaryň we firmalaryň birleşigidir.

***Ýewropanyň maliýe guramasy (ÝMG)*** – bu halkara bank toplanmasy. 1967-nji ýylda döredilip, esasan täjirçilik karzlaryny bermek, bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek, energetika biznesi bilen meşgullanmak boýunça işleri alyp barýar.

***Ýewropanyň ösüş we özgerdiş banky (ÝÖÖB)*** – 1990-njy ýylda 42 sany ýurduň hökümetleriniň we halkara guramalarynyň gatnaşmagynda döredilen halkara bank. Amallaryny 1991-nji ýyldan bäri amala aşyryp gelýär. ÝÖÖB-iň döredilmeginiň esasy maksady–bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwri Gündogar we Merkezi Ýewropa ýurtlaryna karz kömeklerini bermekdir.

***Ýewropanyň maýa goýum banky (ÝMB)*** – 1959-njy ýyldan bäri hereket edýär. Onuň döredilmeginiň maksady–Ýewropa sebitlerinde uzakmöhletleýin karzlar görnüşini maliýeleşdirmek bolup durýar.

***London kluby*** – günbataryň 600 sany iri karzlaşdyryş banklarynyň birleşmesi.

***Pariž kluby*** – dünýäniň esasy karz beriji ýurtlarynyň toparlanmasy. Ol 19 sany ýurdy birleşdirýär. Onuň işine HWG we Bütindünýä banky hem gatnaşýar. Pariž kluby bergidar ýurduň töleg balansynda deňagramlylygy saklamakda kynçylyk ýüze çykýan mahaly maliýe meselesini çözmek işine öz goşandyny goşýar. Munuň üçin ol bergidar ýurt bilen onuň daşary bergisiniň töleg

möhletini yza süýşürmäge mümkinçilik berýän ylalaşyk işläp düzýär.

Pariž klubunda hiç hili reglament ýok, onuň çözgütleri ýörelgeleriň bütewiliginiň esasynda kabul edilýär. Klub döwletlere ýa-da olaryň kepillikleri esasynda karz alyjy ýurtlara berilýän ýurdara bergileriň, ýagny karzlar boýunça daşary bergileriň meseleleri bilen meşgullanýar. Köplenç ýagdaýda karz alyjy ýurtlar berginiň töleg möhletini yza süýşürmek haýyşy bilen ýüz tutýarlar. Bu ýagdaýda karz alyjylar ýüze çykan ýagdaýy düzetmek boýunça döwlet çäreleriniň maksatnamasyny hödürleýärler.

Pariž klubuna ýüz tutmagyň esasy şerti, bu–maksatnamanyň Halkara walýuta gaznasy tarapyndan öňünden makullanmagydyr.

## 6.3. SWIFT hyzmatlary

SWIFT (SWIFT – Societety for Worldwide Interbank Financial Telecommunications) – halkara bankara maliýe telearagatnaşyk jemgyýeti. Ol 1973-nji ýylda Brýusselde halkara hasaplaşyklary ýönekeýleşdirmek we unifisirlemek, ýüze çykyp biläýjek ýalňyşlyklary aradan aýyrmak bilen maglumatlaryň uly göwrümi geçirilende tizligini ýokarlandyrmak maksady bilen 15 sany ýurduň 240 sany bankynyň wekilleri tarapyndan döredildi.

1977-nji ýylyň aýagyndan bäri işjeň hereket edýän SWIFT, şahsy kompýuterlere esaslanýan kompýuteriň ýörite gurnamalar arkaly, telefon arkaly birikdirilen her bir bankyň içindäki we kompýuterleriň hususy bank terminal arkaly dürli ýurtlardaky banklaryň tory bilen arabaglanyşygy Ýeriň emeli hemrasy arkaly amala aşyrylýar. Häzirki wagtda SWIFT 92 sany ýurtdan 3700 sany maliýe institutyny (banklary, söwda-senagat edaralary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary) birikdirýär. SWIFT tory boýunça her günde geçirilýän maglumatlaryň jemi mukdary 2 million habardan geçýär. SWIFT torunyň giň ýaýramagy, bu tor boýunça habarlaryň dünýä-

niň islendik künjegine 5–20 minut wagtda barýanlygy bilen şertlendirilen, özi hem şol bir wagtda onda ýokary derejede maglumaty goraýyş we ýerine ýetiriliş ynamlylygy üpjün edilýär.

1993-nji ýylda SWIFT maliýe interfeýsleriň täze görnüşlerini girizdi we ony SWIFT ALLIANCE diýip atlandyrdy.

Interfeýs (iňlis sözi– interface) – hasaplaýjy ulgamlaryň gurnamalarynyň özara baglanyşmagy amala aşyrýan unifisirlenen baglanyşyklaryň we signallaryň ulgamy.

Açyk ulgamlara esaslanyp döredilen SWIFT ALLIANCE maliýe ulgamlarynyň talaplaryna maliýe arabaglanyşygynyň hemme serişdeleri üçin bir bütewi platforma görnüşinde jogap bolýar. Bu ulgam bar bolan ST 200 ulgamyň ulanyş ýeňilligini, ST 400 ulgamyň ulanma giňişligini we ST 500 ulgamyň goýberiş mümkinçiliklerini üpjün edýär. Maglumatlary işlemegiň köp prosessorlygy, beýleki torlara goşulyşma laýyklygynyň bolmagy, grafiki maglumaty geçirip bilmegi, şekilli programma üpjünçiligi we açyk ulgamlaryň standartlaryna laýyklykda SWIFT ulgamynyň umumy strategiýasyna jogap bolýar.

SWIFT ALLIANCE bir derejäniň ýönekeý ulgamynda köp torly köp ugurly ulgama geçmäge mümkinçilik berýär. SWIFT ulgamy arkaly kompýuterler habarlaryň 7 sany dereje toparlaryny we olara girýän 70 sany görnüşli standart bank we maliýe maglumatlaryny biri-birine geçirýärler. Her bir görnüş maglumatlary geçirmek boýunça taraplaryna maksimal doly we takyk beýan bolmagyna niýetlenendir. Habaryň teksti meýdanlardan durýandyr we olaryň bir bölegi hökmanydyr. Käbir meýdanlar dürli usullar bilen goýberilip ýa-da kodirlenip bilner, ýöne olaryň hemmesi öňünden belgilenendir.

Hökmany meýdanlary habary dogry işlemek üçin zerur bolan maglumaty saklaýarlar. Gerek bolan halatynda goşmaça maglumatlar hökmany bolmadyk (opsion) meýdanlarynda ýerleşýär.

Her habar ady, teksti, şahsyýetnamany, soňlamany saklaýar.

## 6.4. Ösen ýurtlaryň töleg hyzmatlary

SWIFT ulgamyndan başga hasaplaşyklar, mysal üçin, “Fedwaýr” (ABŞ), ÇIPS (ABŞ), ŞMKS (Şweýsariýa), ÝB-MTU (Ýaponiýa) ulgamlary arkaly amala aşyrylyp bilner.

“Fedwaýr”, bu– uly mukdardaky pul serişdeleriniň we gymmat bahaly kagyzlaryň geçirilişi şu aşakdaky ýaly amala aşyrylýar.

“Fedwaýr” ulgamy arkaly pul serişdeleriň geçirilişi real wagtda toplumlaýyn hasaplaşyklar görnüşinde amala aşyrylýar, şol bir wagtda serişdeleri iberiji tarap gurnaýjy bolup durýar (“Fedwaýr” ulgamy karz pul geçiriliş ulgamydyr). Umuman haýsy hem bolsa bir gazna bankynda gazna ýa-da alyş-çalyş hasaplary bolan maliýe edaralary (daşary ýurt banklarynyň wekilleri bilen bilelikde) tölegleri ibermek we almak üçin “Fedwaýr” ulgamyny gös-göni ulanyp bilerler.

“Fedwaýr” ulgamyna gatnaşyjylar pul serişdelerini beýleki federal gazna bankynda hem tölegi alyjy edaranyň hasabyna ýa-da islese, üçünji tarapyň haýryna hem, mysal üçin, gatnaşyjy korrespondentiň, korporasiýanyň ýa-da fiziki şahsyýetiň hasabyna geçirip biler. “Fedwaýr” ulgamy pul geçirimleri, esasan indiki iş gününe çenli bankara karzlar, bankara hasaplaşyklar, korporasiýalaryň arasyndaky hasaplaşyklar we gymmat bahaly kagyzlar üçin hasaplaşyklar bilen baglanyşykly operasiýalar üçin ulanylýar.

“Fedwaýr” ulgamy töleg habarlary 12 sany gazna bankyny we şol gazna banklarynda hasaplaşyk hasaplary bolan maliýe edaralaryny birikdirýän arabaglanyşyk tory boýunça ýaýradylýar. Maliýe edaralary tölegler barada tabşyryklary öz ýerli federal gazna bankyna iberýär. Eger-de töleg beýleki federal gazna bankynda hasaplaşyk hasaby bolan edara niýetlenen bolsa, onda ol arabaglanyşyk tory boýunça şol banka geçirilýär we ahyrynda tölegi alyjy maliýe edarasynyň dykgatyna ýetirilýär.

“Fedwaýr” ulgamy pul geçirimleri salgyly alyjy tarapyndan alnan wagty takyk bolanlygy sebäpli, FGU tarapyndan onuň tölegi hakykatdan üpjün edilýär. Şonuň üçin owerdraft bir günüň

dowamynda federal gazna bankynyň hasaplaşyk hasaby boýunça FGU iberen tarapynyň karz üpjünçiligi boýunça tassyklanylýar.

Owerdraft özbaşyna müşderiniň bankyň hasaplaşyk hasabynda otrisatel balansy göz öňüne tutýar.

Federal gazna ulgamy ABŞ-nyň gaznasynyň hemme aýlanýan gymmat baha kagyzlarynyň, köp sanly federal edaralarynyň gymmat kagyzlarynyň, şeýle hem döwlet tarapyndan gollanýan käbir firmalaryň jaý üpjünçilik we käbir gymmat kagyzlarynyň gor gaznasy bolup durýar. Bu kagyzlar tasdan doly diýen ýaly hasap ýazgylarynda galýar diýen ýoldur.

Maliýe edaralary FGU-da hasaplaşyk hasaplaryny hasaphana ýazgylarynda saklap bilýärler, sebäbi onda olar hem öz gymmat kagyzlaryny hem olaryň kliýentleriniň gymmat bahaly kagyzlaryny saklap bilýärler.

Döwlet gymmat bahaly kagyzlarynyň köp bölegi boýunça hasaplaşyklar “Fedwaýr” ulgamynyň üsti bilen buhgalter ýazgylaryny geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

“Fedwaýr” gymmat bahaly kagyzlary geçirmek ulgamy bu gymmat bahaly kagyzlary duran ýerinde tölemek arkaly, tölege garşy göni üpjün etmek şertinde hasaplaşyklary duran wagtynda amala aşyrmak ulgamydyr.

ABŞ-da bankara alyş-çalyş we töleg ulgamy bolan ÇIPS ulgamy hem aktiw hereket edýär.

ÇIPS (CHIPS – Clearing House Interbank Paýments) – bu “on-laýn” hereket edýän hususy kompýuterleşdirilen dollar geçirimleriniň tory.

“On-laýn” (iňlisçe on line–aragatnaşykda) hakyky wagtyň kadasyny aňladýar, ýagny geçirmäniň başlangyç nokadyndaky wagt bilen gabatdyr. Bu ulgam Nýu-Ýorkuň alyş-çalyş edaralar birleşmesine degişlidir.

ÇIPS elektron ulgamy 1971-nji ýylda hereket edip başlady we şol wagt bar bolan, kagyzda ýöreýän alyş-çalyş görnüşi çalyşdy. Alyş-çalşyň (kliringing) şu kesgitlemelerini getireliň : 1. Özara taraplaryň we borçnamalaryň hasaplaşygyna esaslanan harytlar we

gymmat bahaly kagyzlar üçin hasaplaşyklaryň nagt däl ulgamy; 2. Birža ylalaşyklary boýunça hemme satyn alyjylaryň öňünde umumy wekil hökmünde çykyş edýän hasaplaşyk geçiriji edaranyň üstünden hasaplaşyk işleri we şonuň bilen baglaşylan ylalaşyklary ýerine ýetirmekligi üpjün etmek hem-de oňa gatnaşyjylary mümkin bolan maliýe ýitgilerinden goramak; 3. Bir döwletiň çäklerinde çäkler boýunça özara hasaplaşyklar.

ÇIPS "Fedwaýr" ulgamy ýaly geçirimleriň karz ulgamy bolup durýar. Ýöne "Fedwaýr" ulgamyndan tapawutlylykda ÇIPS hasaplaşyk operasiýalary köp taraply esasda hasaplanylýar, arassa borçlar boýunça hasaplaşyklar bolsa günüň ahyrynda amala aşyrylýar.

ÇIPS ulgamynyň gatnaşyjylary hökmünde täjirçilik banklary, Edžiň kanunyna laýyklykda döredilen korporasiýalary, bank hereketine degişlilikde Nýu-Ýork ştatynyň kanuny bilen kesgitlenýän maýa goýujy kompaniýalar ýa-da Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän haýsy hem bolsa bir bank edarasynyň bank wekilleri bolup bilerler.

ÇIPS ulgamynyň gatnaşyjysy bolmaýan bank ulgama gatnaşmak üçin, ol ulgama gatnaşýan banklaryň birine öz korrespondenti ýa-da wekili bolmak üçin ýüz tutulmalydyr.

ÇIPS ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýan tölegler halkara häsiýetli bankara operasiýalar bilen baglanyşyklydyr, şol sanda daşary ýurt gyzyl pully ylalaşyklar boýunça dollar tölegleri, şeýle hem ýewro dollarlarda gymmat bahaly kagyzlary ýerleşdirmek we olar boýunça girdejileri tölemek. Töleg tabşyryklary ÇIPS ulgamy boýunça beýleki töleg we alyş-çalyş ulgamynyň çäklerinde borçnamalar boýunça tölegleri amala aşyrmak, correspondent hasaplaşyk hasaplarynyň saldolaryny takyklamak we telekeçilik operasiýalary bilen baglanyşykly tölegleri amala aşyrmak, bank karzlary hem-de gymmat bahaly kagyzlar boýunça tölegleri amala aşyrmak üçin geçirilýär.

ÇIPS ulgamyna gatnaşyjylar ştatyň bank inspektorlary tarapyndan ýa-da federal hökümeti tarapyndan gözegçilikde saklanylýar, ulgamyň özi bolsa her ýylda ştat derejesinde, şeýle hem federal hökümeti tarapyndan barlanylyp durulýar. Nýu-Ýorkuň alyş-çalyş

edaralarynyň assosiasiýasy Nýu-Ýorkuň 11 sany uly banklaryndan düzülendir we olaryň her biri alyş-çalyş edarasynyň ÇIPS ulgamynyň hereketini dolandyrýan komitetine girýär.

ÇIPS ulgamyna gatnaşmak isleýän agza bolmadyk edaralaryň hökmany ýerine ýetirmeli şerti – bu ulgamyň düzgünlerini berjaý etmekdir.

Şweýsariýada gije-gündiz hereket edýän Sweýsariýanyň bankara alyş-çalyş ulgamy (ŞBAÇU) bar. Ol Sweýsariýanyň milli bankynda ŞMB saklanylýan serişdeleri ulanmak bilen Sweýsariýa franklarynda ahyrky we gaýtarylmaýan tölegleri amala aşyrýar.

ŞBAÇU Sweýsariýanyň banklarynyň arasyndaky elektron tölegleri amala aşyrýan ýeke-täk ulgamydyr. Hemme tölegler boýunça hasaplaşyklar gatnaşyjylaryň hasaplaşyk hasaplary boýunça hususy esasynda (tabşyryk beriji banky debetlemek we alyjy banky kreditlemek arkaly) amala aşyrylýar. ŞBAÇU hem uly, şeýle hem ownuk tölegleriň ulgamy bolup durýar; tölegleriň ululyklary çäklendirilmeýär.

ŞBAÇU ulgamynyň hereket etmeginiň maksady karz howplaryny peseltmek, ŞMB-da ziro hasaplaşyk boýunça owerdraftlary aradan aýyrmak, hasaplaşyklary çaltlandyrmak we banklara nagt pul bilen işlemekligi ýeňilleşdirmek bolup durýar.

Žiro – (italýan sözi giro – töwerek, aýlaw) özbaşyna hasaplaşyk çäkleri arkaly amala aşyrylýan nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşidir. Şonuň ýaly hasaplaşyklar özara taraplaryň we borçnamalaryň hasaplaşyklary görnüşinde amala aşyrylýar. Žiro hasaplaşyklaryň hasaplaşyk birligi hökmünde žirojyk hyzmat edýär, ol žiro hasaplaşyklaryň milli ulgamynda hasaplaşyk hasabynda puly almak üçin ulanylýan resminamadyr.

Žiro ulgamy – bu ziro hasaplaşyk hasaplaryndan tölegleri amala aşyrmak ulgamydyr, ýagny köp Ýewropa ýurtlarynda we Ýaponiýada hereket edýän poçta bölümlerindäki hasaplaşyk hasaplaryndan tölegleri geçirmekdir. Islendik adam ol ýerde hasaplaşyk hasabyny açyp, şonuň ýaly hasaplaşyk hasabyny açan beýleki adamlara pul serişdelerini geçirip biler.

ŞBAÇU ulgamyna gatnaşyjylar Sweýsariýanyň çäklerinde bolmalydyrlar we bank hereketini kesgitleýän Sweýsariýanyň kanunyna laýyklykda, bank diýip hasaplanýan edara bolmalydyr. Ondan başga-da olaryň ŞMB-da žiro hasaby bolmalydyr.

ŞBAÇU ulgamynyň üsti bilen diňe Sweýsariýa franklarynda karz geçirimleri amala aşyrylýar, ýagny tölegler hemişe töleg geçiriji bank tarapyndan amal edilýär. ŞBAÇU tölegleriniň haýsy hem bolsa bir banka geçirilmegi üçin, üçünji tarapyň haýryna töleg tabşyryklaryny ýerine ýetirmek üçin, öwezini dolmak we bankara tölegleri amala aşyrmak üçin ulanylyp bilner. Ondan başga-da ŞBAÇU ulgamynyň üstünden poçtanyň töleg ulgamynda poçta hasaplaşyk hasaplaryna serişdeler ýa-da pul geçirimleri gelip biler (geçirimiň jemi poçta işgäri tarapyndan alyjynyň öýüne getirilýär).

Ýaponiýada bolsa Ýaponiýa bankynyň maliýe tory ulgamy (ÝB-MTU) hereket edýär. Ol 1988-nji ýylda maliýe edaralarynyň, şol sanda ulgamy dolandyrýan Ýaponiýanyň Bankynyň aralygynda elektron pul geçirimleri amala aşyrmak üçin döredildi. ÝB-MTU “on-laýn” kadasynda işleýär.

Maliýe edaralary ÝB-MTU-nyň pul geçirimli bölegine gatnaşmak üçin Ýaponiýanyň bankynda hasaplaşyk hasaby bolmalydyr.

ÝB-MTU şu aşakdakylar üçin ulanylýar:

- Bankara pul bazary bilen baglanyşykly we gymmat bahaly kagyzlar bilen işleri geçirýän maliýe edaralarynyň arasynda pul geçirimleri;
- Şol bir maliýe edarasynyň çäginde pul geçirimleri (firma içi pul geçirimleri);
- Hususy dolanyşykda ýerleşýän alyş-çalyş (kliring) işiniň netijesinde emele gelýän ugurlar boýunça hasaplaşyklar;
- Maliýe edaralarynyň we Ýaponiýanyň Bankynyň arasyndaky pul geçirimleri (şol sanda gaznanyň pul serişdeleriniň geçirimleri).

ÝB-MTU tarapyndan amala aşyrylýan pul geçirimleri adatça karz görnüşinde bolup durýar, ýöne firma içi pul geçirimleri debet

görnüşinde hem bolup biler. Geçiriji bank özi we/ýa-da alyjy bank barada maglumaty saklaýan töleg tabşyryklaryny iberip biler.

Ýaponiýanyň Banky iş gününiň çäginde karzlary bermeýär. Şonuň üçin ÝB-MTU gatnaşyjynyň hasabynda pul geçirimleri real wagtda amala aşyrmak üçin serişdeleri ýetmeýän bolsa töleg tabşyrygy awtomatiki ýagdaýda gaýtarylýar.

## 6.5. Halkara hasaplaşyklar we olaryň formalary

**Halkara hasaplaşyklary** – bu dürli ýurtlaryň subýektleriniň we raýatlarynyň arasynda ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklar netijesinde ýüze çykýan pul talaplary we borçlary boýunça tölegleri dolandyrmakdyr. Halkara hasaplaşyklary harytlaryň we hyzmatlaryň daşary söwdasyny, täjirçilige degişli bolmadyk amallar, ýurtlaryň arasyndaky karzlaryň we gorlaryň hereketi boýunça, şol sanda daşary ýurtda obýektleri gurmak we kömek bermek boýunça hasaplaşyklary öz içine alýar.

Halkara hasaplaşyklary iş tejribesi bilen gazanylan we halkara resminamalar bilen berkidilen şertleri, şeýle hem banklaryň hasaplaşyklary amala aşyrmak boýunça her günki amaly işiniň şertlerini öz içine alýar. Hasaplaşyklar, esasan nagt däl görnüşinde, banklaryň hasaplaşyk hasaplarynda ýazgy etmek arkaly amala aşyrylýar. Halkara hasaplaşyklarda uly banklar esasy orny tutýar.

Hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin banklar “Loro” (ýerli bankda daşary ýurt bankynyň hasaplaşyk hasabyny açmak) we “Nostro” (daşary ýurt bankynda ýerli bankynyň hasaplaşyk hasabyny açmak) arkaly öz daşary ýurt şahamçalaryny, bölümçelerini we korrespondent gatnaşyklaryny ulanýarlar. Korrespondent gatnaşyklary hasaplaşyk yzygiderlikleri, komissiýanyň ölçegleri we harç edilen serişdeleriň öwezini dolma usullaryny kesgitleýärler. Halkara hasaplaşyklary öz wagtynda we ýerlikli amala aşyrmak üçin geljek tölegleriň gurluşyna we maksadyna laýyklykda dürli gyzyl pullarda gerek bolan ugurlary goldap durmaly.

GYZYL PUL UGRY – ylalaşyk boýunça daşary ýurt pulunda taraplaryň talaplarynyň we borçlarynyň gatnaşygynyň üýtgemegidir. Gyzyl pul ugry bankda haýsy hem bolsa bir gyzyl pulda talaplaryň we borçlaryň bolmagyny görkezýär.

Gyzyl pul ugry açyk ýa-da ýapyk, uzyn ýa-da gysga bolup bilýär.

**Açyk ugur** – berlen gyzyl pulda talaplaryň we borçlaryň, ýagny bankyň iş gününiň dowamynda daşary ýurt pulunyň satyn alyş we satylyş göwrümleriniň gabat gelmezligidir.

**Ýapyk ugur** – gyzyl puluň satylyş we satyn alyş göwrüminiň gabat gelmegidir.

Satyn alyş satyşdan köp bolanda – uzyn ugry, satyş satyn alyşdan köp bolanda bolsa gysga ugry aňladýar.

Hemme daşary söwda gatnaşyklary tölegler bilen baglydyr, ýagny pul serişdeleri bir ýurtdan beýleki ýurda geçirilýär.

Daşary ykdysady işler boýunça gyzyl pul hasaplaşyklarynyň esasy görnüşleri şu aşakdaky ýalydyr:

- bank geçirimleri;
- resminama boýunça inkasso;
- resminama boýunça akkreditiw;
- açyk hasaplaşyk hasaby boýunça hasaplaşyklar;
- çekler boýunça hasaplaşyklar.

BANK GEÇIRIMLERI – telegraf ýa-da poçta arkaly bir bankdan beýleki banka töleg tabşyrygyny ibermek bilen geçirilýän hasaplaşyk bank amallarydyr.

TÖLEG TABŞYRYGY – bankyň hyzmatdaş bank-benefisiaryna kesgitli benefisiara kesgitli pul jemini tölemek barada bankyň buýrugydyr. Töleg tabşyrygy bank tarapyndan geçirijiniň – bankyň müşderisiniň görkezmesi esasynda berilýär. Bankyň müşderisi banka töleg şertleri barada düşündiriş berýär.

Eksport edilen harytlar we hyzmatlar üçin daşary ýurt banklarynyň töleg tabşyryklary banka telegraf ýa-da poçta tabşyryklary görnüşinde gelýär. Daşary ýurt bankynyň her bir töleg tabşyrygyna kesgitlenen görnüşinde memorial order düzülýär. Onuň nusgasy ha-

saplaşyk hasabyndan pul gidenden soňra BENEFISIARA ugradylýar. Resminama boýunça pul geçirimleri hasaba alynýar we resminamalary getirmegiň wagty görkezilýär. Bu wagt geçirilen puluň hasaba düşeninden soňra 15 günden aňry geçmeli däldir. Eger-de alyjy daşary ýurt banky tarapyndan kesgitlenen wagty resminamalary getirmese, borçly bank alyjynyň hasaplaşyk hasabyndan puly aýyrýar we şol bir wagtda daşary ýurtdaky geçiriji bankdan pul serişdeleri gatnaşygynda soragnama ugradýar.

Bank, şeýle hem daşary ýurt banklarynyň ýerli pul bilen hasaplaşyklar boýunça tölegleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Ýöne bu ýagdaýda bank daşary ýurt bankyndan şol günki kurs boýunça özüniň daşary ýurt bankyndaky hasabyny gyzyl pul bilen öwezini dolmagy talap edýär.

“Loro” hasaplaşyk hasaby boýunça pul geçirimler muňa degişli däldir. Bu ýagdaýda bank geçirimi kabul edijiniň hasabyna puly goýýar we şol bir wagtda geçiriji banka telegraf arkaly öwezini dolmaly puluň jemi barada töleg tabşyrygyny ugradýar.

Geçirimi alyjy geçirilen puly alandan soňra 15 günden köp bolmadyk wagtda tölenen resminamalary hasapdan aýyrmak üçin banky habarly etmelidir.

Ynanylan banklar ýerli geçirijileriň import edilen harytlar we hyzmatlar üçin hasaplaşyklarda bank geçirimlerini hem ýerine ýetirýärler. Olar ýerli geçirijileriň import edilen harytlar we hyzmatlar üçin resminamalaryň, arbitraž ýygyndylaryň, jerime talaplaryň, täze hasaplaşyklar netijesinde döran bergileriň, halkara guramalarda agzalyk tölegleriniň we ýerli wekilleriň daşary ýurtda bolan halatynda çykdajylarynyň, daşary söwda ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan öňünden geçirimleriň, geçiriş we adaty wekilleriň tölegleri amala aşyrýarlar.

Daşary ýurda pul geçirijileriň serişdeleri pul geçirim barada arza bilen ýüz tutmagy esasynda amala aşyrylýar.

Pul geçiriji, şeýle-de bank komissiýasynyň, geçirmek boýunça poçta we telegraf çykdajylaryny kimiň hasabyna degişli etmelidigini we şonuň ýaly-da kimiň hasabyna tölenmelidigini habar bermelidir.

Bank geçirimleri bilen deňeşdireniňde, inkasso hasaplaşygyň görnüşi has ynamly bolup durýar. Inkasso (italýan sözi incasso –torbajyga) –sadalaşdyrylan ýagdaýynda eksport edijiniň import edijiden göni öz bankyndan ýa-da başga bankyň üstünden puly almaga ýa-da şol puly kesgitli wagtda alyp biljekdigi barada tassyknama almaga tabşyryk bermegidir.

Inkasso boýunça hasaplaşyklarda bank emitent banky müşderiniň tabşyrygy boýunça onuň hasabyna töleg töleýjiden tölegi ýa-da tölegiň akseptini almaga borçlanýar. Tabşyrygy alan emitent banky ony ýerine ýetirmek üçin başga bir banky (ýerine ýetiriji banky) çagyrmaga hukugy bardyr.

Bankyň inkasso amalyna hasaplaşygyň aksept görnüşi gabatlaşýar. AKSEPT – töleýjiniň hasap boýunça resminamalary tölemäge razyçylygydyr. Aksept görnüşli hasaplamalarda harytlar ylalaşygyň esasynda, satyn alyjynyň tölegine garaşman, göni ýüklenilýär. Satyn alyjy haryda tölegi hasaplaşyk kagyzlary alnandan soňra töleýär, ýöne ilki bilen satyjynyň ylalaşyk boýunça harydyň mukdary, bahasy, eltmeli wagty, hili we ş. m. degişlilikde hemme şertleri ýerine ýetirendigini barlaýar. Satyjy tarapyndan ylalaşygy bozan wagtynda satyn alyjy tölegi tölemän biler.

Bankyň inkasso amaly boýunça esasy “borjy” öz üstüne aksept boýunça hemme resminama aýlanyşygyny almakdadyr. Ol eksport edijiden (satyjydan) harydy ýüklänligi barada kagyzlar bilen import edijä (satyn alyja) ýazan töleg kagyzlaryny kabul edýär we olary import edijiniň bankyna hasaplaşyk geçirmek üçin iberýär. Import edijini hyzmat edýän bank eksport edijä geçirilmeli puluň wagtynda barandygyny we inkassirlenen pullaryň onuň hyzmat ediji bankynda hasaplaşyk hasabyna düşendigini barlap durmaly.

Eger-de import ediji akseptden ýüz döndürýändigi barada habar etse, onda bank onuň sebäplerini barlaýar we bu barada eksport edijä habar berýär. Eger-de import ediji wagtynda töleg resminamasyny tölemese, onda bank inkasso resminamasyny alan banky habarly edýär we import edijiden haryt üçin tölegi almagyň ugruna çykýar.

Inkassonyň arassa we resminamalaýyn görnüşleri bolýar.

**Arassa inkasso** –maliýe resminamalarynyň inkassosy, ýagny olar täjirçilik resminamalaryny talap etmeýär.

Adatça resminamalaýyn inkasso ulanylýar, ýagny eksport edijiniň öz bankyna resminama bermek arkaly import edijiden tölegi almak we ony hasaplaşyk hasabyna geçirmek boýunça(hasaplar, transport we ätiýaçlandyryş resminamalary we ş.m.) tabşyrykdyr.

Resminamalaýyn inkasso şeýle-de diňe täjirçilik resminamalaryň inkassosy bolup biler.

Inkasso iki görnüşde bolup biler: ilkinji akseptli we soňraky akseptli (şol wagt tölegli). Eksport edilen harytlara we hyzmatlara inkasso resminamalarynyň tehnologiýasy şu aşakdaky ýalydyr. Remitent-bank (wekillendirilen bank) öz müşderisinden haryt paýlanyşyk resminamalaryndan ybarat goşundyly inkasso tabşyrygyny alyp import edijiniň ýurdundaky inkassirleýji banka iberýär.

REMITENT BANK –ynanyjy tarapyndan inkasso operasiýalaryny geçirmäge ynanylýan bankdyr. Inkassirleýji bank inkasso tabşyrygynda görkezilen gözükdirijilere laýyklykda import edijä resminamalary berýär. Inkasso resminamalary boýunça töleýjiden töleg alnandan soňra şol bank (ol wekil bank bolup durýar) inkassirlenen pul jemini remitent banka geçirýär, ol bolsa öz müşderisiniň (eksport edijiniň) hasaplaşyk hasabynyň hereketine ýazgy edýär.

REFERENSIÝA (latynça referre – habar bermek) – maslahat bermek, edaranyň töleg mümkinçiliklerini kepil geçmek.

Import edilen harytlar we hyzmatlar üçin resminamalaryň inkasso tehnologiýasy eksportdaky ýaly görnüşdedir. Ynanylan bank inkassirleýji görnüşinde çykyş edýär. Daşary ýurt banklary inkasso tabşyryklaryny ýerine ýetirende ol gözükdirijide bar bolan tabşyryklara, şeýle hem inkasso boýunça unifisirlenen düzgünlere we gözükdirijilere salgylanýar.

Inkasso boýunça hasaplaşyklara gatnaşýan banklar araçy hökmünde çykyş edýärler we resminamalaryň tölegine we akseptirligine jogap bermeýärler.

Hasaplaşyklaryň inkasso görnüşiniň import edijä amatly tarapy – onuň resminamalar tölenýänçä hakyny bankyň gorap berýänligindedir. Import edijiniň barlag üçin alýan resminamalary bankda doly tölenýänçä saklanylýar we tölenmedik ýagdaýynda olar daşary ýurt bankyna sebäbini görkezmek bilen gaýtarylýar.

Hasaplaşyklaryň inkasso görnüşiniň kemçilikleri banklardan resminamalaryň geçmeginiň uzak dowamlylygy (bir aýa çenli) bolup durýar, şeýle hem getirilen kagyzlaryň tölenmezlik mümkinçilikleridir. Ynanyjy, eger-de onuň saýlawy daşary söwda ylalaşygynda şertlendirilen bolsa, inkassirleýji banky, onuň adyny we ýerleşýän ýerini kesgitleýär. Ýöne şonuň ýaly bank hökmünde wekillendirilen bankyň korrespondent banky bolmalydyr. Tersine bolan ýagdaýynda wekillenen bank inkassirlenýän resminamalary inkassirleýji banka wekillenen bankyň korrespondenti bolan başga bir daşary ýurt bankyň üsti bilen iberip biler. Eger-de ynanyjy inkasso tabşyrygynda inkassirleýji banky görkezmedik bolsa, onda şol bank remitent bankyň saýlamasy boýunça görkezilýär.

Akkreditiw (nemes sözi akkreditiw – ynamly) –satyjynyň haýryna satyn alyjynyň tabşyrygy boýunça berilýän bankyň şertli töleg borçnamasy, şol boýunça hasaplaşyk hasabyny açan bank (emitent bank) akkreditiwde we akkreditiwiň beýleki şertlerinde göz öňünde tutulan dokumentler hödürlenende, özi ýa-da onuň ynanan başga banky satyja tölegi töläp biler.

Akkreditiwiň kömegi bilen hasaplaşyklar ýene-de “LC” ulgamy boýunça hasaplaşyklar (iňlisçe – letter of credit) diýlip atlandyrylýar. Akkreditiwler pully we resminamalaýyn görnüşlere bölünýärler.

**Pully akkreditiw** – emitent bank tarapyndan beýleki banka iberilmeli maksatlaýyn resminamadyr we onda kesgitli satyja kesgitli wagtda töleg geçirmek boýunça buýruk bardyr.

Hasaplaşyklar üçin bankyň maliýe jogapkärçiligi üçin resminamalaýyn akkreditiw ulanylýar.

Akkreditiw –bankyň şertli pul birligidir, şonuň üçin akkreditiw

boýunça tölegi süýşürilen resminamalaryň jemi bank tarapyndan wagty gelende tölener.

**Gaýtarylma akkreditiwiň** manysy – emitent banky (akkreditiwi dolanyşyga goýberen bank) tarapyndan onuň duýduryşsyz islendik wagt üýtgedip ýa-da bozup bilmegindedir. Şonuň üçin ol hasaplaşyklarda ulanylmaýar.

**Gaýtarylmasyz akkreditiwler** – üýtgedip ýa-da bozup bolmaýan akkreditiwler bolup, olar hasaplaşyklarda örän giň ulanylýar.

**Tassyklanan akkreditiwler** – beýleki bank tarapyndan goşmaça töleg kepilligi bolan akkreditiwlerdir. Akkreditiwi tassyklaýan bank emitent bank töleg amala aşyrmakdan ýüz dönderende, ol akkreditiwiň şertlerine laýyk gelýän resminamalary tölemäge borçlanýar.

**Tassyklanmadyk akkreditiwler** – görkezilen kepilliklere eýe bolmadyk akkreditiwlerdir.

Halkara tejribesinde import edijiniň açýan akkreditiwlerini eksport edijiniň banky tassyklaýar. Daşary söwda hasaplaşyklarynda bu kabul ederlikli däldir. Sebäbi eksport boýunça hasaplaşyklarda daşary ýurt banklarynyň ýerli edaralar üçin açylan akkreditiwleriň ýerli banklar tarapyndan tassyklanmagy tölege kepil geçmeýär.

Wekillenen banklar öz eksport ediji müşderilerine tölegleri diňe daşary ýurt banklaryndan öwezi dolunandan soňra amala aşyrýarlar.

Geçirimli akkreditiw – birnäçe ýuridiki taraplar bilen doly ýa-da bölekleýin ulanyp bolýan akkreditiwdir.

Aýlanma ýa-da rewolwer (iňlisçe renolwe – aýlanma) ýa-da täzeden dikeldilýän akkreditiw – adatça ylalaşykda bellenilen wagt boýunça harydyň yzygiderli gysga wagtlyk üpjün edilip durulmagy üçin ulanylýan hasaplaşyk akkreditiwleridir. Ol adatça tölegiň doly bahasyna açylman, onuň belli bir bölegine açylýar we her haryt toparyna töleg amala aşyrylandan soňra öwezi doldurylýar.

Ýapylan (deponirlenen) akkreditiwler, bu – açylandan soňra emitent – bankyň satyn alyjynyň öz hasabyndan ýa-da oňa bankyň

çäginde karz puly berlip tölenýän akkreditiwdir, ony emitent bankyň borçnamalarynyň gutarýan döwrüne çenli “Akkreditiw” balans hasabynda saklaýar.

Ýapylmadyk akkreditiwler – ýokarda agzalyp geçilen ýapmaga pul serişdeleri bolmadyk akkreditiwlerdir.

Ýüklenilmedik harydyň tölegini göz öňüne tutýan akkreditiwiň görnüşi “gyzyl bellikli” akkreditiwdir. Şonuň ýaly görnüşde ýerine ýetiriji bank tarapyndan eksport edijä kesgitli baha çenli karz berip bilýän akkreditiw bolup biler. Akkreditiwiň aýratyn görnüşi ätiýaç akkreditiwi bolup durýar (arassa akkreditiw), adatça eksport edijiniň ýa-da onuň bankynyň haýryna tölegleri üpjün ediji hökmünde ulanylýan akkreditiwiň ýörite görnüşini göz öňüne getirýär.

Ätiýaç akkreditiwleri harydyň ýüklenilmegini üpjün etmeýärler we inkasso ýa-da bank geçirimlerinde (açyk hasaplaşyk hasaby boýunça) tölegiň goşmaça kepili bolup durýar.

Ätiýaç akkreditiwleri – üpjün edilmedik karzlardyr, şonuň üçin köp banklar ony diňe özlerinde hasaplaşyk hasaby bar bolan import edijileriň tabşyryklary boýunça goýýarlar.

Eksport-import amallarynda açyk hasaplaşyk hasaplary boýunça hasaplaşyk geçirýärler, onda satyjy satyn alyja harydy ýükleýär we satyn alyjynyň açan hasaplaşyk hasabyna tölegini debetläp, onuň salgysyna haryt paýlanyşyk resminamalaryny iberýär. Ylalaşyk bilen şertlendirilen wagtda satyn alyjy açyk hasaplaşyk hasaby boýunça öz bergisini ýapýar.

Satyn alyjy üçin açyk hasaplaşyk hasaby hasaplaşyklaryň we karz almanyň amatly görnüşi bolup durýar, sebäbi üpjün edilmedik harydyň tölenme howpy aradan aýrylýar we karzyň ulanylandygy üçin göterim alynmaýar. Açyk hasaplaşyk hasaplary ulanýan edaralar adatça satyjy we satyn alyjy hökmünde çalşyp durýarlar, ol bolsa taraplaryň töleg borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň üpjün edilişiniň bir usuly bolup durýar.

Halkara söwdasynda açyk hasap boýunça hasaplaşyklar firmalar we olaryň bölümçeleriniň arasynda, şeýle hem bir jynsly harydyň, esasan hem ownuk bölekler bilen gelýän ýagdaýynda wekiller

(brokerler), döwlet edaralary, komission söwdasynda konsignasiýa şekilinde amala aşyrylýar.

**Çekler bilen hasaplaşyk** bank geçirimlerinde ulanylýar. Çekler hasaplaşyk, ýol, ýewroçek görnüşinde bolýarlar.

HASAPLAŞYK ÇEGI hasaplaşyk hasabynyň eýesiniň banka kesgitli adama ýa-da çegi hödürleýjä çekde görkezilen pul mukdaryny tölemek barada şertsiz buýrugyny saklaýan resminamadyr. Hasaplaşyk çegi boýunça hasaplaşyk hasaplar boýunça ýazgylar arkaly amala aşyrylýar. Ýurtlaryň köpüsinde üsti dolunmadyk çekleri tölege hödürlemeklik jenaýat jogapkärçiligine eltýär.

Çek awalirlenip bilner. AWAL – çegiň tölenjekdigine güwä geçýän resminamadyr, onuň ýüzünde kepillik ýazgysy ýazylýar. Çek boýunça töleg awalist tarapyndan doly ýa-da bölekleýin awal arkaly kepillendirilip bilner. Awal çegiň ýüz tarapynda ýa-da oňa berkidilen goşmaça kagyzda “awal diýip hasaplamaly” diýen ýazgy bilen berkidilip bilner we onda kim üçin berlendigi hem görkezilmelidir. Awal awalist tarapyndan gol çekilýär we adresi hem-de ýazgynyň senesi görkezilýär.

Çek adyna ýazylan (belli bir şahsa ýazylan), görkeziji (görkezijä ýazylan), order (belli bir şahsyň peýdasyna ýa-da onuň buýrugy bilen ýazylan) bolup bilýär.

Order çegi çek saklaýjy tarapyndan weksel indossamenti funksiýalary ýaly funksiýalary ýerine ýetirýän indossamentiň kömegi bilen beýleki şahsa (täze eýä) geçirilip bilner.

Ondossament – çegiň täze eýesine geçirilýändigine şaýatlyk edýän çegiň (ýa-da wekseliň) arka tarapynda ýörite geçiriş ýazgysy.

Çegi başga şahsa (indossata) geçiriş ýazgysy (indossament) arkaly geçirýän çek saklaýja (ýagny ýazylyp berlen çegiň eýesine) indossant diýilýär.

Adyna ýazylyp berlen çek geçirilmäge degişli däl. Geçirilýän çekde töleýji üçin indossament tölegiň alynmagy üçin ýazgynyň güýji bar. Töleýji tarapyndan amala aşyrylýan indossament güýçli bolmaýar. Indossament boýunça geçirilýän çege eýeçilik edýän şahs eger öz hukugyny indossamentleriň üznüksiz yzygiderliginde esaslandyrsa, onuň kanuny eýesi bolup durýar.

Ýol ýa-da syýahatçylyk çegi (travelers chegue, check) täjirçilik häsiýetli bolmadyk halkara hasaplaşygyň serişdesi hökmünde ulanylýan töleg resminamasydyr.

ABŞ-da, Kanadada ol harytlaryň we hyzmatlaryň nagt däl tölegi üçin içerki hasaplaşyklarda hem ulanylýar.

Ýol çekleri dürli gymmatlykdaky milli we daşary ýurt walýutalarynda çykarylýar. Olar çylşyrymly suratly we şekilli gorag kagyzynda taýýarlanylýar, olaryň belgisi we elektron hasaplaýyş üçin ýörite magnit ýelmentgileri bar.

Ýol çekleri kanuny töleg serişdeleri bolmanlygy sebäpli olaryň satyn almasy we harytlaryň hem-de hyzmatlaryň tölegi üçin kabul edilmesi emitentiň degişli guramalar bilen ylalaşyklarynyň esasynda üpjün edilýär.

Ýol çekleri syýahatçy tarapyndan bankda ýa-da syýahatçylyk şereketinde nagt pula satyn alynýar.

Töleg serişdesi hökmünde plastik kartoçkalary kabul edýän söwda we serwis kärhanalaryna bank tarapyndan hyzmat edilmegi EKWAÝRING bolup durýar.

Ekwaýringiň düýp mazmuny bankyň dükanlara, myhmanhanalara, motellere, syýahatçylyk şereketlerine, awtoulaglaryň kärende nokatlaryna we ş.m. töleg üçin dürli ulgamlaryň plastik kartoçkalaryny kabul etmäge mümkinçilik berýän hyzmaty etmeginden ybarat bolup durýar, şunda şol bir wagtyň özünde bank hyzmat edilýän kartoçkalaryň görnüşini hem teklip edýär.

Mundan başga-da, bank plastik kartoçkalara gözegçilik etmek üçin töleg nokatlarynda ýörite enjamlary gurnaýar, şeýle hem bu tehnologiýa kassa enjamlaryny uýgunlaşdyrýar, kartoçkalaryň awtorizasiýasynyň dürli usullaryny üpjün edýär. Ekwaýringi amala aşyrýan bank töleg resminamalarynyň (olara SLIP diýilýär) inkassasiýasyny öz üstüne alýar we pul gelmelerini alyjynyň plastik kartoçkalaryň kömegi bilen töleýän harytlary ýa-da hyzmatlary satan söwda ýa-da serwis kärhanasynyň hasabyna geçirýär.

## 6.6. Halkara karzlar, olaryň görnüşleri

Ykdysady dereje hökmünde halkara karzy dürli ýurtlaryň karz beriji-eksportýorlarynyň we karz alyjy-importýorlaryň arasyndaky karzyň berilmegi, ulanylmagy we üzülmegi babatdaky gatnaşyklaryny beýan edýär. Halkara karzyna köp ýagdaýlar täsir edýär: töleg balansy, göterim derejesiniň möçberi, walýutanyň görnüşi, karz amallarynyň girdejililiginiň derejesi, walýuta kursy we başgalar.

Umumy alamatlardan (möhletlilik, töleglilik) başga-da halkara karzyna belli bir häsiýetli alamatlar hem mahsusdyr, olar halkara maliýe gurluşynyň hereketlenmegi (karzyň walýutasynyň we ony üzmegiň walýutasynyň berjaý edilmezligi; walýuta töwekgelçilikleri; walýutalaryň kursunyň üýtgemegi bilen bagly ýitgiler we ş.m.) bilen şertlendirilendir.

Daşary ykdysady gatnaşyklarynda halkara karzy şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

- taraplaryň arasynda maliýe serişdeleriniň gaýtadan paýlanmagyny üpjün edýär;

- tutuş dünýä hojalygynyň çäklerinde toplanma prosesini güýçlendirýär;

- harytlaryň, hyzmatlaryň, intellektual eýeçiligiň bütindünýä gerimde ýerleniş hereketini çaltlandyrýar we şeýle etmek bilen giňeldilen gaýtadan dikeltmäniň çäklerini açýar.

Halkara karzlaryň dürli görnüşleri we formalary, karzlaşdyrma ugurlary bar.

Karzlaşdyrmagyň oňyn ugruny saýlap almak üçin dürli şertlerde karzlaryň netijeliligini deňeşdirmegiň görkezijilerini ulanýarlar. Şeýle görkezijileriň has möhümi we ýygy-ýygydan ulanylýany karzyň ortaça möhleti we grant-element bolup durýar.

Karzyň ortaça möhleti, bu– hasaplama döwri, onuň dowamynda karz alyjy karzyň pul möçberinden doly peýdalanýar. Deň derejeli ulanylanda we üzülende ol ulanyşyň möhletiniň, tutuş ýeňillikli döwrüniň ýarysynyň jemine we üzmäniň möhletiniň ýarysyna deň bolýar.

Karzyň ortaça möhletiniň kömegi bilen karz alyjynyň karz berijä tölejek göterimleriniň möçberini takmynan hasaplap bolýar. Munuň üçin karzyň çägini göterim derejesine we karzyň ortaça möhletine köpeltmeli.

Grant-element bazar şertlerinden has ýeňillikli şertlerde karzyň berilmegi bilen bagly karz berijiniň şertli ýitgilerini görkezýär.

Halkara karzlary haryt, maliýe we täjirçilik bolýar.

Maliýe karzy–bank tarapyndan yzyna gaýtarmak, möhletlilik we töleglilik şertlerinde berilýän pul karzydyr.

Köpsanly döwletler eksporty karzlaşdyrmagyň we eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmagyň döredilen ulgamlaryny ulanmak bilen öz bank karzdarlaryna we eksportýor şereketlerine maliýe goldawyny berýärler.

Eksport maliýeleşdirmesi ulgamynda bäsdeşligiň ýitileşmeginden we „karz urşundan“ gaça durmak maksady bilen 1976-njy ýylda OECD-niň agza döwletleri resmi goldawly, ýagny döwletleriň goldawyndan peýdalanýan eksport karzlary boýunça halkara ylalaşygyny, şeýle hem konsensus (International Agreement on Officially Siipporied Export Credit (Consensus) baglaşdylar. Konsensus (latynça consensus–ylalaşyk) dawaly meseleler boýunça halkara we işewürlik maslahatlarynda, gepleşiklerinde gatnaşyjylaryň gazanýan umumy ylalaşygyny aňladýar.

Görkezilen ylalaşyk üzülmeli möhleti üç ýyldan köp bolan, gaznalaşdyrma, gaýtadan maliýeleşdirme, subsidirleme, ätiýaçlandyrma görnüşinde döwlet goldawyndan peýdalanýan eksport karzlaryna degişli bolýar. Karzlar harytlaryň belli bir toparynyň eksportyny maliýeleşdirmek: maşynlar, enjamlar, daşary ýurtda desgalary gurmak, ugurdaş hyzmatlary etmek üçin berilýär. Konsensus karzlaryň aňrybaş ýeňillikli ähli esasy şertlerini kesgitleýär.

Karzyň çägi daşary söwda geleşiginiň 85% möçberinden geçip bilmeýär.

Karzyň möhleti we bahasy karz alyjy ýurtlaryň kategoriýasyna baglylykda differensirlenendir.

Halkara ätiýaçlandyrmasynda sindisirlenen karzlary bermegiň tejribesi giňden ýaýrandyr.

Sindisirlenen (konsorsial, latynça consortium – gatnaşmak) karzlar – bu iki we ondan köp karzçylar, ýagny banklaryň sindikatlary (konsorsiumy) tarapyndan bir karz alyja berilýän karzlardyr. Sindisirlenen karzy bermek üçin karzçy banklaryň topary belli bir möhletde öz wagtlaýyn boş serişdelerini birleşdirýärler.

Her bir bank karzlary bermegiň tertibini we karz alyjy bank tarapyndan berilmeli hökmany resminamalaryň sanawyny belleýär. Şeýle resminamalara şu aşakdakylar degişli: esaslandyryş resminamalary; amala aşyrylmagy üçin karz alynýan iş ygtyýarlandyrylmaga degişli bolsa ygtyýarnama; karz alyjynyň balansy; karzyň yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmegi tassyklaýan resminamalar (zamunlyk şertnamasy, kepillendirme, girew hakynda şertnama, ätiýaçlandyrma şertnamasy); karzy öz wagtynda üzmek üçin ýeterlik bolan girdejiniň alynmagynyň ykdysady esaslandyrmasy; karz şertnamasyna we beýleki resminamalara gol çeken şahsyň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminamalar.

Täjirçilik karzy – tölegler boýunça hasaplaşyklary möhletlere bölüp berýän görnüşdäki karz.

Täjirçilik karzynyň esasy görnüşleri şu aşakdakylar bolup durýar:

- şereket karzy;
- weksel karzy;
- hasaba alyş karzy;
- açyk hasap boýunça karzy;
- faktoring;
- forfetirleme;
- owerdraft;
- aksept karzy.

Şereket karzy – eksporty karzlaşdyrmagyň däp bolan görnüşi bolup, şunda eksport edýän daşary ýurtly alyja (import edijä) tölegiň möhletiniň süýşürilmegi görnüşinde karz berýär. Şereket karzyň görnüşi şertnama gol çekilenden soň eksportýora tölenilýän alyjynyň (import edijiniň) hakujy tölegi bolup durýar.

Weksel karzy – harydy ugradyş we töleg resminamalaryny alanda wekseli akseptirleýän importýora geçirilýän wekseli bermek

arkaly resmileşdirilýän karzdyr. Weksel karzynyň möhleti harydyň görnüşine bagly bolýar. Maşynlaryň we enjamlaryň getirmesi adatça, 3–7 ýyla çenli karzlaşdyrylýar. Çig mal we enjamlar eksport edilende gysga möhletli weksel karzlar berilýär.

Halkara hasaplaşyklarynda dolanyşyk we töleg serişdesi hökmünde wekseliň ulanylmagy daşary söwda dolanyşygynyň bir böleginiň karzyň hasabyna amala aşyrylýandygy bilen baglydyr. Daşary söwda amallary boýunça hasaplaşyklarda geçirilýän weksel (tratta) we ýönekeý weksel ulanylýar. Trassantyň üçünji tarapa (remitente) bellenen möhletde wekselde görkezilen pul möçberini tölemek hakynda gürrüňsiz teklibi bolup durýan, trassata (bergidara) niýetlenen geçirilýän weksel has giňden ulanylýar.

Ýönekeý wekseliň dolanyşygy tölegiň möhletlere bölünmegi arkaly harytlaryň satuwy bilen şertlendirilendir. Ýönekeý wekseli bergidaryň (weksel beriji) özi ýazyp berýär. Düýp mazmuny boýunça ýönekeý weksel–bergidaryň özüniň karzçynyň (weksel saklaýjynyň) adyna bergi ýazgysy. Şeýlelikde, geçirilýän wekseliň dolanyşygyna üç şahs gatnaşýan bolsa, ýönekeý weksel bilen amala aşyrylýan amallara iki şahs gatnaşýar.

Trattlar we ýönekeý wekseller boýunça tölegleriň has ygtybarly kepillendirmesi halkara söwdasynyň tejribesinde banklar tarapyndan awalirlenmesi (tassyklanmasy) bolup durýar. Awal weksel zamunçylyk hökmünde çykyş edýär, ol babatda weksel hukugy ulanylýar. Bu zamunçylyk, eger bergidar weksel boýunça borçnamalary möhletinde ýerine ýetirmese, tratta ýa-da ýönekeý weksel boýunça tölegiň bank tarapyndan (doly ýa-da bölekleýin) kepillendirmesini aňladýar.

Halkara hasaplaşyklar üçin geçirilýän weksel (tratta) adatça, tölegiň amala aşyrylmaly ýurdunyň walýutasynda ýazylyp berilýär.

Eger-de wekseliň walýutasy tölegiň walýutasy bilen gabat gelse, onda wekseliň walýutasynyň peselmegi bilen bagly ähli töwekgelçilikleri weksel saklaýjy (kreditor) çekýär.

Eger-de wekseliň walýutasy tölegiň walýutasy bilen gabat gelmese, onda:

- wekseliň walýutasynyň peselmegi boýunça töwekgelçilikleri weksel saklaýjy çekýär;

- tölegiň walýutasynyň peselmegi boýunça töwekgelçilikleri töleýji (bergidar) çekýär.

Şonuň üçin walýutalar gabat gelmedik ýagdaýynda wekselde wekseliň walýutasynyň tölegiň walýutasyna geçiriljek kursuny görkezmek zerur. Şeýle görkezme bolmadyk ýagdaýynda binýatlaýyn kurs hökmünde tölegiň ýerinde we tölegiň gününde hereket edýän kursy kabul etmek ýerliklidir.

Hasaba alyş karzy hem weksel bilen bagly.

Wekseliň hasaba alnyşy, bu– weksel boýunça tölegiň möhleti gelmezden öň bank (hasaba alyş öýi) tarapyndan wekseliň satyn alynmagydyr. Şeýle wekseliň satyn alynmasy wekseliň eýesiniň (weksel saklaýjynyň) indossamenti bilen ugurdaş geçýär, munuň netijesinde weksel we tölegi talap etmek hukugy dolulygyna weksel berijiden bankyň ygtyýaryna geçýär.

Şeýlelikde, hasaba alyş karzy – bu bank tarapyndan weksel saklaýja weksel boýunça tölegiň möhleti gelmezden öň wekseli satyn almak arkaly berilýän karzdyr.

Wekseliň hasaba alnyşy bank tarapyndan tölegli amala aşyrylýar. Weksel hasaba alnanda, pullaryň awansirlenmegi üçin bank tarapyndan alynýan tölege hasaba alyş göterimi diýilýär. Ol nominal wekseliň we weksel satyn alnanda bank tarapyndan tölenen pul möçberiniň arasyndaky tapawut bolup durýar.

Weksel bilen amallary amala aşyrýan banklar bir wagtda birnäçe hasaba alyş göterimlerini ulanyp bilýär. Bu hasaba alyş göterimlerine hususy hasaba alyş göterimleri diýilýär. Merkezi bankyň karz edaralary bilen amallarda ulanylýan hasaba alyş göterimine resmi hasaba alyş göterimi diýilýär. Onuň derejesi adatça, hususy hasaba alyş göterimleriniň derejesinden pesdir.

Banklar ýa-da hasaba alyş öýleri göterim we aksept töleglerine goşmaça geçirilýän hasaba alyş üçin berlen wekseliň nominal bahasy bilen bagly töwekgelçilik üçin pul tölegini alyp bilýärler. Şeýle pul tölegine loding (loading) diýilýär. Lodingiň göterimi weksel

boýunça töleýjiniň we indossantlaryň abraýyna, derejesine we karza ukyplylygyna baglylykda, käbir ýagdaýlarda bolsa wekseli resmileşdirmek üçin esas bolup hyzmat eden amala baglylykda üýtgäp durýar.

Açyk hasap boýunça karz hemişelik kontragentleriň arasyndaky hasaplaşyklarda, aýratyn hem bir jynsly harytlaryň köp gezeklik getirmelerinde berilýär. Bu edil açyk hasap boýunça hasaplaşyklar ýalydyr.

Eksportýor ýüklenip ugradylan önümiň bahasyny öz bergisini şertnamada ylalaşylan möhletlerde (aýda, çärýekde bir gezek we ş.m.) üzýän daşary ýurtly alyjy üçin özüniň açan hasabynyň debetine degişli edýär.

Faktoring (iňlisçe factor – araçy) bankyň söwda-komission we araçyllyk hyzmatlary bolup durýar. Ol eksportyň gysga möhletli karzlaşdyrmasynyň we araçyllyk täjirçilik işiniň özboluşly görnüşi bolup durýar.

Faktoring hyzmatlary adatça açyk hasap boýunça alyjylar bilen hasaplaşýan täjirçilik banklary ýa-da ýöriteleşdirilen kompaniýalar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Faktoring özünde şu aşakdakylary jemleýär:

1. Müşderiniň (alyjynyň) debitorlyk bergisini almak (inkassirlemek);

2. Oňa gysga möhletli karzy bermek;

3. Ony eksport amallary boýunça karz töwekgelçiliklerinden boşatmak.

Täjirçilik banky ýa-da faktoring kompaniýasy adatça, eksportýoryň daşary ýurt alyjylaryna 30-dan 120 güne çenli möhletli töleg talaplaryny satyn alýar.

Faktoring hyzmat edilişiň bahasy hyzmatlaryň görnüşine, müşderiniň maliýe ýagdaýyna we ş.m. bagly bolýar.

Adatça müşderi dolanyşygyň möçberinden 0,5–3% möçberinde komissiýany, şeýle hem alnan karzlar boýunça göterimleri töleýär.

Faktoring maýa dolanyşygyny çaltlandyrýar, tölegiň tölenmezlik töwekgelçiligini aradan aýyrýar.

Faktoringiň esasy maksady serişdeleri haýal etmän ýa-da şertnamada kesgitlenen möhletde almak bolup durýar. Netijede, satyjy alyjynyň tölege ukyplylygyna garaşly bolmaýar. Bank maliýe kynçylyklary ýüze çykan ýagdaýynda özüniň tölegleriniň kepillendirilmegi hakynda alyjy bilen ýa-da satyjy we alyjy bilen möhletinde tölenilmedik töleg resminamalarynyň bankyň faktoring bölümine gaýtadan geçirilmegi hakynda şertnama baglaşýar. Faktoring boýunça bankyň we satyjynyň özara gatnaşyklary şertnama bilen düzgünleşdirilýär. Ol baglaşylanda bank satyjynyň we alyjynyň karza bolan ukyplylygyny barlaýar we muny hasaba almak bilen, faktoring amallary boýunça aňrybaş pul möçberini kesgitleýär, onuň çäklerinde harytlaryň getirmesi tölegi almazlyk töwekgelçiligi bolmazdan amala aşyrylyp bilner. Bu pul möçberiniň çäklerinde bank awtomatiki ýagdaýda özüne gaýtadan geçirilýän tölegleri töleýär.

Şertnama açyk we ýapyk (gizlin) bolup biler. Açyk şertnamada debitora faktoring amalyna gatnaşmak hakynda habar berilýär, ýapyk şertnamada debitorlara faktoring şertnamasynyň barlygy hakynda habar berilmeýär. Şeýle hem şertnamada regress hukugynyň, ýagny talaplaryň gaýtadan geçirilmesiniň (olaryň satyja gaýtarylmasynyň) göz öňünde tutulýandygy ýa-da tutulmaýandygy hakynda ylalaşylýar.

Faktoring şunuň ýaly amala aşyrylýar: bank importýordan debitorlyk bergisini almak hukugyny eksportýordan satyn alýar we resminamalar görkezilen wagtynda ýüklenip ugradylan önüm üçin serişdeleriň 70–90%-ni geçirýär. Importýordan bu hasaplar boýunça töleg alnandan soň bank eksportýora puluň galan möçberini geçirýär.

Faktoring hyzmatlarynyň bahasy hyzmatlaryň görnüşine, müşderiniň maliýe ýagdaýyna we ş.m. bagly bolýar. Faktoring üçin töleg kesgitlenende taraplaryň karz üçin kabul eden göteriminden we serişdeleriň alyjy bilen hasaplaşyklarda bolmagynyň ortaça möhletinden ugur almak gerek.

Forfetirleme (fransuzça Forfait–tutuşlygyna, umumy pul möçberi) bank ýa-da maliýe kompaniýasy tarapyndan satyjy dolany-

şyksyz wekselleriň we daşarky söwda amallary boýunça beýleki bergi talaplarynyň satyn alynmagy arkaly eksportyň karzlaşdyrylmasynyň görnüşi bolup durýar.

Forfetirlemäniň mehanizmi şu aşakdakylardan ybarat.

Forfetor (ýagny bank ýa-da maliýe kompaniýasy) eksportýordan belli bir diskontly wekseli, ýagny göterimleriň ähli pul möçberini ýa-da olaryň bir bölegini aýyrmak bilen satyn alýar.

Diskontyň möçberi importýoryň tölege ukyplylygyna, karzyň möhletine, şol walýutada bazar göterim derejelerine bagly bolýar. Forfetor eksportýordan satyn alnan wekselleri ikinji bazarda gaýtadan satyp bilýär.

Forfetirleme eksportýorlary karz töwekgelçiliklerinden boşadýar we debitorçylyk bergisini azaldýar. Forfetirleme eksportýor üçin bank karzlaryndan gymmat bolýar.

Forfetirleme–bu täjirçilik wekselini bank wekseline öwürmegiň bir görnüşidir.

Forfetirlemede bergi borçnamasy boýunça ähli töwekgelçilikler onuň alyjysyna (ýagny forfetora) geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şonuň üçin forfetor adatça bergidaryň (enjamyň satyn alyjysynyň) funksionirleýän ýurdunyň birinji derejeli bankynyň kepillendirmesini talap edýär.

Ýurtlaryň aglabasynda bergi borçnamasy boýunça töleg tölegiň möhleti tamamlanandan soň, birnäçe günden amala aşyrylyp bilner. Bu ýagdaýda düzediş girizmek üçin forfetorlar adatça diskontyň möçberini hasaplanlarynda tölegiň möhletine çenli galýan güne birnäçe gün goşýarlar. Muňa ýeňillikli günler diýilýär.

Diskontyň ululygyny we bergi borçnamalarynyň satyjysyna forfetoryň töleginiň pul möçberini üç usul bilen kesgitläp bolýar:

- diskontyň formulasy boýunça;
- göterim belgileri boýunça;
- forfetirlemäniň ortaça möhleti boýunça.

Owerdraft (iňlisçe overdraft) bankyň müşderisiniň goýumçy hasabyndaky otrisatel balansy bolup durýar. Owerdraft –gysga möhletli karz görnüşi bolup, onuň berilmesi bank tarapyndan

serişdeleriň müşderiniň hasaby boýunça onuň galyndysyndan artyk hasapdan öçürilmesi arkaly amala aşyrylýar. Şeýle amalyň netijesinde otrisatel balans, ýagny debet saldosy–müşderiniň banka bergisi emele gelýär. Bank we müşderi özara ylalaşyk baglaşýarlar, onda owerdraftyň aňrybaş pul möçberi, karzyň berilmesiniň şertleri, ony üzmegiň tertibi, karz üçin göterimiň möbçeri kesgitlenýär.

Owerdraftda bergini üzmek üçin müşderiniň goýumçy hasabyna geçirilýän ähli pul möçberleri ugradylýar. Şonuň üçin karzyň möçberi serişdeler geldigiçe üýtgeýär, bu bolsa owerdrafty adaty karzlardan tapawutlandyrýar. Göterimler ylalaşylan ýa-da bar bolan göterimler boýunça alynýar. ABŞ-da bankda uzak wagt hasaby bolan bankyň müşderileri üçin owerdraft mugt berlip bilner.

„Owerdraft“ karzynyň görnüşi ilkinji gezek Angliýada döreýär, häzirki wagtda ösen ýurtlaryň aglabasynda ulanylýar.

Aksept karzy – eksportýorlaryň we importýorlaryň banka berýän geçirme wekseliniň (trattanyň) aksept görnüşinde bank tarapyndan berilýän karzdyr. Karzyň bu görnüşine eksportýoryň banka karz limitiniň çäklerinde belli bir pul möçberine weksel bermäge mümkinçiligi bar. Bank bu wekselleri akseptirleýär we şeýle etmek bilen olaryň bergidar tarapyndan bellenen möhletde tölenilmegini kepillendirýär.

Haryt karza satylanda eksportýorlar wekseliň iri bank tarapyndan aksept edilmegine gyzyklanma bildirýärler. Şeýle weksel islendik wagt hasaba alnyp ýa-da satylyp bilner. Aksept karzynda karzy resmi taýdan eksportýor berýär, ýöne weksel karzyndan tapawutlykda wekseliň akseptanty bolup bank çykyş edýär.

Aksept bermek bilen bank karz bermeýär, ýöne tölegiň möhleti gelende, trattany tölemäge borçlanýar. Haçanda eksportýor nagt serişdeler bilen tölegi kabul edende gaýtadan maliýeleşdirme amaly geçirilýär, ýagny importýoryň banky oňa importýor tarapyndan goýlan trattany akseptirleýär, ony hasaba alýar we eksportýora nagt serişdeleri töleýär. Aksept karzynyň bahasy iki bölekden düzülýär: aksept üçin komissiýadan we hasaba alyş gö-

terimden, ol bolsa adatça wekseli hasaba almak boýunça göterimden pes bolýar.

„Aksept karzy“ adalgasy adatça banklar tarapyndan diňe öz ýurdunyň eksportýorlarynyň trattalaryny akseptirlände ulanylýar.

Aksept karzynyň bir görnüşi aksept–ramburs karzy bolup durýar.

Ramburs (frans. rembourser) halkara söwdasynda satyn alnan harydyň tölegini̇ň bankyň üsti bilen importýoryň banky tarapyndan eksportýor tarapyndan berlen trattalaryň aksept edilmegi görnüşinde tölenilmegini aňladýar.

## 6.7. Walýuta dilingi

Walýuta dilingi – bank tarapyndan biržada öz işgär-dilerleriniň üsti bilen walýutalary satyn almak-satmak boýunça ýerine ýetirilýän amaldyr.

Walýuta dilingi walýutanyň daşarky we içerki bazaryndaky söwdasyny öz içine alýar.

Dilingiň netijeliligi şu aşakdakylara bagly:

- biržada oýnamak üçin ýeterlik bolan maýanyň möçberi;
- zerur bolan maglumat üpjünçiligi;
- aragatnaşygyň (walýutalaryň kursunyň üýtgemeginiň gysga we uzak möhletli tendensiýalarynyň tehniki seljerişi üçin niýetlenen informasion-diling ulgamlaryň) derejesi;
- dilerleriň professionalizmi.

Dilingiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin daşary ýurtlarda diling merkezleri hereket edýär.

Diling merkezleriniň döredilmegi bank däl sferanyň kärhanalaryna wagtlaýyn boş pul serişdeleri bilen ýokary girdejili amallary netijeli geçirmäge, banklara we maýa goýum institutlaryna bolsa trast amallarynyň üsti bilen raýatlaryň serişdelerini akkumulirlemäge we maliýe bazarynyň täze perspektiwaly segmentine çykmaga mümkinçilik berer.

Diling ulgamlara şu aşakdaky talaplar bildirilýär. Olar şu aşakdaky ýaly bolmaly:

- maglumatyň zerur bolan möçberini bermeli;
- ony seljermek boýunça tehniki mümkinçilikleri bermeli;
- real wagt tertibinde (on line) işlemegi üpjün etmeli.

Maglumat üpjünçilik diling ulgamlaryň baş düzüm bölegi bolup durýar, sebäbi dünýä bazarlaryndaky walýuta kurslary hemişe üýtgeýär. Ýurduň walýutasynyň kursuna şu aşakdaky ýagdaýlar täsir edýär: içerki maliýe bazarynyň ýagdaýy, göterim stawkalary babatda merkezi bankyň syýasaty, içerki we daşarky syýasatyň durnuklylygy (durnuksyzlygy), tebigy betbagtçylyklar, dünýä walýuta bazarynyň umumy ýagdaýy. Mysal üçin, haýsydyr bir ýurtdaky maliýe krizisi, ýer titreme, göterim derejeleriniň peselmegi hakyndaky maglumatlar we ş.m. Walýuta bazaryna her bir gatnaşyjy walýutany satyn almagyň we satmagyň kurslary hakynda çalt we oňyn karar kabul etmek bilen laýyk hereket etmeli. Munuň üçin oňa baha kesmelerde, birža maglumatlarda, seljerme synlarda, içerki we daşarky maliýe bazarynyň ýagdaýy hakyndaky maglumatlarda, maglumat gulluklarynyň habarnamalarynda saklanýan uly möçberli maglumaty işlemek zerur. Global maglumat ulgama birikdirilen, degişli programma üpjünçiligi bilen enjamlaşdyrylan kompýuter şeýle gatnaşyjy üçin çalşyp bolmajak gural, ol maglumaty berýär we bölekleýin işleýär, ony seljeriş üçin amatly görnüşde berýär. Maglumatyň geljekki işlenmesi – saýlanyp alnan ölçütleriň esasynda karar kabul edýän dileriň işidir.

Bar bolan maglumat hiç haçan doly bolmaýar, bazaryň geljegini anyk kesgitlemeýär (gizlinden başga). Şonuň üçin walýutany satyn almak ýa-da satmak hakyndaky karary kabul etmek üçin bazara gatnaşýanlaryň meýilleriniň matematiki seljerişini we walýutalaryň kursunyň üýtgemelerini çaklamagy ulanmak bilen bu doly däl maglumatyň uly möçberini işleýärler.

Seljeriş üçin düşnükli we amatly indikatorlar görnüşinde maglumaty bermek bilen, kararlaryň kabul edilmesini ýeňilleşdirmäge daşary ýurtda giňden ulanylýan tehniki seljerişiň usullary hyzmat

edýär. Tehniki seljerişiň maksady– çylşyrymly we diňe hünärmenleriň dar toparyna düşnükli bolan bazarda bahalaryň hereketini trend, trendden gyşarma, uzak we gysga möhletli trendleriň arasyndaky tapawutlar we ş.m. ýaly düşünjeleriň ýygyndysyna syrykdyrmak bolup durýar.

Spot-kurslar we munuň netijesinde kross kurslaryň günüň dowamynda ýygy-ýygydan üýtgeýändigi (1000-den gowrak gezek) we diling ulgamlardaky geleşikler diňe real wagt tertibinde (on line) baglaşylýandygy üçin tehniki we programma üpjünçiligi walýuta bazarynda üstünlikli işlemegiň iňňän möhüm şertlerine öwrülýär. Dileriň üstünligi on line tertibinde işlemegi üpjün edýän telekommunikasiýalara baglydyr, sebäbi kross-kurslardaky oýunda „haýal-ýagallyk ölüm howpludyr“.

Tehniki seljerişiň programmalary bir wagtda grafikleriň uly mukdaryny gözden geçirmäge we olaryň her biri boýunça umumy kabul edilen görkezijileri hasaplap çykarmaga mümkinçilik berýär.

Diling bankyň dowam edýän likwidliligini sazlamak üçin niýetlenýär.

Klassyk görnüşde dowam edýän diling gysga möhletli amallaryň iki görnüşi bolup durýar:

1. Gündelik walýuta korrespondent hasaby sazlamak boýunça depozit amallary. Tölegler üçin serişdeler ýetmezçilik etse, bank gysga möhletli walýuta depozitlerini çekýär. Eger hemişelik artyklyk emele gelse, ony bankara bazarda ýerleşdirýärler.

2. Konwersion walýuta amallary („foreks“– iňlisçe foreign exchange).

Banklar müşderiniň tabşyrmagy boýunça bir walýutadan beýleki walýuta serişdeleriň konwersiýasyny amala aşyrýarlar, şeýle hem arbitraž girdeji almak üçin walýuta kursunyň üýtgemeginde alyp-satyş işlerini geçirýärler.

Diling ulgamlaryny we merkezlerini guramaga täze çemeleşmäni girizen daşary ýurtda meşhur bolan American Foreign Exchange Trust (AFT) kompaniýasy bolup durýar, ol dünýä maliýe bazarynda walýuta bilen gije-gündiz işlemekde öňbaş-

çylaryň biri bolup durýar. AFT-niň hünärmenleri öz işini hepdäniň başynda Ýaponiýadaky biržanyň açylmagy bilen başlaýarlar we hepdäniň ahyrynda Nýu-Ýorkdaky biržanyň ýapylmagy bilen işi tamamlaýarlar. Bu bütin dünýäde walýuta kurslarynyň üýtgemelerine üznüksiz gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Ýigrim dört sagatlyk iş tertibini ulanyjylary haýsydyr bir aýratyn alnan ýurtda kurslaryň mümkin bolan garaşylmadyk üýtgemesinden goramaga mümkinçilik berýär. AFT-nyň resmi wekili – International Financial & Traiding Network-2000, Inc. (IFTN-2000, ABŞ) şereketi, maliýe işiniň bu görnüşini ýaýbaňlandyrmak we ornaşdyrmak bilen meşgullanýar.

Ozalky GDA-nyň çäklerinde söwdalaşyklara gatnaşmagyň täze tehnologiýasynyň ornaşdyrylmagynyň birinji tejribesi IFT Network, Riga, Inc. şereketiniň döredilmegi we onuň binýadynda Rigada diling merkeziň açylmagy bolup durýar. Merkeziň işi şeýle bir üstünlikli bolupdyr welin, IF TN-2000 şereketiniň binýadynda Moskwada, soňra bolsa Russiýanyň beýleki şäherlerinde diling merkezleriniň açylmagy hakynda karar kabul edilýär.

Maliýe dilingi hem bar, oňa kähalatda walýuta-maliýe dilingi diýilýär. Dürli bazarlarda we maliýe aktiwlerinde arbitraž hökmündäki onuň häsiýetli aýratynlygy töwekgelçilik bilen bagly walýuta we göterim pozisiýalarynyň açylmagy bolup durýar.

Olar şu aşakdakylary tapawutlandyrýarlar:

- ýönekeý maliýe dilingi;
- çylşyrymly maliýe dilingi.

Ýönekeý diling, bu– iki maliýe aktiwleriň arbitražy.

Çylşyrymly maliýe dilingi–gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallar (walýuta obligasiýalar OWWZ, wekseller, GKO, OFZ), bank karzlaryndaky we depozitlerdäki arbitraž.

Bankara karzlarynyň bazarynyň (BKB) günüň we hepdäniň dowamynda stawkalaryň üýtgemesiniň uly amplituda bolmak häsiýetnamasy bar, oýnuň hasabyna we çekilýän ýa-da ýerleşdirilýän serişdeleriň dürli möhletliligi arkaly girdeji almak üçin mümkinçilik berýär.

Bazaryň sanalyp geçilen segmentleri jebis baglanyşykly, şonuň üçin banklaryň işi üçburçlukda bolup geçýär: walýuta-konwersion amallaryň bazary, rubl we walýuta BKB-niň bazary we gymmat bahaly kagyzlaryň we göterim gurallarynyň–wekselleriň, GKO-nyň, OWWZ-niň bazary.

Kähalatlarda maliýe inžiniringi diýlip atlandyrylýan çylşyrymly maliýe dilingi beýleki maliýe aktiwleri arkaly hasaplanyp çykarylýan gabat gelmeýän göterim stawkalarynda, kurslarda arbitraž bolup çykyş edýär. Şu ýagdaýda bu maliýe aktiwleri maliýe gurallary hökmünde çykyş edýär.

Reuters kompaniýasynyň diling ulgamynyň ýönekeý wariantda üç kompýuteri bar: olaryň biri walýuta we pul bazarynda geleşikleri amala aşyrmak üçin, beýleki ikisi – ykdysady, maliýe we beýleki maglumatlary üznüksiz almak üçin ulanylýar.

Ulgamda merkezi orny personal kompýuter eýeleýär, onuň üsti bilen Reuters ulgamynyň ähli abonentleri bilen aragatnaşyk saklanýar.

Ulgamdaky ähli kompýuterler özara baglanyşyklydyr. Diler öz terminalyndan özüni gyzyklandyrýan banklara (ulgamda her bir banka öz diling-kody berlen) „çykýar“. Gürrüňdeşlik standartlaşdyrylan soraglaryň we jogaplaryň kömegi bilen alnyp barylýar. Adatça diler şu gün ýa-da ertir getirme bilen manadyň ABŞ-nyň dollaryna bolan bahasyny, manat ýa-da walýuta depozitleriniň nähili göterimde alynýandygyny ýa-da berilýändigini anyklaýar ýa-da derrew belli pul möçberli bazara çykyp, bank-müşderiden onuň walýutany haýsy kurs boýunça satyn alýandygyny we satýandygyny soraýar. Şunda öz satyn alma we satma bahalaryny goýýan banklar (adatça bu iri banklar), şeýle hem diňe ýokarda görkezilen banklaryň bahalaryny ulanýan banklar bar. Elbetde, munuň maksady bazaryň aşaky nokatda (walýuta satyn almaly bolsa) ýa-da ýokarky nokatda (walýutany satmaly bolsa) boljak wagtyny saýlap almak bolup durýar, bu bolsa walýuta bilen satyn alyp satma amallarda zerur bolup durýar (degişlilikde, arzan satyn almak, gymmat satmak). Depo-

zit geleşikler babatda hem ýagdaý şunuň ýaly: serişdeleri arzan çekmek, gymmat ýerleşdirmek.

Dilerleriň baş wezipesi – bankyň ähli bölümlerini bir bitewilige birleşdirmek, artykmaç ýa-da ýetmezçilik edýän serişdeleriň barlygyny anyklamak, degişlilikde, bankyň pul serişdeleriniň dolandyrylmasyny sowatly geçirmek bolup durýar.

Diling amala aşyrylanda banklar prowaýderler bilen işleýärler. Prowaýder (iňl. provider – getiriji) – banklaryň ultragysga pullara bolan hajaty hakyndaky maglumat akkumulirlenýän we ätiýaçlyk aragatnaşyklary koordinirlenýän beýni merkezidir. Prowaýder üçin pul çeşmesini uly pul möçberlerini ýygnaýan dilerler üpjün edýär.

## 6.8. Türkmenistanda halkara maliýe hyzmatlary

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetinde amala aşyrylýan düýpli özgertmeler ýokary netijeli, durmuş mazmunly ykdysadyýeti döretmäge, ýurduň dünýä ykdysadyýetine birikdirilmeginiň depginini çaltlandyrmaga, ilatyň durmuş-ýaşaýyş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Bazar ykdysadyýetinde maýa goýumlaryň esasy çeşmeleriniň biri bolup başga ýerden çekilen serişdeler, hususan-da karz serişdeler çykyş edýärler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hökümet ýygnaklarynyň birinde Halkara walýuta gaznasynyň (HWG) bilermenleriniň topary tarapyndan taýýarlanan resminamalaryň taslamalaryny tassyklady. Bu resminamalar esasan ýurdumyzyň býujet ulgamynyň obýektleriniň auditor işewürligi we maliýeleşdirilmegi bilen baglanyşykly taslamalardyr. HWG-niň bilermenleri jogapkär başlyklaryň geňeşliginiň ýygnagynda tassyklanan hasabatlarynda biziň ýurdumyzda geçirilýän, hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygy esasynda işlenip düzülen maliýe-ykdysady özgertmelere ýokary baha berdiler. Bu özgertmelerde maliýe-karz ulgamynyň durnuklylygyna, şu günki gün ylmyň täze gazananlaryna we tehnologiýa-

larynа, öňdebaryjy dünýä tejribesine esaslanýan ýurdumyzyň bank ulgamynyň işleriniň netijeliligine esasy üns berilýär.

Bank işi häzirkizaman pul hojalygynda önümçiligiň talaplary bilen ysnyşykly baglanyşyklydyr. Ykdysady ulgamyň merkezinde bolup öndürijileriň bähbitlerine hyzmat etmek bilen banklar senagatyň, söwdanyň, oba hojalygynyň we ilatyň arasyndaky maliýe çeşmeleriniň ýola goýulmagyna ýardam berýärler.

Bazar ykdysadyýetinde maliýe, pul-karz gatnaşyklarynyň netijeli dolandyryş ulgamyna, ýagny durnukly we işjeň hereket edýän bank ulgamyna esasy orun degişlidir. Häzirki wagt Türkmenistanyň bank ulgamynda düýpli özgertmeler alnyp barylýar, täjirçilik banklarynyň netijeli ulgamy, şeýle-de güýçli bank merkezi we pul-karz, emission we walýuta syýasatlarynyň ýeke-täk ugrukdyryjysy hökmünde pul-karz bazarlary döredilýär. Bu ugur boýunça ösen döwletleriň tejribesi ulanylýar.

Türkmenistanyň häzirkizaman pul-karz we maliýe ulgamynda şu günki gün wajyp düzüm üýtgeşmeler bolup geçýär. Karz ulgamyna täzelikler girizilýär. Merkezi bankyň we maliýe-karz institutlarynyň arasyndaky gatnaşyklar modifisirlenýär. Bank ulgamynyň hünärmenleriniň bellemegine görä, häzirki wagt Türkmenistanda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalar ulgamynyň ýeterlik hukuk bazasy döredildi, ýurdumyzda taýýarlanan iň täze maksatnamalaryň ornaşdyrylyşy dowam edýär, bu ulgam üçin ýokary hünärli hünärmenleriň taýýarlygy dowam edýär.

Soňky ýyllarda telekeçilik kärhanalary we bölek satuw amallarynyň ösüşiniň hasabyna hususy işini diwersifikasiýalaşdyrmak üçin hödürlenýän hyzmatlaryň görnüşleriniň giňeldilmegine tarap uly ädim ädildi. Bu ugurda müşderilere elektron hyzmatlar tehnologiýasy, ýagny bank kartlary boýunça amala aşyrylýan hyzmatlar, öz bank hasaplaryny uzak aralyklardan dolandyrmak hyzmatlary, Internet üsti bilen ýerine ýetirilýän hyzmatlar işjeň ornaşdyrylýar.

Banklar tarapyndan hödürlenýän bölekleýin hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmekde alnyp barylýan esasy ugurlaryň biri hem

plastik kartlar boýunça amallary ýerine ýetirmekdir. Häzirki wagtda plastik kartlar dünýäsinde töleg ulgamynyň 2 görnüşi daşary ýurt (halkara) “VISA” we milli kartlar hereket edýär.

Maliýe kartlarynyň bank hyzmatlar bazaryna üstünlikli ornaşdyrylandan soň banklar öz amala aşyrýan amallaryna elektron tehnologiýalaryň ornaşdyrylyşyny dowam etdirdiler. Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky 1994-nji ýylda “VISA” INTERNATIONAL halkara töleg assosiasiýasynyň doly hukukly agzasy boldy we şol döwürden bäri “VISA” kartynyň 3 sany “Business”, “Classic” we “Electron” görnüşlerini çykarýar we olara hyzmat edýär. 2006-njy ýylyň ahyryna “VISA Gold” kartlaryny öndürmek we oňa hyzmat etmek boýunça taslamanyň başy başlandy. Mundan başga-da TDYDB daşary ýurt emitentleri tarapyndan çykarylan “VISA” kartlary boýunça hyzmatlary ýerine ýetirdi.

“VISA” halkara kartlaryny kabul edýän bankomatlar we terminallar ulgamy köpeldilýär.

Karz beriji guramalar öz girdejeleriniň esasy bölegini kiçi kärhanalara we ilata dürli hyzmatlary hödürlemekden almaga ymtylýarlar. Bu ugur boýunça biznesi giňeltmek üçin banklara amala aşyrylýan amallara netijeli gözegçilik etmegi üpjün edýän müşderilere “öz öýünden çykman” işlemeklige mümkinçilik berýän göwnejaý hyzmatlar ulgamyny döretmek hökmandyr. Şonuň üçin banklar öz müşderileriniň sanyny köpeltmek, şeýle-de öz amallarynyň özüne düşýän gymmatyny peseltmek maksady bilen hyzmatlary üpjün edýän täze tehnologiýalary müşderä maglumat almak we netije çykarmak üçin bütindünýä ulgamyndan peýdalanmagy göz öňünde tutýan internet-banking hyzmatlaryny üpjün edýän täze tehnologiýalary ornaşdyrmak kanuna laýykdyr.

Häzirkizaman internet-tehniki banklara kagyz işleriň göwrümini azaltmaklygyň üsti bilen banklara resminama aýlanyşygyny tizleşdirmeklige we ýerleşdirmeklige mümkinçilik berýär. Internetiň üsti bilen hasabyňy dolandyrmak – diňe bir wagt tygşytlamak bilen çäklenmän, eýsem görnetin peýda hem getirýär. Ýagny, käbir banklar Internetiň üsti bilen amala aşyrýan amal-

larynyň tariflerini peseldýärler, beýlekiler amallar üçin kesgitlenen göterim girizýärler, üçünjiler bolsa korporatiw müşderiler üçin has amatly töleg resminamalarynyň islendik sany üçin ýeke-täk töleg girizýär.

Türkmenistanda bu biznes ýakynda ornaşdyrylyp başlandy, kesgitli ýetmezçiliklere hususan-da, internet-bankingiň tehniki kynçylygyna garamazdan, şunuň ýaly hyzmatlary hödürleýän tehnologiýalaryň ornaşdyrylymagynyň artykmaçlyklarynyň bardygy şübhesizdir. Müşderiler üçin hyzmatlaryň amatlylygynyň derejesini ýokarlandyrmakdan başga gije-gündiz işlemekligi üpjün etmek mümkinçiligi, şeýle-de serwisi hödürlemekligiň işjeňligi wajyp rol oýnaýar. Bu ýerde esasy maksat–amallaryň amala aşyrylyş tizligini ýokarlandyrmak, müşderileriň wagtlaryny bisarpa sarp etmezligini üpjün etmekdir. Üýtgeşmeler eýýäm bank ofisleriniň içinde amala aşyrylyp başlandy. Bank işgärleriniň öňünde goýýan esasy wezipeleri–her bir müşderä ýokary derejeli hyzmat etmek we alnyp barylýan işleriň ýokary netijeliligidir. Ofislerde müşderilere hyzmat etmegiň optimizasiýasy eýýäm öz položitel netijelerini berdi. Bank kartlaryny bermekde, tygşytlaýyş depderçelerini çalyşmakda, pul geçirimlerini ugratmakda, ähli mümkin bolan töleglerde we tölegleri resmileşdirmekde wagt tygşytlylygy gazanyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen bank ulgamyny özgertmekligiň esasy maksatlarynyň biri – ýurdumyzda geljek üçin amaly çözgütleri çözmäge gönükdirilen bank ulgamynyň täze görnüşlerini döretmekden ybaratdyr. Türkmenistanyň banklary täze tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen banklaryň halkara talaplara laýyk gelýän ösüşini üpjün etmelidirler.

Türkmenistanyň bank ulgamyny uzakmöhletli ösdürmegiň esasy strategiki wezipeleri şulardyr:

- Türkmenistanyň bank ulgamynyň serişdeleriniň artdyrylmagy, şol sanda uzak möhletli serişdeleriň ozýan depginde artdyrylmagy;

- Bank telekeçiliginiň geljeginiň uly görnüşleriniň ösdürilmegi (lizing, faktoring amallary), täze häzirkizaman tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy (internet-banking);

- Plastik kartlary peýdalanmak arkaly sarp ediş bazarynda nagt däl hasaplaşyklaryň mukdarynyň artdyrylmagy;

- Bank ulgamynda işgärleriň hünäriniň ýokarlandyrylmagy, onuň halkara standartlarynyň derejesine çykarylmagy.

Geljekde maliýe ulgamynda döwletiň maýa goýum syýasaty daşary ýurtly maýadarlary çekmek üçin amatly şertleri döretmeklige aýratyn üns bermegini dowam eder. Täze tehnologiýa, nou-hau görnüşde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin amatly ykdysady-hukuk şertleriniň döredilmegine, gysga möhletiň dowamynda möhüm maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine we ýurtda netijeli, hemmetaraplaýyn ösen, öz-özüni ödeýän, bäsleşige ukyply ykdysadyýetiň döredilmegine ýardam berer.

10. Sargyt № 2669

# VII bölüm | DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINDE ÄTIÝAÇLANDYRYŞ HYZMATLARY

## 7.1. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň düýp mazmuny we görnüşleri

***Daşary ykdysady aragatnaşyklarda ätiýaçlandyryş işi*** – özleriniň ätiýaçlandyryş tölegleriniň esasynda döredilen pul fondlarynyň hasabyna döwlet eýeçiliginiň emläk bähbitlerini, hojalyk subýektlerini we raýatlary kesgitli wakalar (ätiýaçlandyryş ýagdaýlary) ýüze çykanda goraglylygy üpjün edýän halkara ykdysady gatnaşyklardyr.

***Ätiýaçlandyryş sylagy(tölegi)*** – ätiýaçlandyryş polisine laýyklykda ätiýaçlandyrylýan adamlaryň ätiýaçlandyrýan adama ätiýaçlandyrmak üçin hökmany ýagdaýda töleýän tölegidir.

***Ätiýaçlandyryş polisi*** (fransuz police, italýan polizza sözünden – dil haty, kwitansiýa)–bu ätiýaçlandyrýan tarapyň ätiýaçlandyryş şahadatnamasy hökmünde berýän ýazmaça ätiýaçlandyryş ylalaşygydyr.

Daşary ykdysady aragatnaşyklary ätiýaçlandyrma işine 2 subýekt gatnaşýar: **polisaklaýjy** (ätiýaçlandyrylýan)–kanuna ýa-da ikitaraplaýyn geleşige (ätiýaçlandyryş ylalaşygy) laýyklykda ätiýaçlandyryşa gyzyklanma bildirýän, ätiýaçlandyryş tölegini töleýän we ätiýaçlandyrýan bilen kesgitli ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryna gatnaşýan hojalyk subýekti ýa-da raýatdyr.

Polisaklaýjy bolup ätiýaçlandyrýan tarap bilen ätiýaçlandyryş ylalaşygyny baglaşan ýa-da kanuna laýyklykda ätiýaçlandyrylýan tarap hasap edilýär.

Ylalaşyk baglaşylanda polisaklaýjy ätiýaçlandyrýan tarapa özüne belli bolan daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ätiýaçlandyryş töwekgelçiliklerine baha bermekde wajyp hasap edilýän ähli ýagdaýlar barada, şeýle-de ätiýaçlandyryşyň berlen obýekti boýunça

öň baglaşylan we häzirki wagt baglaşylýan ätiýaçlandyryş ylalaşyklary barada habar etmegi hökmandyr. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda, polisaklaýjy ätiýaçlandyrylan emläge ýetirilýän zyýanyň öňüni almak we ony boldugyndan peseltmek üçin gerek bolan işleri ýerine ýetirmäge borçludyr.

Daşary ykdysady aragatnaşyklary ätiýaçlandyrma işine gatnaşýan ikinji subýekt –ätiýaçlandyryjydyr. ***Ätiýaçlandyryjy*** – ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmak üçin döredilen hojalyk ediji subýekt bolup, ol ätiýaçlandyryş işini alyp barýar we ätiýaçlandyryş fondunyň döredilmegine we çykdajylaryna seredýär.

Daşary ykdysady aragatnaşyklary ätiýaçlandyrmak diýlende, daşary ykdysady töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmaklyga düşünilip, halkara hyzmatdaşlygyň ol ýa-da beýleki formalaryna milli we daşary ýurt gatnaşyjylaryň bähbitlerini goramagy üpjün edýän ätiýaçlandyryş görnüşleriniň toplumyny aňladýar.

Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ätiýaçlandyrylmasy şahsy, emläk, jogapkärçilik ätiýaçlandyrmalary öz içine alýar (*12-nji tablisa seret*).

***Şahsy ätiýaçlandyrma*** raýatlaryň ätiýaçlandyryş goraglylygyny amala aşyrmagy aňladýar.

***Emläk ätiýaçlandyrmasynda*** ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryň obýekti bolup emlägiň dürli görnüşleri we emläk bähbitleri çykyş edýär. Emläk ätiýaçlandyrmasynyň ykdysady manysy ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmak bolup durýar.

***Jogapkärçilik ätiýaçlandyrmasynda*** ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň obýekti bolup ätiýaçlandyrylýan tarapdan haýsy-da bolsa bir hereketiň ýa-da hereketsizligiň netijesinde üçünji fiziki ýa-da ýuridiki taraplaryň öňünde ýüze çykýan jogapkärçilik çykyş edýär.

Emläk ätiýaçlandyrmasynda raýatlaryň, hojalyk ediji subýektleriň şahsy emlägi we emläk bähbitleri polisaklaýja degişlidir, şahsy ätiýaçlandyrmada ätiýaçlandyryş işi ätiýaçlandyryjynyň durmuşy we saglygy bilen bagly bolan kesgitli ýagdaýlar ýüze çykanda geçirilýär. Bulardan tapawutlylykda jogapkärçilik ätiýaçlandyrmasynyň

maksady mümkin bolaýjak zeper ýetirijileriň bähbitlerini ätiýaçlandyryş goraglylygy bilen üpjün etmek bolup durýar, ätiýaçlandyrmanyň bu görnüşiniň aýratynlygy her bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda kesgitli pul tölegleriň tölenilmegindedir. Jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak ätiýaçlandyryşyň pul möçberini we öwezi tölenýän tölegleri aljak ätiýaçlandyrylýan raýaty ýa-da hojalyk ediji subýekti kesgitlemegi göz öňünde tutmaýar.

Ätiýaçlandyrylýan tarap we ätiýaçlandyryş töleginiň ululygy diňe ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan halatynda, ýagny üçünji tarapa zyýan ýetirilen halatynda kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş meýletin we hökmany görnüşlerde amala aşyrylyp bilner.

***Meýletin ätiýaçlandyryş*** ätiýaçlandyryş guramalary bilen ätiýaçlandyrylýan tarapyň arasynda şertnama esasynda amala aşyrylyp bilner.

***Hökmany ätiýaçlandyryş*** – ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryjynyň we ätiýaçlandyrylýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak meselelerini çözmekde özbaşdak däldiklerini aňladýar. Hökmany ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryjyda şertnamany baglaşmak, ätiýaçlandyrylýanda bolsa ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň degişli möçberini öz üstüne almak borjy ýüze çykýar.

Atiýaçlandyrmagyň köp görnüşleriniň ýuridiki taýdan baglaşylmagy meýletindir. Ýöne, haryt eltmeleri, syýahatçylyk hyzmatlary, gurluşyk we äkitmek boýunça işler, ol ýa-da beýleki emlägi kärendesine bermek boýunça ylalaşyklaryň häsiýeti, düzgüne görä ätiýaçlandyrmany geleşigiň hökmany bölümi görnüşinde göz öňünde tutýar. Degişli şertnamalaryň düzümine baglylykda ätiýaçlandyryş boýunça çykdajylary taraplaryň islendigi çekip biler, şahsy bähbitlerden we milli ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň bähbitlerinden ugur alyp, ol ätiýaçlandyryş kompaniýasyny we ätiýaçlandyryşyň şertlerini saýlap alýar.

***Ätiýaçlandyryş borjy*** diýlip, ätiýaçlandyrylýan hökmünde ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak borjuna düşünilýär.

*12-nji tablisa*

**Daşary ykdysady aragatnaşyklaryny ätiýaçlandyrmagyň klassifikasiýasy**

- Şahsy ätiýaçlandyrma
  - ýolagçylary ätiýaçlandyrma
  - Syýahatçylaryň ömrüni we saglygyny ätiýaçlandyrma
  - Syýahatçylaryň medisina ätiýaçlandyrmasy
  - Syýahatçylary dynç alyş wagty ýaramaz howadan ätiýaçlandyrmasy
- Emläk ätiýaçlandyrmasy
  - Daşary söwda işini ätiýaçlandyrma
    - ulag arkaly ýükleri daşamagy ätiýaçlandyrma
    - deňiz
    - derýa
    - demir ýol
    - awtomobil
    - howa
  - Maliýe töwekgelliklerini ätiýaçlandyrma
    - Ýaramaz howa bolan ýagdaýyny ätiýaçlandyrma
    - delkrederi ätiýaçlandyrma
    - Depozitleri ätiýaçlandyrma
    - Walýuta töwekgellikleri ätiýaçlandyrma
  - Daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrma
    - Maýa goýujylaryň aşakdaky töwekgelliklerden ätiýaçlandyrylmagy
    - walýuta geçirimleri
    - ekspropriasiýa
    - uruş
    - Jemgyýetçilik bidüzgünlikleri
    - Kapital goýlan ýurduň hökümeti tarapyndan şertnamanyň şertleriniň bozulmagy
- Jogapkärçilik ätiýaçlandyrmasy
  - Awtoulag eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçladyrylmagy
  - Karzy üzmänligi üçin karz alyjynyň jogapkärçiliginiň ätiýaçladyrylmagy
  - Ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri (ussatlyk boýunça jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak, ekologiki töwekgellikler)
  - Ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri (kosmiki obýektler, gurluşyk-gurnama işleri, halkara sergileri we ş.m.)

***Ätiýaçlandyryş brokerleri*** ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmaga ygtyýarnamasy bolan ätiýaçlandyryş guramalary bilen polisaklaýjylaryň şertnamalary esasynda öz wezipelerini amala aşyrýan garaşsyz dellallardyr. Hakykatdan hem ätiýaçlandyryş brokeri ätiýaçlandyrylýanyň hem, ätiýaçlandyryş guramalarynyň hem gaýtadan ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri boýunça ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasyndaky bähbitlere wekilçilik edip biler.

Gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny geçirmegiň kanuny bellenen tertibe laýyklykda, ätiýaçlandyryş guramasynyň kesgitlenen kadalardan artyk kabul eden borçnamalary esasynda gaýtadan ätiýaçlandyryjylarda üsti ýapylmadyk töwekgelçilik bar bolsa daşary ýurt ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynda (ätiýaçlandyryş brokerlerinde) gaýtadan ätiýaçlandyrylmaga degişli bolýar. Öz serişdeleri we öz üstüne alynýan jogapkärçilik mynasybetiniň kadasy kanun tarapyndan bellenilendir.

Gaýtadan ätiýaçlandyryjy bilen gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda ätiýaçlandyrylýanyň öňünde doly jogäpkär bolup durýar. Ätiýaçlandyrma ýagdaýynyň ýüze çykan mahalynda gaýtadan ätiýaçlandyryjy gaýtadan ätiýaçlandyryş boýunça boýun alan borçnamalarynyň möçberinde jogapkärçilik çekýär.

Gaýtadan ätiýaçlandyryjy göni ätiýaçlandyryjyny gaýtadan ätiýaçlandyryş örtgüsi bolmazdan, ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyrylanlara tölegleri amala aşyrmaly bolan ýagdaýynda çekip biljek maliýe ýitgilerinden goraýar. Ondan başga-da, gaýtadan ätiýaçlandyryş arkaly ätiýaçlandyrylanan tarapa iň gysga möhletde ýokary kepillikli goraglylygy üpjün edýär.

Gaýtadan ätiýaçlandyrmanyň ykdysady tebigaty gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň kesgitli şertlerde belli bir töleg esasynda ätiýaçlandyrylan töwekgelçilige gatnaşmagyndan ybaratdyr. Ol ätiýaçlandyrma ýagdaýy ýüze çykan mahaly göni ätiýaçlandyryjynyň zeperiniň öwezini dolmak bilen bagly ýitgilerini ýapmaga borçludyr.

Gaýtadan ätiýaçlandyryşyň häzirkizaman dünýä ätiýaçlandyryş ulgamynyň iş tejribesiniň ähmiýetiniň möhümligini ätiýaçlandyryşyň barha artýan möçberi bilen subut etse bolýar. Gaýtadan ätiýaçlandyryş şu wezipeleri ýerine ýetirýär:

- göni ätiýaçlandyryjylar tarapyndan ätiýaçlandyrma töwekgelçilikleriň kabul edilmegi üçin goşmaça maliýe serişdelerini berýär;
- ätiýaçlandyrmada görkezilen töwekgelçilikleri ikilenç gaýtadan paýlaýar;
- göni ätiýaçlandyryjynyň tölemäge ukyplylyk görkezijileriniň ýokary bolmagyna täsir edýär;
- ätiýaçlandyrma ýagdaýy ýüze çykan mahalynda göni ätiýaçlandyryjynyň çekýän zyýanyny çalt düzgünleşdirmek üçin ygtybarly aktiwleri berýär.

Gaýtadan ätiýaçlandyryşyň sanalyp geçilen esasy wezipeleri onuň maliýe mazmunyny açyp görkezýär. Gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy özbaşdak şertnamadyr, emma onuň baglaşylmagy göni ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrylýanyň arasynda göni ätiýaçlandyryş şertnamasy, şonuň ýaly-da onuň tarapynda ätiýaçlandyryş boýunça amala aşyrylýan iş ýok mahalynda mümkin däldir. Gaýtadan ätiýaçlandyryşyň özbaşdak hyzmat hökmünde bahasy bardyr, ol gaýtadan ätiýaçlandyryşyň belli bir görnüşlerine bolan hyrydarlygyň we onuň hödürlenişiniň netijesinde emele gelýär hem-de ätiýaçlandyryşyň formasyna we görnüşine bagly bolup durýar. Köplenç halatlarda gaýtadan ätiýaçlandyryş baglaşylýan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça tarifleriň ep-esli aşak düşmegine mümkinçilik berýär.

## 7.2. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň aýratyn görnüşleriniň düzümi

Syýahatçylaryň, daşary söwda ýükleriniň (ýük ýa-da ulag) daşalmagynyň, walýuta töwekgelçilikleriniň, daşary ýurt maýa goýumlarynyň, awtoulag eýeleriniň jogapkärçilikleriniň, karz alyjynyň karzy üzmedik ýagdaýyndaky jogapkärçiliginiň ätiýaçlan-

dyrylmagy daşary ykdysady aragatnaşyklary ätiýaçlandyrmagyň has giň ýaýran görnüşlerine degişli edilýär.

### 7.2.1. Syýahatçylaryň medisina ätiýaçlandyrmasy

Medisina ätiýaçlandyrmasy adatça syýahatçylaryň şu aşakdaky çykdajylaryny ýapýar:

• medisina;

• hassahana;

• tiz kömek ulagy bilen äkitmegi;

• derman satyn almak;

• betbagtçylyk ýa-da duýdansyz ýarawsyzlyk esasynda kesellänlere seretmek;

• daşary ýurtda merhum bolan ýagdaýynda jesedini äkitmek;

• zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda ýarawsyzy öz ýurduna ugratmak.

Eger-de ätiýaçlandyrylýan adamyň ýaşy 65-den geçen bolsa, töleg iki esse köpelýär, 70 ýaşdan geçen adamlar ätiýaçlandyrylmaýar. Ätiýaçlandyrma medisina barlagsyz geçirilýär.

Medisina çykdajylary ätiýaçlandyrylan ýagdaýynda diňe betbagtçylyk ýa-da duýdansyz ýarawsyzlyk esasynda ýüze çykan gyssagly gaýragoýulmaýan medisina çykdajylaryň öwez tölegi tölenilýär. Şeýle polisler bilen özüňi bejertmek maksatly syýahata gidip bolmaýar, bu polis boýunça syýahata çenli belli bolan hroniki keselleriň bejergisi tölenmeýär.

Käbir ätiýaçlandyryş kompaniýalary öz müşderilerine medisina ätiýaçlandyrmasyna goşmaça ätiýaçlandyrmanyň: heläkçilikli waka, raýat jogapkärçiligi, syýahata gitmegi ýatyrmak bilen baglanyşykly maliýe töwekgelçiligi we beýleki görnüşlerini hödürleýär.

Eger-de hyzmatlaryň polis boýunça üpjün edilişini halkara hyzmat gullugy ýerine ýetirýän bolsa, ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda polisiň eýesine diňe onda görkezilen telefona jaň etmegi ýeterlikdir. Oňa diňe bir dessine kömek bermek bilen çäklenmän, eýsem nätanyş ýerde, ýüze çykan ýagdaý boýunça gerekli maslahat-

lar berler. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyrylýanyň medisina hyzmatlary boýunça hemme çykdajylar ätiýaçlandyryjynyň hasabyna töleniler.

Häzirki wagtda GDA girýän döwletleriň köpüsiniň ätiýaçlandyryş kompaniýalary daşary ýurtlara gidýän syýahatçylara jogapkärçiligiň örän pes derejesi bolan polisleri hödürleýärler, bu bolsa daşary ýurtlardaky medisina hyzmatlaryň bahalaryna laýyk gelmeýär, şeýle hem hödürlenilýän polislere daşary ýurduň abraýly ätiýaçlandyryş edaralary gatnaşmaýarlar. Bu ýerde bir zady bellemek gerek: kompaniýa tarapyndan hödürlenýän pes tarifler, bu kompaniýanyň telekeçilik jemgyýetinde üstünlige eýedigini aňlatmaýar.

Medisina ätiýaçlandyrmasynyň esasy aýratynlygy, ätiýaçlandyryşyň bu görnüşinde baha bäsleşigi bolmaly däldir, polisiň arzanladylmagy esasan, ätiýaçlandyryş hyzmatlaryň hiliniň pes bolmagy ýa-da jogapkärçilik derejesiniň pes bolmagy arkaly gazanylýar. Şunuň ýaly polisi satyn alan polisaklaýjy zerur ýagdaýda diňe bir medisina kömegi bilen üpjün edilmegi howp astyna salman, eýsem ilçihanada wiza alyp bilmezligi hem mümkindir.

Şonuň üçin ätiýaçlandyryş polisi saýlanyp alnanda, onuň diňe bir bahasyndan ugur alynman, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň hiline-de seredilmelidir.

Ätiýaçlandyryş polisi saýlanylyp alnanda esasy üns berilmeli zatlar –jogapkärçiligiň çäkliliginiň derejesi, üpjün edilýän medisina hyzmatlarynyň sanawy, franşizanyň bolmagy we daşary ýurt ätiýaçlandyryş ýa-da hyzmat ediş kompaniýalarynyň bolmagydyr.

### 7.2.2. Ýaramaz howa ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyrma

Ýaramaz howa ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyrma täjirçilik howpuny ätiýaçlandyrmak üçin niýetlenendir.

Ätiýaçlandyrmanyň obýekti bolup, mysal üçin, stadionlarda we beýleki açyk meýdançalarda uly konsert – sport çäreleri geçirilende, ähli ýerleriň doly bolmagy çykyş edýär we çäräni gurnaýjynyň ony gurnamak üçin eden çykdajylarynyň ödelmegini göz öňünde tutýar. Gurnaýjy üçin ýaramaz howa ätiýajy hökmünde ýaramaz howa (ýa-

gyş, gar, sowuk howa we ş.m.) bolup biler. Sebäbi ýaramaz howanyň netijesinde tomaşaçylaryň bolmazlygy ýa-da artistleriň we çärä gatnaşyjy beýleki adamlaryň çykyş edip bilmezligi mümkin, netijede, geçirilmeli medeniýet ýa-da sport çäresi ýatyrylýar.

Ýaramaz howa ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryş polisi esasynda ätiýaçlandyryjy gurnaýja ätiýaçlandyryş polisinde bellenilen howa şertleri sebäpli geçirilmedik çäräniň öwez tölegini töläp bermegi boýun alýar.

### 7.2.3. Delkredere atiýaçlandyrmasy

***Delkredere*** (italýança del creadere – ynama) – bu komissioneriň komitentiň öňünde ylalaşygy ýerine ýetirmek üçin, komissioneriň üçünji tarap bilen baglaşan tabşyrygydyr. Komissioner delkredere üçin aýratyn sylag alýar. Üçünji tarap ylalaşyk boýunça borçlaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, delkredere jogapkärçiligini boýun alan broker ýa-da agent beýleki tarapyň çykdajylarynyň öwezini dolýar. Delkredere şertleri taraplara täjirçilik howpuny ep-esli peseltmäge ýa-da doly aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär, sebäbi broker ýa-da agent ýerli bazar boýunça bilim tejribesini ulanyp, geleşigiň üstünlikli geçmegini üpjün edip biler.

Delkredere ätiýaçlandyrmasy –içerki we daşary ýurt buýrujylary harytlar we hyzmatlar bilen üpjün etmekde gysga möhletli debitor bergileri boýunça ýüze çykjak töwekgelçiliklerden 180 günüň dowamynda goramagy göz öňünde tutýan ätiýaçlandyryş şertnamasydyr. Delkredere ätiýaçlandyrmasy harytlar getirilip, bahasy boýunça hasap berlenden we olar satyn alyjy tarapyndan doly kabul edilenden soň başlanýar. Satyn alyjynyň töläp bilijilik ukyby bolmadyk ýagdaýynda, polisaklaýja debit bergiler boýunça ýitgileriň öwezi tölenýär.

### 7.2.4. Depozitleri ätiýaçlandyrmak

**Depozitleri ätiýaçlandyrmak** – banklar tarapyndan amala aşyrylýan ätiýaçlandyrmanyň bir görnüşidir, bu ätiýaçlandyrma laýyklykda, banklar bankrotlyk ýagdaýyna düşen halatynda, olarda maliýe serişdeleri saklaýan müşderilere pullaryň doly gaýtarylyp

berilmegi kepillendirilýär. Depozitleri ätiýaçlandyrmak meýletin görnüşde amala aşyrylýar.

### 7.2.5. Walýuta töwekgelçiliklerine garşy ätiýaçlandyrma

**Walýuta töwekgelçilikleri** (ýagny, walýuta kurslarynyň hümmetiniň üýtgemegi netijesinde ýüze çykan çykdajylar) girdeýjiniň eksport edijiniň hasabyna gelende başlanýar. Daşary ykdysady şertnamalarda walýutanyň iki görnüşi kesgitlenilýär: baha walýutasy we töleg walýutasy.

**Baha walýutasy** – harydyň (hyzmatyň) bahasy kesgitlenende ýa-da berilýän halkara karzynyň jemi aňladylanda ulanylýan walýutadyr.

**Töleg walýutasy** – harydyň (hyzmatyň) bahasynyň hakykat ýüzünde tölenilýän ýa-da karzy ýapmak üçin ulanylýan walýutadyr. Bu walýutalar biri-biri bilen gabat gelip hem biler gelmän hem biler.

Walýuta töwekgelçilikleri daşary söwda amallarynyň ýerine ýetirilen döwründe töleg walýutasy bilen eksport edijiniň ulanýan ýa-da oňa gelýän serişdeleriň walýutasynyň hümmet gatnaşygy üýtgände ýüze çykýar. Walýuta töwekgelçilikleriniň ululygy walýutanyň satyn alyjylyk ukybynyň ýitmegi bilen baglydyr, şonuň üçin ol geleşik baglanyşylan we töleg tölenen seneleriň arasynyň uzaklygyna gös-göni baglydyr.

Eksport edijiniň (satyjynyň) hümmet ýitgileri töleg walýutasynyň hümmeti pese düşmänkä şertnama baglanyşylanda ýüze çykýar, netijede, eksport edijiniň alan girdejisiniň milli puldaky möçberi az çykýar.

Import ediji (satyn alyjy) bolsa baha kesgitlenen walýutanyň hümmeti galanda çykdajy çeker, netijede, ol harydy (hyzmaty) satyn almak üçin milli pulda has köp serişde sowmaly bolar.

Walýuta töwekgelçilikleriniň derejesini iki sany usuly ulanyp peseldip bolar, olar:

- baha kesgitlemekde walýutany dogry saýlap almak;
- şertnamalar boýunça walýuta pozisiýasyny düzgünleşdirmek.

Daşary ykdysady şertnamanyň baha walýutasynyň dogry saýlanyp alynma usulynyň manysy walýutanyň hümmetiniň üýt-

gemeginiň berlen edara üçin amatly bolar ýaly baha bellemek üçin laýyk walýutany saýlap bilmekdedir. Eksport ediji üçin şunuň ýaly walýuta hökmünde “güýçli” walýuta, ýagny şertnamanyň möhletiniň hereket ediş döwründe hümmeti galyp biljek walýuta çykyş edýär. Import edijä bolsa “gowşak”, ýagny şertnamanyň möhletiniň hereket ediş döwründe hümmeti pese gaçyp biljek walýuta amatlydyr. Ýöne bir zady bellemek zerurdyr, walýutanyň hümmetiniň üýtgemegini diňe 70% töweregi bilen çaklamak mümkindir. Ondan başga-da şertnama baglaşylanda hemişe walýutany saýlap almak mümkinçiligi bolmaýar, sebäbi oňa gatnaşyjylaryň bu meselede pikirleri gapma-garşy bolup biler, şonuň üçin bir tarap walýutany saýlap alsa, ol beýleki tarapa ylalaşygyň beýleki bölümi boýunça (bahasy, karz, üpjün etme we ş.m.) eglişik etmeli bolar, bu bolsa hemişe mümkin hem bolmaýar, peýdaly hem däldir. Baglaşylan daşary ykdysady şertnamalar boýunça walýuta pozisiýasyny düzgünleşdirmek usulyny dürli ýurtlardan bolan hyzmatdaşlar bilen köp sanly daşary ykdysady şertnamalary baglanyşýan hojalyk ediji subýektler ulanyp bilerler.

Bu usulyň manysy baglaşylan şertnamalar boýunça töleg talaplaryň we borçlaryň düzgünleriniň deňagramlylygyny üpjün etmekdedir. Deňagramlylygy iki usul bilen ýola goýup bolýar:

a) eksporta we importa bir wagtda şertnama baglanyşylanda, bu şertnamalaryň bir gyzyl pulda baglanyşmagyny we tölegleriň möhletiniň bir döwürde amala aşyrylmagyny berjaý etmelidir. Bu ýagdaýda eksport boýunça gyzyl pullaryň hümmetiniň üýtgemeginiň netijesinde ýüze çykan çykdajylar import boýunça gelen girdejiniň hasabyna we tersine ýapylýar.

b) eger-de hojalyk ediji subýekt daşary ykdysady işiň diňe bir görnüşine ýöriteleşen bolsa, onda walýutanyň düzüminiň köpugurlylygy maksada laýykdyr, ýagny şertnamalar baglaşylanda hümmetiniň tersine üýtgemäge meýli bolan birnäçe walýutalary ulanmakdyr.

*Walýuta töwekgelçiliklerine garşy ätiýaçlandyrmada iki usul ulanylýar:*

1. Walýuta boýunça bellikler.
2. Forward amallary.

*Walýuta boýunça bellikler* şertnamanyň düzümine ýörite gi-

rizilýän şertdir, oňa laýyklykda töleg walýutasynyň hümmetiniň walýuta boýunça bellige göra üýtgän möçberiniň tölegiň jeminiň üstüne tölenilmegini şertlendirýär.

Walýuta boýunça bellikler degişli bolan tölegleri walýuta haryt bazarlarynyň üýtgemeleri bilen baglap goýýar. Bu walýuta töwekgelçiliklerine garşy ätiýaçlandyrmagyň has giň ýaýran görnüşidir.

Walýuta belliklerini şu aşakdaky ýaly bölýärler:

- gytaklaýyn;
- göni;
- köp sanly walýutaly (multiwalýutaly);
- eksport edijiniň peýdasyna bir taraply;
- indeksli.

**Gytaklaýyn walýuta belligi** harydyň bahasy halkara hasaplaşyklarda has giň ulanylýan pul birlikleriň birinde kesgitlenende ulanylýar (ABŞ dollary, ýapon ýenasy we başgalar), tölegler bolsa başga pul birliginde, adatça milli pulda amala aşyrylýar. Şunuň ýaly belligiň mazmuny, takmynan, şeýle bolup biler: “Baha ABŞ dollarynda, töleg ýapon ýenasynda amala aşyrylýar. Eger-de tölegiň öň ýanynda dollaryň hümmeti ýapon ýenasyna görä şertnama baglaşylan möhletindäki hümmetinden üýtgese, degişlilikde harydyň bahasy we tölegiň jemi hem üýtgeýär”.

Göni walýuta bellikleri bahanyň we tölegiň walýutasy gabat gelende ulanylýar, ýöne şertnamada bellenilen tölegiň jemi töleg gyzyl pulunyň “bellik gyzyl puly” diýip atlandyrylýan beýleki has durnukly gyzyl pula degişlilikde hümmetiniň üýtgemegine baglaşdyrylýar. Göni gyzyl pul belligi töleg gyzyl pulunyň satyn alyjylyk hümmetiniň öňki derejesinde saklanyp galmagyna niýetlenendir.

Şonuň ýaly belligiň kesgitlemesi şeýle bolup biler: Harydyň bahasy we tölegi ABŞ dollarynda. Eger-de töleg gününe Nýu-Ýorkuň gyzyl pul bazarynda dollaryň hümmeti Ýapon ýenasy degişlilikde ylalaşyk baglaşylan günündäkä görä pes bolsa, onda dollarda harydyň bahasy we töleg jemi degişlilikde ýokarlandyrylýar.

Multi gyzyl pul bellikleri – bu töleg gyzyl pulunyň üýtgemegine proporsional bolan töleg summasynyň takyklanmagyna esaslanan belliklerdir, ýöne ulanylanda bir gyzyl pul ulanylman, birnäçe

sany saýlanan gyzyl pullar ulanylýar we olaryň hümmeti kesgitli usulyýet boýunça orta ululygy boýunça hasaplanylýar. Mysal üçin, gyzyl pul toplumynyň her biriniň hümmetiniň deslapky derejesinden orta arifmetiki prosent gyşarmasy ýa-da saýlanylan gyzyl pul toparynyň hasaplanan orta arifmetik hümmetiniň üýtgemesi esasynda hasaplanylýar.

Bir zady göz öňünde tutmak gerek, ýokarda agzalyp geçilen bellikleriň hiç biri hem gyzyl pul howplaryndan doly gorap bilmeýär. Latyn Amerika döwletleriniň käbirleriniň kanunçylyklary gyzyl pul belliklerini ulanmaklygy gadagan edýär. Ondan başga-da ylalaşyga gyzyl pul belligini girizmek üçin daşary ýurt kompaniýalary ýerli edaralarynda başga punktlar, mysal üçin, baha boýunça eglişikleri soraýarlar.

Şeýle hem eksport edijiniň haýryna bir taraplaýyn bellik ulanylyp bilner. Mysal üçin, baha gyzyl puluň hümmeti kesgitlenen çäklerden çykyp biljek ýagdaýy üçin ylalaşykda ylalaşyk bahasynyň täzeden seredilme belligi goşulyp bilner.

Satyjynyň (eksport edijiniň) haýryna şunuň ýaly bir taraplaýyn belligiň girizilmegi hem onuň özüne çekijiligini ýokarlandyryp bilmeýär, sebäbi onuň kesgitlemesi taraplaryň ylalaşygyna bagly edilýän bahanyň mümkin bolan ýokarlanmasynyň göwrümini kesgitlemeýär. Bu ýagdaýda bahanyň mümkin bolan üýtgeme çägini görkezmek arkaly belligi girizmek amatlydyr. Şunuň ýaly şert harydа islegiň ýok bolan ýagdaýynda eksport edijä amatlydyr, sebäbi ol hemişe alyjy tapyp biler.

Şeýle-de indeks bellikleri hem bar, olar boýunça tölegiň jemi bahalaryň indekslerine baglydyr. Indeks bellikleri ulanylanda, şu aşakdaky ýagdaýlary göz öňüne tutmalydyr.

Birinjiden, bahalaryň indeksi ortalaşdyrylan häsiýete eýedir we olaryň üýtgemegi berlen harydyň bazardaky hakyky ýagdaýyny görkezmeýär ýa-da harydyň bahasynyň üýtgemeginiň hakyky ýagdaýyny sypatlandyrman, onuň umumy ýagdaýyny görkezýär.

Ikinjiden, bahalaryň indeksiniň has amatlysyny saýlap almak örän çylşyrymlydyr, sebäbi bahalaryň indeksini hem milli statistika edaralary, hem dürli halkara guramalary çap edýär. Şol nukdaýnazardan milli

statistika edaralary tarapyndan çap edilýän bahalar adatça import edijiniň gyzyl pulunyň satyn alyjylyk ukybyny has anyk görkezýär.

Haçanda daşary ykdysady ylalaşyklar boýunça hasaplaşyklar üçünji ýurtlaryň pul birliklerinde, has köp ulanylýan gyzyl pullarda göz öňünde tutulan bolsa, halkara guramalar tarapyndan çap edilýän indeksleri ulanmak maksada laýykdyr. Öndürmäniň we getirmäniň uzak wagty bilen bagly harytlar satylanda, gyzyl pul ýitgileriniň öňüni almak üçin alternatiw usullaryň biri hökmünde baha gyzyl pulunyň hümmetiniň ýa-da satyn alyjylyk ukybynyň pese düşme depginine laýyklykda bahany takyklama usulyny ulanyp bolar, ýagny hasaplaşyklar üçin hödürlenilýän gyzyl puluň hümmetine proporsional bahanyň ýokarlanma depgini amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyrmada forward operasiýalary forward öwez tölegini, ýagny baha howpuň garşysyna ätiýaçlandyrmany aňladýar.

Forward öwez töleg amallary gyssagly ylalaşyklar arkaly amala aşyrylýar. Bu ylalaşyk satyn alyjy ýa-da satyjy tarapyndan gyzyl pul hümmetiniň duýdansyz üýtgemeleriniň öňüni almak üçin baglaşylýar.

Forward amallarynyň manysy şu aşakdakylardan ybaratdyr. Täjirçilik ylalaşygyna gol çekilende eksport ediji ylalaşyk boýunça tölegleriň takmynan kadasyny bilip, öz banky bilen öňünden kesgitlenen forward hümmeti boýunça geljekki pul geçirimlerini geçirip bermegi boýunça ylalaşyk baglaşýar.

Şeýlelik bilen, eksport ediji öňünden milli pulda öz girdejisini hasaplap, şoňa görä ylalaşygyň bahasyny kesgitläp bilýär. Elbetde, bu degişli töleglerde depozitler boýunça bankara bazarynda prosentli goýulmalaryň tapawutlaryna baglydyr. Forward amallary wekillendirilen banklar tarapyndan amala aşyrylýar.

### 7.2.6. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrma

Daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrma hyzmatlaryny Maýa goýumlaryny kepillendirmek boýunça halkara gullugy (MGKHG) amala aşyrýar, ol Dünýä bankynyň agzasy bolup durýar we 1988-nji ýylyň 12-nji aprelinde esaslandy.

MGKHG-niň maksady ösüp gelýän ýurtlar daşary ýurtly maýa goýumlary şu aşakdaky şertler bilen ugrukdyrmak bolup durýar:

- gyzyl puly geçirmek, elinden almak, uruş, raýat gozgalaňlary we maýa goýumlar goýlan ýurduň hökümeti tarapyndan ylalaşygyň bozulmagy bilen bagly howplaryň garşysyna maýa goýum goýujylara kepillikleri bermek;

- ösüp barýan ýurtlara, şeýle hem şol ýurtlary maýa goýum üçin amatly etmek üçin işleýän agentligiň agzalaryna maslahatlary bermek.

**Gyzyl puly geçirmek bilen bagly howplary** ätiýaçlandyrma maýa goýujynyň ýerli pulda alan serişdelerini daşary ýurda çykarmak üçin gyzyl pula öwrülip bilmezliginiň çykdajylaryndan goraýar. Maýa goýum goýujy gyzyl pul çalşygy boýunça çeken çykdajylarynyň öwez tölegini alar. Bu çykdajylar ösüp gelýän ýurduň hökümetiniň hereketsizligi, gyzyl puly çalyşmakda kanunlaryň üýtgemegi, beýleki sebäpler hem bolup biler. Ätiýaçlandyrmanyň bu görnüşi ýerli puluň dewolwasiýasyny ýapyp biler.

**Elinden alynmagy bilen bagly howplardan ätiýaçlandyrma** maýa goýum goýujynyň ätiýaçlandyran serişdesini hökümetiň gatnaşmagy netijesinde bölekleýin ýa-da doly ýitirmesinden goraýar. Şeýle hem ätiýaçlandyrmanyň bu görnüşi millileşdirmekden, “gizlin” elinden almadan – hökümetiň yzly-yzyna çykarýan namalary boýunça elinden almadan goraýar.

Ätiýaçlandyrmany çäkli görnüşde hem edip bolar, mysal üçin, kesgitli pul bölegini ýa-da esasy serişdeleri elinden alnan ýagdaýlarda, ätiýaçlandyryş hukugy peseldilmeýän çärelere ýöredilmeýär, ýagny hökümet kanunçylyk çäginden çykman, öz işlerini ýerine ýetirýän ýagdaýlary bilen görýän çäreleri üçin degişli däldir.

Maýa goýumy doly elinden alnanda, MGKHG ätiýaçlandyrylan maýa goýumlaryň nominal bahalaryny töläp berýär. Pul serişdeleri ýa-da esasy gorlar bölekleýin elinden alnanda, ätiýaçlandyryş barlaglaryň halkara birleşmesi (ÄBHB) pul serişdeleriniň ätiýaçlandyrylan bölegini ýa-da nominal bahasyny töläp berýär. MGKHG maýa goýumlary we olar boýunça kepillikleriň ätiýaçlandyrylyşy hem öwezini dolma senesine hem-de geljekde-de almaly pulunyň öwezini dolup berýär.

Öwezini dolma inspektor tarapyndan ÄBHB-e elinden almak serişdeler boýunça doly hukugyny berenden soňra amala aşyrylýar.

**Ylalaşygyň şertlerini bozmak bilen bagly howplary ätiýaçlandyrmak.** Maýa goýujyny maýa goýýan ösüp gelýän ýurduň hökümeti tarapyndan ylalaşygy bozan ýa-da ýerine ýetirmedik ýagdaýynda goraýar. Bu ýagdaýlarda ejir çeken tarap Arbitraždan ýitgileriniň bolandygy boýunça tassyknama almalydyr. Eger-de Arbitražda görkezilen döwürde tarap ýitgileriň öwezini dolmasa, onda MGKHG şol ýitgileriň öwezini dolup berýär.

MGKHG özüniň islendik agzasynyň ÄBHB-nyň agzasy bolan ösüp gelýän ýurda islendik täze maýa goýumlary giňeltmeklige, taslamany täzelemeklige we serişdelerini üýtgetmeklige ýa-da hususylaşdyrylan döwlet emlägini satyn almaklyga niýetlenen goşmaça maýa goýumlary ätiýaçlandyryp berýär.

Maýa goýum serişdesi islendik görnüşde bolup biler: (esasy serişde, maýa goýum ýa-da esasy serişdäniň eýesi tarapyndan 3 ýyla çenli möhlet bilen berilýän maýa goýum kepilligi) taslama bilen bagly bolmadyk müşderiler üçin karzlar şol taslamadaky esasy serişdeler bilen bilelikde ätiýaçlandyrylyp bilner.

## 7.2.7. Awtoulag eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy

Awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň jogapkärçiligini ätiýaçlandyrma obýekti hökmünde ýol-ulag hadysasy bolan ýagdaýynda beýleki adamlara mümkin bolup ýetiren zyýanyna raýat jogapkärçiligi bolup durýar. Ýetirilen maddy zyýany we ejir çeken raýatlaryň beýleki çykdajylary ätiýaçlandyrylyş kompaniýasy tarapyndan tölenmelidir.

Ätiýaçlandyrylmanyň bu görnüşi boýunça döwlen ulagy we beýleki material serişdeleri dikeltmek bilen bagly maddy çykdajylar, ýarawsyzlyga uçran raýatlaryň bejergisi, naharlandyrylyşyň güýçlendirilmegi, hünäriniň üýtgetmegi, ýarawsyzlyk ýa-da ölümi netijesinde maşgala eklenjiniň öweziniň dolunmagy, şol sanda çagalaryna ýa-da ýakyn hossarlaryna ömürlik pensiýa tölenýär.

Halkara tejribeliginde awtoulaglaryň eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy “ýaşyl karta” ady bilen bellidir.

**Ýaşyl karta** – awtoulag eýesiniň raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyrylmasynyň halkara ylalaşyklar ulgamydyr. Ätiýaç-

landyrylyş polisiň reňki we şekili üçin ol şeýle ada eýe boldy.

“Ýaşyl karta” 1949-njy ýylda esaslandyryldy, ol 32 döwletleriň çäklerinde ulag serişdeleriniň erkin hereket etmegini kepillendirýär. Zyýan ýetirme bilen bagly jogapkärçilik göwrümi adatça şol ýurtda hereket edýän hökmany awtoraýat ätiýaçlandyrylma kanuny bilen dolandyrylýar.

Hemme Ýewropa ýurtlarynda diýen ýaly awtoraýat ätiýaçlandyrylmasy hökmanydyr. Şonuň ýaly döwletler ýaşyl karta ulgamyna birigýärler.

1997-nji ýylda ”Ýaşyl kartanyň” Ýewropa bölümçesine täze agzalaryň kabul ediş düzgünleri üýtgedildi. Islendik ýurt ”Ýaşyl karta” ulgamyna hökmany awtoraýat kanunçylygy bolmasa-da, ýöne hemme beýleki talaplary ýerine ýetirse girip biler. Şonuň ýaly agzalar “tranzit” diýip atlandyrylar, sebäbi olaryň hukuklary we agzalyk möhleti çäkli bolar (iki ýyl). Doly hukukly agza hökmünde olar diňe degişli kanuny kabul edende bolýarlar.

### 7.2.8. Ekologiki howplary ätiýaçlandyrma

Ekologiki howplary ätiýaçlandyrma ätiýaçlandyryjynyň daşky gurşawy hapalama howpy bilen bagly howplaryna jogapkärçiligi öz içine alýar. Şolar ýaly howplara, mysal üçin, tankerlerden nebit önümleriniň akyp çykmagy we olaryň suwlary we kenar ýakalary hapalamagy; ýadro energiýasy parahatçylyk maksatlarynda ulanylanda, üçünji taraplara ýadro zyýanyny ýetirlenligi üçin jogapkärçilik ätiýaçlandyrmasy; ýerasty suwlary, ýeri we howany hapalanlygy üçin jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrylmasy; dag senagatynyň netijesinde zyýanlar üçin jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrmasy degişlidir.

Ekologiki howplary ätiýaçlandyrmak ol ýa-da beýleki döwletde hereket edýän tebigaty goramak boýunça kanunçylygyň kadalaryna esaslanýar. Bu ätiýaçlandyrmanyň maksady polis saklaýjynyň günäsi zerarly üçünji tarapyň çeken ýitgileriniň öwezini dolup bermekdir.

Käwagtlar ekologiki howplar boýunça jogapkärçilik polisi saklaýjynyň daşky gurşawy hapalamak boýunça onuň ulanýan enjamlarynyň daşky gurşawa howpludygy subut edilse (ýagny, günäniň derejesine bagly bolmazdan, ýitginiň öwezini dolmagy

hökmanydyr diýen ýörelge ýörände), günäsi bolmadyk ýagdaýynda hem bolup bilýär. Bu ol ýa-da beýleki döwletiň milli ekologiki kanunalaýyklygynyň aýratynlyklary bilen baglydyr. Şol bir wagtda ätiýaçlandyryjylar adatça öwezini dolma töleglerine diňe haýsy hem bolsa bir betbagytçylygyň netijesi bilen bagly daşky gurşawyň hapalanma ýagdaýlaryny goşýarlar, polis saklaýjynyň öňünden niýet eden hereketleri bilen bagly boljak öňünden meýilleşdirilen zyňyndylary we çykdajylary göz öňüne tutmaýar.

Ekologiki howplary ätiýaçlandyrylmak bir gezek ätiýaçlandyrma hadysasy boýunça örän uly tölegleriň tölenmegi bilen bagly bolup biler, şonuň üçin seýrek bolmadyk halda onuň şertlerinde halkara konwensiýalarda we ylalaşyklarda kesgitlenen tölegleriň çäkli töleglerini agzap geçýärler.

## 7.3. Halkara ätiýaçlandyryş institutlary

**Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ätiýaçlandyrylyşy** dürli halkara ätiýaçlandyrylyş amallaryny geçirmek arkaly amala aşyrylýar.

**Halkara ätiýaçlandyryş amallary** – ätiýaçlandyryş gaznasyny durmuşa ornaşdyrmak boýunça dürli ýurtlaryň milli ykdysadyýetleriniň arasyndaky hojalyk gatnaşyklaryň jemidir.

Halkara ätiýaçlandyrylyş amallaryny guramaçylyk-hukuk görnüşi boýunça şu aşakdaky taraplara bölmek bolar:

**Göni halkara ylalaşyk amallary** – ýurduň polis saklaýjysy ätiýaçlandyrma ylalaşygyny beýleki ýurduň ätiýaçlandyryjysy bilen baglaşyp bilýär. Şunuň ýaly amallary daşary ýurtly ätiýaçlandyryjynyň özüniň we onuň wekilleriniň üsti bilen amala aşyryp bolar.

**Göni ätiýaçlandyrmalar** – ätiýaçlandyrma ylalaşyklary ätiýaçlandyryjynyň daşary ýurtdaky wekilleriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu amallar milli ätiýaçlandyrylma bazary ýok mahaly, kesgitli maliýe-täjirçilik artykmaçlyklar (has pes tarifler, öwezini dolmanyň uly göwrümi we ş.m.), ýuridiki borçlar bolanda (daşary ykdysady ylalaşyklara degişlilikde SIF şertlerinde),

eksport ediji import edijiniň bellän daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýasynda ätiýaçlandyryljakdygyny boýun alanda amala aşyrylýar.

**Araçy ätiýaçlandyrmalar** – ätiýaçlandyryş ylalaşyklary özbaşdak daşary ýurt ýuridiki ätiýaçlandyrylyş kompaniýalary, ýagny golçur ätiýaçlandyryş kompaniýalary tarapyndan baglaşylýar.

**Täzeden ätiýaçlandyrylmak** – bu ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy bolmak bilen, oňa laýyklykda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş howplaryny öz boýnuna alyp, olar boýunça jogapkärçiligiň bir bölegini ylalaşylan şertlerde beýleki ätiýaçlandyryjylara berýär we şonluk bilen ätiýaçlandyryş amallarynyň maliýe durnuklygyny üpjün edýär, ätiýaçlandyrmanyň deňagramly bukjasyny döredýär.

Täzeden ätiýaçlandyrma özbaşyna bir ätiýaçlandyryjy (täzeden ätiýaçlandyryjy) tarapyndan beýleki ätiýaçlandyryjyny ylalaşykda kesgitlenen şertlerde borçlaryň hemme ýa-da belli bir bölegini ýerine ýetirmek howpuny ätiýaçlandyrmakdyr.

Halkara ätiýaçlandyryş bazarynda beýleki ätiýaçlandyryş ýa-da täzeden ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna howplary doly geçirmek üçin köplenç frontirleme ýa-da fronting (iňlisçe front – öňe çykma) ulanylýarlar.

FRONTING – bu bir kompaniýa tarapyndan ylalaşyk baglaşyp, onuň howpuny bolsa üçünji tarapa bermeklikdir, özi hem köplenç müşderi üçünji tarapyň kimdigini bilmän galýar. Başgaça aýdanymyzda, fronting diýmek beýleki ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna köplenç olaryň gyzyklanmasy boýunça doly ýa-da bölekleýin geçirmek maksady bilen howplary ätiýaçlandyrmagy boýun almakdyr.

Bu amal ätiýaçlandyryjy dürli sebäplere görä bazara girip bilmedik ýagdaýynda amala aşyrylýar. Şonda ätiýaçlandyryjy kesgitli sylag üçin ýerli ätiýaçlandyryş kompaniýasyna ätiýaçlandyryş polisini resmileşdirmek üçin ýüz tutýar, soňra bolsa onuň hemme howplaryny we ýygyndylaryny öz hasabyna geçirýär.

Beýleki ätiýaçlandyryjynyň haýyşy boýunça ätiýaçlandyryş polisini berýän ätiýaçlandyryjy kompaniýa 100% howplaryň haýyş bilen ýüzlenýän kompaniýa geçiriljegini göz öňüne tutanda frontirleýji diýip atlandyrylýar, ätiýaçlandyrylyş polisiň özi bolsa – FRONT POLIS (front polisies) diýip atlandyrylýar.

Ätiýaçlandyrylyş kompaniýalary front-polisi resmileşdirmäge örän oýlap tapyjylykly gatnaşýarlar, sebäbi mümkin bolan närazyçylyklarda polisi beren edara jogapkär bolmaly bolýar.

Halkara ätiýaçlandyryş bazarynda halkara ätiýaçlandyryş institutlarynyň köpüsi: assosiasiýalar, býurolar, toparlar, birleşmeler, guramalar, komitetler, federasiýalar (*13-nji tablisa*) hereket edýär.

*13-nji tablisa*

**Halkara ätiýaçlandyryş institutlarynyň häsiýetnamasy**

| **Institutyň ady** | **Döredilen ýyly** | **Ştab-kwartirasynyň ýerleşýän ýeri** | **Ýerine ýetirýän maksatlary, wezipeleri we beýleki häsiýetnamalar** |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Aktuariýleriň halkara guramasy | 1895 | Brýussel | Birnäçe ýurtlaryň aktuariýleriniň milli assosiasiýalarynyň halkara hyzmatdaşlygyny we alyp barýan işleriniň ugrukdyrmasyny amala aşyrmak. Ätiýaçlandyryş matematikasynda alnyp barylýan ylmy barlaglara ýardam bermek. |
| Özara ätiýaçlandyryş jemgyýetçilik guramalarynyň halkara assosiasiýasy | 1963 | Amsterdam | Dürli ýurtlaryň özara ätiýaçlandyryş jemgyýetçilik guramalarynyň alyp barýan işlerini ugrukdyrmak, özara tejribe we maglumat alyş-çalşygy bilen meşgullanmak (26 döwletden 200-den gowrak jemgyýetçilik guramalary); halkara guramalarda öz agzalarynyň bähbitlerini goramak. |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Ätiýaçlandyryş boýunça halkara assosiasiýa | 1946 | Sýurih | Atiýaçlandyryş, karz meselelerini öwrenmek, assosiasiýanyň agzalarynyň bähbitlerini goramak, tejribe we maglumat alyş-çalşygy, gysga möhletleýin (3 aýdan 12 aýa çenli) eksport karzlaryny ätiýaçlandyrýan kompaniýalaryň arasyndaky aragatnaşyklary amala aşyrmak. Ýörite resminamalarda karzlary ätiýaçlandyrýan ikinji halkara assosiasiýa diýlip atlandyrylýar (bularyň birinjisi Parižde 1928–1939-njy ýyllar aralykda hereket edipdi). |
| Tankerleriň eýeleriniň hapalanma ýagdaýynda jogapkärçiligini çäklendirmek boýunça Halkara federasiýasy (ýagny, tankerleri ätiýaçlandyrmak boýunça halkara assosiasiýasy) | 1969 | London | Tankeriň eýelerini suwa dökülen nebitiň hapalaryny arassalamak bilen baglanyşykly çykdajylary ätiýaçlandyryş tölegleri bilen öwezini dolmaga itermek. Kenarýakalary hapalanmakdan goramak. |
| Ätiýaçlandyryş hukugy boýunça halkara assosiasiýa | 1962 | | Ätiýaçlandyryş işiniň ösüşiniň ylmy-tejribe meselelerini öwrenmek. Nutuklary çap etmek, gurultaýlaryň we maslahatlaryň geçirilmegi.Ýewropa Bileleşigi ýurtlarynda ätiýaçlandyryşyň ýeke-täk bazaryny emele getirmek. |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş araçylarynyň halkara assosiasiýasy | 1937 | Pariž | Ätiýaçlandyryş bazarynyň araçylarynyň arasynda halkara gatnaşyklara we maglumat alyş-çalşyna ýardam bermek. Ätiýaçlandyrmada marketing we beýleki meseleler boýunça barlag işlerini alyp barmak. |
| Ätiýaçlandyryş barlaglary boýunça halkara assosiasiýasy | 1973 | Ženewa | Ätiýaçlandyryş boýunça ylmy barlaglardaky çaklamalara ýardam bermek, ätiýaçlandyrma boýunça ylmy bilimleri ýaýratmak. Ätiýaçlandyryjy hünäriniň jemgyýetçilik abraýynyň ösüşine ýardam bermek.Ýörite ylmy maksatnamalary guramak we gözegçilik etmek. |
| Niderlandlaryň halkara topary | 1963 | Gaaga | Niderlandlaryň iň iri ätiýaçlandyryş holdingi. Dünýäniň 5 yklymynyň 24 sany ýurdunda ätiýaçlandyryş boýunça öz golçur kompaniýalary bar. Ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşlerini ýerine ýetirýär. |
| Halkara söwda palatasy | 1919 | | Söwdada we ätiýaçlandyryşda erkin söwda we hususy telekeçilige ýardam berýär. Hökümet we döwlet derejelerinde hökümetiň wezipelerini ýerine ýetirmek boýunça täjirlere iş ýüzünde kömek berýär. |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Kooperatiw ätiýaçlandyry-şyň halkara Federasiýasy | | | 37 sany ýurduň ätiýaçlandyryş kooperatiw guramalaryny birleşdirýär. Olaryň arasynda maglumat, hünarmen alyş-çalyşlaryny amala aşyrmak boýunça ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş ugrunda halkara hyzmatdaşlyga giňden ýardam berýär we başg. |
| "Ýaşyl kartanyň" halkara býurosy | 1949 | London | "Ýaşyl karta" milli býurolaryň işini ugrukdyrmak. Serhetden geçilende şahsy we ýuridiki taraplarda ätiýaçlandyryşyň bardygyny barlamak we beýlekiler. |
| Maýyplary we keselli adamlary ätiýaçlandyrmak boýunça halkara gurama | 1927 | | Gowşak saglykly we keselli adamlaryň ömrüni ätiýaçlandyrmagyň statistiki we maliýe meseleleri boýunça tejribe alyş-çalşygy. |
| Töwekgelçili-gi seljermek boýunça halkara gurama | 1981 | ABŞ | Ylmy-tejribe işiň dürli ugurlaryndaky çözgütleri optimallaşdyrmak maksady üçin töwekgelçiligi seljermegiň usulyýetini peýdalanmak. Töwekgelçiligi peseltmekligiň usullaryny işläp taýýarlaýar. |
| Halkara ätiýaçlandyryş guramasy | 1965 | ABŞ | Ätiýaçlandyryşyň meseleleri boýunça bilim we ylmy maksatnamalary amala aşyrmakda ýardam bermek. Ätiýaçlandyryş maglumatlaryny alyş-çalyş etmek. Neşirýat işi. |
| Aktuariýleriň halkara kongresi | | | Birnäçe ýurtlaryň aktuariý-hünärmenleriniň halkara formulalaryndan ybarat. Bu ugurda birinji kongres 1895-nji ýylda Belgiýada, soňky kongres 1988-nji ýylda Helsinkide bolup geçdi. |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Halkara deňiz komiteti | 1897 | Antwer-pen | Bu ugur boýunça gabat gelýän halkara ylalaşyklaryň taslamalaryny taýynlamagyň esasynda halkara deňiz we söwda hukuklaryny we iş tejribesini bir nusga getirmek, deňiz daşamalarynda deňiz ätiýaçlandyryşyň, gämileri bellige almagyň, demerej we dispaç boýunça gatnaşyklaryň düzgünlerini işläp taýýarlamak we ş.m. |
| Awiasiýa ätiýaçlandyryşy boýunça halkara soýuz | 1934 | London | Awiasiýa ätiýaçlandyryşy bilen meşgullanýan ätiýaçlandyryş kompaniýalary birleşdirýär. Maglumatlary alyş-çalyş etmekde ýardam bermek we ş.m. |
| Deňiz ätiýaçlandyryşy boýunça halkara soýuz | 1874 | Sýurih (1946-njy ýyldan bäri) | Wekilhana deňiz ätiýaçlandyryşyny ösdürmek we bähbitleri goramak. Deňiz ätiýaçlandyryşyň bähbitlerini goramak we ösdürmek, deňiz işini ätiýaçlandyrmagyň halkara syýasatyny emele getirmek we ş.m. |
| Maýa goýumlaryny we karzlaryny ätiýaçlandyry-jylaryň halkara soýuzy | 1934 | Bern, sekreta-riaty Parižde ýerleşýär | Halkara söwdasyny karzlaşdyrmagyň ylalaşylan şertlerini ulanmak, eksport karzlaryny kepillendirmek, möhleti 1 ýyldan 5 ýyla çenli aralyk berilýän eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak boýunça tejribe we maglumat alyş-çalşygyny üpjün etmek. |

*13-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Tehniki töwekgelçilikleri ätiýaçlandyry-jylaryň halkara soýuzy | 1968 | Mýunhen | Tehniki (gurluşyk-gurnama, maşynlaryň näsazlygy, döwülmegi, işe girizilenden soňky kepillik boýunça jogapkärçilik) töwekgelçilikleri amala aşyrýan ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň arasynda maglumat we tejribe alyş-çalşygyny üpjün etmek. |

Dünýäniň ätiýaçlandyryş bazarynyň umumy göwrümi häzirki wagtda takmynan 4 trillion dollardan hem geçýändir. Bu ululyk her ýylda tölenýän ätiýaçlandyryş tölegleriniň jemidir. Dünýäniň ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň bazarynda dürli göwrümli firmalar hereket edýär. Ýöne olaryň köpüsi transmilli korporasiýalardyr. Käbir ätiýaçlandyryş kompaniýalary bolsa enelik transmilli korporasiýalaryna hyzmat etmek üçin döredilýär.

## 7.4. Türkmenistanda ätiýaçlandyryş hyzmatlary

Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş babatyndaky döwlet syýasatynyň möhüm wezipesi onuň ykdysadyýetde tutýan ornunyň ähli çäreler arkaly ýokarlandyrylmagyndan, ýuridiki we fiziki şahslaryň bähbitlerini goramak maksady bilen, onuň netijeli ösmegi üçin şertleriň üpjün edilmeginden ybaratdyr.

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde düýpli özgerişlikler bolup geçdi, ýurduň maýa goýum we maliýe syýasatyndaky täze äheňler bazar ykdysadyýetiniň iňňän möhüm gurallarynyň biri hökmünde ätiýaçlandyrmanyň rolunyň güýçlenmegine täsir etdi, onuň ösdürilmegi ätiýaçlandyrma hyzmatlarynyň görnüşlerini köpeltmegiň, ätiýaçlandyrylanlara öz wagtynda kepillikleri bermekligiň hasabyna amala aşyrylýar.

Türkmenistanda “Ätiýaçlandyryş hakynda” kanun 1995-nji ýylda kabul edildi. Türkmenistanyň “Ätiýaçlandyryş hakynda”

Kanunynyň 2-nji maddasynda ätiýaçlandyryş hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygy şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryndan ybaratdyr diýlip bellenilýär. “Ätiýaçlandyryş hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, gös-göni işlenilip taýýarlanylan kadalaşdyryjy hukuk namalaryna Türkmenistanyň 1996-njy ýylyň 10-njy oktýabryndaky № 2821 karary bilen tassyklanylan ätiýaçlandyryş guramalarynyň we ätiýaçlandyryş brokerleriň işini lisenzirlemek hakyndaky Düzgünnamasy, Türkmenistanyň 1997-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky № 3092 belgili karary bilen tassyklanylan ätiýaçlandyryş kanunçylygyny bozandygy üçin jerimeleriň möçberi we olary almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamasy, Türkmenistanyň 1997-nji ýylyň 29-njy ýanwaryndaky № 3001 karary bilen tassyklanylan ätiýaçlandyryş amallaryny gaýtadan geçirmegiň Tertibi, Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary hakyndaky Düzgünnama, ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşlerini geçirmek bilen baglanyşykly beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň birnäçesi, şeýle hem ätiýaçlandyryşyň anyk görnüşlerini geçirmegiň şertleri we tertibi bilen baglanyşykly meýletin ätiýaçlandyryşyň kadalary degişlidir.

Ätiýaçlandyryş boýunça aýry-aýry maddalara we bölümlere eýe bolan kadalaşdyryjy hukuk namalaryna Türkmenistanyň Raýat bitewi kanuny, Türkmenistanyň Howa bitewi kanuny, Türkmenistanyň Gümrük bitewi kanuny, “Uglewodorod serişdeleri hakynda”, “Zähmet goragy hakynda”, “Töwerekdäki gurşawyň goragy hakynda”, “Ýangyn howpsuzlygy hakynda” Türkmenistanyň kanunlary we beýlekiler degişlidir.

Ýokarda bellenilip geçilen bu kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hemmesi Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş kanunçylygyny düzýär. Ätiýaçlandyryş bilen baglanyşykly ol ýa-da beýleki meselelere garalan halatynda degişlilikde şu kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanmak zerurdyr.

Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt ätiýaçlandyryş guramalarynyň adyndan ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmak bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryş boýunça islendik dellalçylyk işiň geçirilmegine ýol berilmeýändigine hem şu ýerde ünsi çekmek gerek.

Şu halatda raýat jogapkärçiliginiň şertnamasy boýunça ("ýaşyl kartlaryň" satuwy) şertnamasyny baglaşmak bolýar.

Türkmenistanyň 1997-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky № 3192 belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş kanunçylygyny bozandygy üçin jerimeleriň möçberi we olary almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamada ätiýaçlandyryş boýunça ygtyýarnamasyz broker işiniň alnyp barylmagy üçin jerime salmak hem göz öňünde tutulandyr.

**Türkmen Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy** ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny ýerine ýetirýän guramadyr. Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy ätiýaçlandyrmanyň 40-dan gowrak görnüşini amala aşyrýar. Emma ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşini, işiň görnüşleriniň we täze önümçilikleriň giňeldilmegini hasaba almak bilen, Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň ösüş strategiýasy ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň görnüşleriniň mundan beýläk hem giňeldilmegine, ätiýaçlandyrma ýagdaýlary ýüze çykan mahalynda kärhanalara, guramalara we şahsy taraplara has doly we kepillendirilen ätiýaçlandyrma goragynyň berilmegine gönükdirilendir.

Bar bolan ätiýaçlandyryş önümleri, olar häzirkizaman bazarynyň isleglerine uýgunlaşdyrmak maksady bilen kämilleşdirilýär. Ätiýaçlandyrma amala aşyrylanda, ýeňillikleriň çeýe ulgamy ulanylýar, hemişelik müşderilere bolsa ätiýaçlandyrmanyň täze şertnamalary baglanyşylanda ýeňillikler berilýär.

Türkmenistanyň ätiýaçlandyryjylary daşary ýurtly maýa goýujylaryň bähbitleriniň ätiýaçlandyrmasyna möhüm ähmiýet berýärler, çünki ykdysady taslamalaryň ep-esli bölegi daşary ýurt maýasyny çekmek arkaly durmuşa geçirilýär. Nebit-gaz, dokma senagatlarynda, iri gurluşyk binalarynda düýpli maýa goýum taslamalaryny amala aşyrýan köp daşary ýurt kompaniýalary Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň mydamalyk müşderileri bolup durýarlar.

"Dragon Oýl Türkmenistan", "Petronas Çarigali BHD Türkmenistan", "Barren Rezorsiz petroleum Limited", "GAG Marin Türkmenistan", "NUGA Türkmenhowaýollary", "Aşgabat Tekstil ÝKPJ", Türkmenbaşy dokma toplumy, "Gap Türkmen", Türkmenbaşy jins toplumy, "Serdar" nah egriji fabrigi, "Türkmenistan

Koka-Kola Botlerz LTD” BK, “Buig Türkmen” ýaly we başga-da köp iri kompaniýalar “Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň” müşderileri bolup durýarlar.

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan öz borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň kepili bolup, pul serişdelerinde emele getirilen ygtybarly aktiwler, ep-esli möçberdäki ätiýaçlyk gorlary we netijeli maýa goýum syýasaty hyzmat edýär.

Emma Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň serişdeleri näçe köp bolsa-da, öňdebaryjy dünýä brokerleriniň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň ygtybarly gaýtadan ätiýaçlandyryş goragy bolmazdan, müşderilere hakyky we özüne çekiji ätiýaçlandyryş tekliplerini göz öňüne getirmek mümkin däl.

“Ätiýaçlandyrmak hakynda” Türkmenistanyň kanunynda kabul edilen ätiýaçlandyryş borçnamalary öz serişdeleriniň hasabyna doly möçberde ýapyp bilmeýän ätiýaçlandyryjylar üçin hökmany bolan gaýtadan ätiýaçlandyryşy geçirmegiň esasy şertleri göz öňünde tutulandyr. Gaýtadan ätiýaçlandyrma Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş guramalarynyň maliýe durnuklylygyny pugtalandyrmagyň möhüm elementleriniň biri bolup durýar. Ol ätiýaçlandyrmanyň goşmaça göwrümlerini döretmäge, ätiýaçlandyryş amallarynyň düşewüntliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär hem-de ýurda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde az bolmadyk rol oýnaýar.

Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy öňdebaryjy halkara ätiýaçlandyryş kompaniýalary, şonuň ýaly-da ätiýaçlandyryş brokerleri bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny giňeldýär.

Gaýtadan ätiýaçlandyryşyň ep-esli bölegi Londonyň ätiýaçlandyryş bazarynyň “Marş Ltd”, “A.O.H. Ltd”, “Colemont Ltd”, “HSBC”, “Willis Ltd” ýaly has iri ätiýaçlandyryş brokerleriniň we beýlekileriň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu bolsa ätiýaçlandyrma ýagdaýy ýüze çykan mahalynda ýetirilen zeperiň öweziniň öz wagtynda we doly ýapylmagyna mümkinçilik berýär. Ondan başga-da, olaryň hünär kämilligini ösdürmegiň hasabyna ätiýaçlandyrylanlara hyzmat ediş derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

## VIII bölüm DÜNÝÄ HOJALYGYNDA INŽINIRING HYZMATLARY

### 8.1. Inžiniring we onuň mazmuny

Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda dünýä söwdasynda has giň gerime eýe bolan ugurlaryň biri hem halkara inžiniring hyzmatlarydyr. YTP-niň has çaltlaşmagy, önümçilikleriň giňelmegi, Halkara zähmet bölünişiginiň (HZB) barha çuňlaşmagy netijesinde ykdysady gatnaşyklaryň bu görnüşi hem öz ähmiýetini barha giňeldýär we öz ornuny berkidýär. Inžiniringiň giňelmeginiň esasy sebäpleriniň biri hem YTP-niň hemme ýurtlarda deň ýaýramazlygydyr. Hut şunuň netijesinde hem halkara inžiniring kompaniýalarynyň aglabasy ösen ýurtlara degişlidir. Eýsem-de, inžiniring hyzmatlary diýmeklik nämäni aňladýar? Bu iş önümçilik, senagat, gurluşyk, ylym-tehniki we inženerçilik, maslahat beriş häsiýetli şereketleriň we kompaniýalaryň alyp barýan işleriniň toplumydyr. Inžiniring hyzmatlarynyň esasy bölegi adam pikiriniň gazanan üstünliklerini durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Bilermenleriň aýtmaklaryna görä, geçen asyryň 60–80-nji ýyllarynda HZB-niň çuňlaşmagynda we dünýä boýunça senagatlaşmagyň artmagynda inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketleriň paýy örän ýokarydyr. Ýurtlaryň arasyndaky haryt bäsleşiginiň barha güýçlenmegi bilen bir hatarda inžiniring hyzmatlary amala aşyrýan firmalaryň hem özara bäsdeşligi ýitileşýär. Bu ýagdaý senagat taýdan ösen ýurtlarda has hem äşgär ýüze çykýar. Ýöne belli-belli ugurlar boýunça ösüp gelýän ýurtlar hem köpelip başlady. Mysal üçin, soňky 10 ýyllyklarda Hindistanyň kompýuter tehnologiýasynyň uly üstünlikleri gazanmagy netijesinde, hatda dünýäniň ösen ýurtlarynyň hojalyklary hem kompýuter maksatnamalarynyň buýurmalaryny Hindistana buýurýarlar.

Bu ugurda bäsdeşligiň ýitileşmegi bu hyzmaty amala aşyrýan şereketleriň ýöriteleşmegine alyp bardy. Häzirki wagtda ýörite-

leşmäniň, esasan, şu toparlary bar, ýagny, gurluşyk taslamalary, senagat taslamalary, ylmy-önümçilikler, önümleri öndürmekde we satmakda maslahat berijiler we ş.m. Has iri we kuwwatly kompaniýalar diňe bir önüm öndüriji bolman, inžiniring hyzmatlary hem ýerine ýetirmek bilen bir hatarda maýa goýujy bolup çykyş edýärler. Bu iri hojalyk birleşmeleri özlerinde ylmy-önümçilikleri hem saklaýarlar. Umuman, kuwwatly halkara hojalyk birlikleri köptaraplaýyn inžiniring hyzmatlaryna ýöriteleşendir. Bu iri kärhanalaryň maliýe ýagdaýy ýeterlik bolansoň, beýleki ýöriteleşen firmalar we kompaniýalar bilen üstünlikli bäsleşip bilýärler. Inžiniring hyzmatlarynyň ylmy önümçilik ugry, esasan döwletleriň elinde jemlenendir. Bulara, esasan, saglygy goraýyş, ekologiýa, harby senagat ugurlary degişlidir.

Inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketler we kompaniýalar buýrujynyň öňünde şu borçlary ýerine ýetirýärler:

1. Halkara talaplaryna laýyk gelýän taslamalary işläp düzmek;

2. Hödürlenilýän taslamalaryň ykdysady, tehniki we maliýe ýagdaýyny seljermekde buýruja ýardam bermek;

3. Ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň buýrujynyň göwnünden turmagyny gazanmak;

4. Taslama amala aşyrylandan soň, häzirkizaman derejede onuň usullaryny guramagy we dolandyrmagy öwretmek;

Häzirki wagtda inžiniringiň köpugurly görnüşleri hereket edýär. Olara ylmy-barlag gurluşyk-taslama, önümçilik we ýerleşdirmek degişlidir. Bularyň içinde iň giňden ýaýrany bolup, düýpli gurluşyk taslamalary çykyş edýär. Bu ugurdaky inžiniring hyzmatlary iň amatlysy diýlip hasap edilýär.

## 8.2. Inžiniringiň aýratynlyklary

Inžiniring diýen düşünjäni anyklamak üçin, ilki bilen ony zähmetiň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyrmak zerurdyr. Munuň üçin inžiniringiň 4 sany aýratynlyklary kesgitlenilýär.

Inžiniringiň birinji aýratynlygy – önümçilik-gurluşyk ähmiýetli buýurmalaryň has ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň kepili bolup

çykyş edýänligidir. Bu ýagdaý inžiniring hyzmatlarynyň ýöriteleşmeginden gelip çykýandyr.

Inžiniringiň ikinji aýratynlygy bolup, onuň önümi öndürmek işlerini däl-de, olaryň esaslaryny taýýarlamak bilen meşgul bolýanlygydyr.

Üçünji aýratynlygy inžiniringiň harytlary alyş-çalyş etmeklige gatnaşýan häsiýetde bolup bilýänligidir. Dogry, bu işleri kärhananyň özi hem ýa-da gös-göni söwda bilen meşgullanýan firmalar hem ýerine ýetirýärler. Bu ýerde inžiniring aýratyn hyzmatlary amala aşyrýar, ýagny, şol söwda firmalaryna hem analitikleriň kömegi bilen ýardam berýärler.

Iň soňky aýratynlygy bolup bu hyzmatlaryň esasynda "nou-hau" ygtyýarnamalaryň ýatýanlygydyr. Umuman, bu şereketler "ygtyýarnamaçylar" bilen özara berk baglanyşyklydyr. Şeýle hem durmuşda bu firmalaryň özleri hem ygtyýarnama eýeleri bolup çykyş edýär.

Inžiniring haryt söwdasyndan tapawutlydyr. Inžiniring diňe bir hyzmaty amala aşyrman, "nou-hau" ygtyýarnamalaryny hem satýar. Bu ygtyýarnamalar entek önümçilige ornaşdyrylmadyk ýa-da az sanly taraplaryň elinde bolan adam akylynyň önümidir. Has anygy, bu ygtyýarnamalar monopol harytlardyr. Şonuň üçin bu harydyň bahasy monopol bahalardan satylýar.

Inžiniring hyzmatlarynyň düzümi çylşyrymly we köp häsiýetlidir. Bu hyzmatlary amala aşyrýan taraplaryň işlerini umumylaşdyryp, iki topara bölüp bolar.

Inžiniring hyzmatlarynyň birinji toparyna taslamadan öň amala aşyrylýan hyzmatlar degişlidir. Bu hyzmatlar sosial-ykdysady barlaglary geçirmek, bazary öwrenmek, gazylyp alynýan baýlyklary gözlemek, sebitiň ýerleşişini we klimatyny öwrenmek we ş.m. öz içine alýar.

Taslama hyzmatlaryny iki bölege bölmek bolar:

a) esasy inžiniring,

b) bölekleýin inžiniring.

Esasy inžiniring özüne taslamanyň baş meýilnamasyny, taslamanyň takmynan bahasyny, ulanyş çykdajylaryny birleşdirýär.

Bölekleýin inžiniring taslamanyň gutarnykly netijesini, her bir çyzgynyň aýratynlygyny, tehniki aýratynlyklaryny görkezýär.

Taslamadan soňky hyzmatlar öz içine aşakdakylary birleşdirýär:

a) şertnamanyň resminamalarynda görkezilen söwda işlerini guramagy;

b) gözegçiligiň ýola goýulmagyny;

ç) kabul edilmezden ozal ulanyp görülmegini;

d) inženerleri, tehniki işgärleri taýýarlamagy;

e) önümi ýerleşdirmegiň şertlerini guramagy.

Ýörite hyzmatlara taslama boýunça anyk müşgillikleri çözmegiň ýola goýulmagy. Meselem, ykdysady gözlegler, galyndylary zyýansyzlandyrmagyň ýollary we ş.m.

Inžiniring hyzmatlarynyň ikinji toparyna önümçilik işini guramak, kärhanany dolandyrmak, önümleri ýerleşdirmek bilen baglanyşykly işler degişlidir.

Ol aşakdakylary özüne birleşdirýär:

• Önümçiligi guramak we dolandyrmak hyzmatlary.

• Enjamlaryň işleýşine gözegçilik hyzmatlary.

• Desgany ulanmak boýunça hyzmatlar, ýagny işgärleri ýygnamak we taýýarlamak, aýlyk haklary guramak, material-tehniki üpjünçilik.

• Maliýe kynçylyklarynda kömek, maslahat bermek.

• Önümleri ýerleşdirmegi guramak boýunça hyzmatlar. Ýagny, bazaryň konýunkturasyny öwrenmek, mahabat, önümi ýerleşdirmegiň usullary we ş.m.

• Elektronika-kompýuterleri ornaşdyrmak, maglumat üpjünçiligi hyzmatlary.

Ýokarda bellenip geçilen köp sanly işleriň hemmesine ýöriteleşmek aňsat däldir. Şonuň üçin inžiniring kompaniýalary olaryň belli birine ýöriteleşýärler. Bu ýöriteleşmäniň içinde iň giň ýaýran firmalar birinji topara degişlidir.

12. Sargyt № 2669

## 8.3. Inžiniring hyzmatlarynyň halkara söwdasyny guramak

Inžiniring hyzmatlarynyň halkara söwdasyny guramagyň esasynda buýrujy bilen daşary ýurt firmalarynyň arasynda şertnama baglaşmak arkaly buýurma (zakaz) bermek usuly ulanylýar. Inžener-maslahat beriş hyzmatlaryny satyn almak ýuridiki esasda amala aşyrylýar. Munuň üçin hyzmatlary satyn almak isleýän döwletiň ýuridiki esasda ýüz tutmagy gerekdir. Bu hyzmatlaryň ýuridiki esasy bolmasa, eksport etmek hem ähli döwletlerde gadagan edilýär.

Inžiniring hyzmatlaryny alyp-satmak işlerinde üç sany usul ulanylýar (gurluşyk desgasynyň mysalynda). Birinji usulda alnyp barylýan gurluşyk işlerine köp görnüşlilik häsiýetlidir. Ýagny, daşary ýurt firmasy gurulýan desganyň agramly bölegini öz üstüne alýar (mysal üçin, taslamany taýýarlamak, taslama ýolbaşçylyk etmek we ş.m.). Käbir ýagdaýda ýerli kompaniýalar obýektiň belli-belli böleklerini ýerine ýetirmek üçin çagyrylýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň gara ýollaryny düýpli abatlamak we täze ýollary çekmek işlerini ýerli gurluşyk kärhanalary alyp barýarlar. Ýol ugrundaky köprüleri gurmak işlerini daşary ýurt gurluşyk firmalary amala aşyrýar.

Ikinji usulynda inžiniring kompaniýa işleriň tutuşlaýyn ýerine ýetirilişini, onuň hilini, hünärmenleri taýýarlamak işlerini amala aşyrýar. Şeýle-de öz boýnuna alan işlerini üçünji bir kompaniýanyň ýerine ýetirmekligine hem şert döredýär. Ýagny, üçünji bir kompaniýa gurluşyk işlerini kärendesine berýär.

Üçünji usul "açarasty" usuldyr. Bu usula laýyklykda, daşary ýurt kompaniýasy desganyň hemme işlerini öz üstüne alýar. Ondan daşgaryn hem ýerli hünärmenleri taýýarlamak, işiň gidişine gözegçiligi öz ellerinde saklaýar. Hyzmatyň bu görnüşi çylşyrymly tehnologiýaly önümçilikler gurlanda ulanylýar. Mysal üçin, atom elektrik stansiýalary (AES).

Häzirki wagtda bu usullaryň giň ýaýrany birinji usulydyr. Daşary ýurt kompaniýasy bilen ýerli kompaniýalar gurluşyk işlerini

amala aşyrmakda hyzmatdaşlyk saklaýarlar. Daşary ýurt kompaniýalary gurluşygyň gözegçiligini öz ellerinde saklap, taslamanyň belli-belli bölümlerini ýerli şerekete ynanýarlar. Täze önümçilik tehnologiýasyna esaslanýan kärhana gurlanda, ýerli hünärmenleri ýetişdirmeklige kömek edýärler. Bu ýagdaý, esasan ösüp gelýän ýurtlara mahsusdyr.

Halkara hyzmatlary satýan we satyn alýan taraplaryň arasyndaky şertler halkara şertnamalar arkaly düzgünleşdirilýär. Bu şertnamalar şu borçnamalary özüne birleşdirýär:

a) buýrujy we ýerine ýetiriji öz borçnamasyna ygrarly bolmaly;
b) işi ýerine ýetirmegiň möhleti we gün tertibi;
ç) inžiniring firmalaryň sany we işgär düzümi;
d) şertnamany baglaşmaga gatnaşýan toparlar;
e) borçnamada düzgün bozulmalaryň derejesi;
ä) hyzmatlary ýerine ýetirmegiň we tölemegiň şertleri.

Şertnamalar satyn alyjy bilen satyjynyň arasynda baglaşylýar. Şeýle şertnamalar ýerine ýetiriji kompaniýa bilen gurluşyk işleriniň aýry-aýry böleklerini ýerine ýetirýän kompaniýalaryň arasynda hem baglaşylýar. Aýry-aýry hyzmatlary ýerine ýetirýän kärhana öz işini gurluşygyň umumy möhletinden öň tamamlan ýagdaýynda hem kärendeçi bilen baglaşylan şertnamanyň doly ýerine ýetirilmegi baradaky gol çekişlik tutuş gurluşyk işleri doly tamamlanandan soň amala aşyrylýar. Sebäbi öň gutarylan gurluşygyň işine nähili täsir etjekdigini öňünden bilip bolmaýar.

Häzirki wagtda halkara inžiniring kompaniýalarynyň işlerini satyn almakda giňden ulanylýan usullaryň biri hem halkara tenderini geçirmekdir. Tenderde haýsy kompaniýa iň az hak talap etse, işleriniň hili has ýokary bolsa, “nou-haulary” durmuşa ornaşdyrmak derejesi has ýokary bolsa, şol kompaniýa hem tenderiň ýeňijisi bolýar.

Türkmenistanda gurluşyk işleriniň çalt ýaýbaňlandyrylmagy bilen geçirilýän halkara tenderleriň sany hem barha ýokarlanýar. Tendere gatnaşýanlaryň sanynyň köplügi, buýruja saýlap almak mümkinçiliginiň ýokary bolmagyny üpjün edýär.

Inžiniring hyzmatlarynyň eksporty haryt eksportyndan özbolușly aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Haryt eksportynda önümçilikde

öndürilen haryt daşary ýurtlara çykarylýar. Inžiniring hyzmatynda harydy öndürýän önümçiligiň daşyna çykarylmagyny aňladýar.

Hünärmenleri taýýarlamaklyga, taslamalary düzmeklige we hödürlemeklige hyzmaty eksport etmek hökmünde garalýar.

Inžiniring hyzmatlaryň aýratynlyklarynyň biri hem döwletara ykdysady gatnaşyklaryň mazmunyny üýtgetmeýänligindedir. Ykdysady gatnaşyklaryň peýdaly netijeliligi diňe wagt we ykdysady taýdan üýtgeýär. Wagt taýdan netijelilik eksport edýän döwlet üçin amatlydyr. Sebäbi haryt we hyzmat satylandan soňra, onuň öz puly eline gowuşýar. Inžiniring hyzmatyny satyn alýan döwlet öz çykdajysyny birnäçe ýyllaryň dowamynda yzyna alýar. Ykdysady taýdan netijelilik import edýän döwlet üçin amatlydyr. Çünki importýor ozal daşyndan satyn alýan önümlerini indi, wagtyň geçmegi bilen özi öndürip başlaýar.

Umuman, inžiniring hyzmatlarynyň daşary söwdasyna kapitalyň halkara hereketiniň bir görnüşi hökmünde garamak bolar.

## 8.4. Inžiniring kompaniýalarynyň halkara bäsleşik ukybynyň ýagdaýlary

Halkara inžiniring daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ösen sferasydyr. Ol inžiniring hyzmatlaryny eksport etmekligiň ýokary derejede ýöriteleşmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Soňky ýyllarda dünýä bazarynda bu firmalaryň işine bolan talap düýpli ýokarlandy. Bu ýagdaýa dünýä bazaryndaky bäsleşigiň ýitileşmegi, düýpli gurluşyklara bolan islegiň peselmegi, ösüp gelýän döwletleriň tehnologik derejesiniň ýokarlanmagy we ş.m. faktorlar täsir etdi.

Bu ugurdaky ýöriteleşen kompaniýalar täze şertlerde bäsleşige ukyplylygy saklamak üçin iki şerti berjaý etmeli bolýarlar.

Birinjiden, alyp barýan işlerini diwersifikasiýalaşdyrmak (köp ugurly hereket etmek).

Ikinjiden, alnyp barylýan işiň hil tarapyna aýratyn üns bermek.

Häzirki wagtda inžiniring kompaniýalaryň arasyndaky bäsleşik ösen döwletleriň arasynda alnyp barylýar. Bu bäsleşikde öz ornuňy

saklamak, ilkinji nobatda, “nou-hau” täzeliklerini özleşdirmek we önümçilige ornaşdyrmak bilen baglanyşyklydyr. Ylmy-tehniki täzeliklerden yza galmaklyk halkara arenasyndaky ornuňy ýitirmek diýmekligi aňladýar.

Ylmy-tehniki täzelikler bilen bir hatarda önümçiligi guramagyň marketing strategiýasyny alyp barmak bäsleşige ukyplylygyň bir faktorydyr. Ýöne, ösen tehnologiýany, önümçiligi guramagyň we öndürilen harytlary ýerleşdirmegiň marketingini ele alan ösüp gelýän ýurtlar öz gezeginde ösen ýurtlaryň bu ugurdaky kompaniýalaryna täze bäsdeş bolýarlar. Munuň netijesinde hem inžiniring kompaniýalarynyň dünýä bazaryndaky bäsleşik işi barha gyzyşýar we çylşyrymlaşýar.

Ösen döwletlerde inžiniring kompaniýalarynyň bäsleşige ukyplylygynyň wajyp faktory bolup, alnyp barylýan işiň göwrümi, düzümi we hil derejesi çykyş edýär. Makroykdysady nukdaýnazardan, munuň özi ýurtda toplanan ylmy-tehniki önümçilik we beýleki tejribeleriň ýurduň daşynda maýa goýum hökmünde ulanylmagyny aňladýar. Daşary işlerde şeýle işleriň uly göwrümini alyp barýan kompaniýalar inžiniring işleriniň ol ýa-da başga bir döwründe maýa goýum sferasynda goşmaça girdeji gazanmaklyga mümkinçilik döredýär. Häzirki wagtda ösen döwletlerde özleriniň inžener-maslahat beriş gurluşyk firmalarynyň arada durmagynda önümçilik we gurluşyk işleri hyzmatynyň tutuş toplumyny hödürleýärler. Diýmek, inžiniring kompaniýalarynyň bäsleşige ukyplylygynyň esasy faktorlarynyň biri bolup hyzmatlaryň köp görnüşliligi çykyş edýär eken. Bu firmalaryň ýerine ýetirýän hyzmatlar toplumynyň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

1) gurluşyk-taslama firmalary;
2) gurluşykda inžener-maslahat beriş firmalary;
3) dolandyryş ulgamy boýunça maslahat beriş firmalary;
4) maglumat firmalary;
5) marketing firmalary.

Inžiniring hyzmatynda kompaniýa uly peýda getirýän ugurlaryň biri hem firmanyň özüniň ýerli tehnologiýany ulanmagydyr. Munuň özi, birinjiden, ylmy-tehniki täzelikleri dünýä

bazarynda söwda maksatly ulanmaga mümkinçilik berýär. Ikinjiden, ýerli maşynlaryň we enjamlaryň eksportyny ýokarlandyrýar. Şeýle-de ýerli öndürijileriň hem bäsleşige goşulmagyna getirýär.

## 8.5. Inžiniring hyzmatlaryna baha kesmegiň aýratynlyklary

Inžiniring hyzmatlaryny satyn almak we satmak boýunça şertnama baglaşylanda ýüze çykýan kynçylyklaryň biri hem hyzmatlara baha kesmekdir. Käbir hyzmatlaryň anyk bahalary bellidir. Emma hyzmatlaryň aýry-aýry görnüşleriniň bazar bahasy dürli-dürlüdir. Şeýlelikde, gurluşyk desgalary alnyp barlanda bahalaryň üýtgemegi, walýutanyň hümmetiniň peselmegi ýaly meseleler ýüze çykýar.

Bu meseleleri üstünlikli çözmek üçin inžiniring hyzmatlaryna baha kesilende, şu usullar ulanylýar:

1) wagta görä kesgitli aralyk hakyny tölemek usuly.

2) hakyky çykdajylar we bellenen sylaglamak usuly.

3) gurluşyk işiniň jeminden belli bir bölegini öňünden tölemek usuly.

Wagta görä hak tölemek usuly, esasan maslahat beriş, işgärleri we hünärmenleri taýýarlamak, taslamadan öňki we ýörite hyzmatlarda ulanylýar. Bu sagatlaýyn hak tölemek usulydyr. Ýagny, her sagada tölenilmeli hak öňünden kesgitlenilýär we bir günki iş sagatlary bir sagatlyk haka köpeldilýär.

Mysal üçin, gurluşyk firmasynda bir sagada 10 manat tölenilýär. Işgär bir aýyň dowamynda 200 sagat işläpdir. Diýmek, 10 × 200 = 2 000 manat.

Wagta görä hak tölemek usulynda ösen ýurtlarda düzgün boýunça hyzmatlar eksport edilende ýerli bahalardan 40–50% ýokary bolýar. Bu görkeziji Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň arasynda şeýle. Ösüp gelýän ýurtlarda bu görkeziji 2–3 esse ýokary. ABŞ-da we Ýaponiýada bu san has ýokarydyr. Şeýle ýokary bahalary bir tarapdan ösüp gelýän ýurtlaryň inžiniring hyzmatlara isleginiň uludygyndan we ösen ýurtlaryň monopol bahalary ýöredýänligi bilen düşündirmek bolar.

Ikinji usulynda hyzmaty ýerine ýetirýän firma ähli işlerini bitirenden soň şol çykdajylarynyň üstüne goşmaça hak tölenilýär. Bu hak dünýä tejribesinde uly taslamalarda 10%, uly bolmadyk işlerde 25% töwereginde tölenýär.

Öňünden belli bir bölegini tölemek usuly häzirkizaman şertlerinde iň giň ýaýran usuldyr. Bu usula laýyklykda, gurluşyk işleriniň jeminden belli bir bölegi öňünden tölenilýär. Bu ýagdaý taslama işlerini düzmek bilen baglanyşyklydyr. Belli bir bölegini öňünden tölemekde, adatça, şertnamanyň jemi bahasynyň 10–30%-i geçirilýär.

Inžiniring hyzmatlarynyň bahasy hasaplananda dürli ýagdaýlara görä üýtgäp biler. Mysal üçin, OPEK guramasyndan nebiti import edýän döwletler bu ýurtlarda alyp barýan işleriniň bahasyny peseltmäge meýillidirler. Çünki nebit import etmegi durnukly ýola goýmak bilen islendik döwlet gyzyklanýar. Şeýle hem bu ýurtlar inžiniring hyzmatlaryna köp isleg bildirýärler. Hyzmatdaşlygy saklamak we giňeltmek üçin hyzmaty eksport edýän döwletleri baha eglişigine gelmäge mejbur edýär.

Tersine, maliýe we syýasy taýdan durnuksyz döwletlerde töwekgelçiligiň ýokary bolandygy sebäpli, hyzmatlaryň bahasy hem ýokarlanýar.

## 8.6. Dünýäniň iri inžiniring kompaniýalary we olaryň häzirki akym meýilleri

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketler, esasan, dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlaryna degişlidir. Degişlilikde bu ýurtlara aşakdakylar degişlidir: ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Germaniýa, Ýaponiýa, Kanada, Daniýa, Şwesiýa, Şweýsariýa, Italiýa. Bu ýurtlaryň inžiniring hyzmatlaryndan gelýän girdejileriniň jemi göwrümi ortaça hasap bilen her 10 ýyldan 50 göterime golaý ösýär. Mysal üçin, geçen asyryň 80-nji ýyllarynda bu hyzmatlaryň dünýä boýunça jemi möçberi 12–15 mlrd dollar aralygynda bolan bolsa 1990-njy ýyllarda bu görkeziji 15–18 mlrd dollara barabar boldy.

Bu firmalaryň içinde inžener-maslahat beriş, senagaty modernizasiýalaşdyrmak hyzmatlary has çalt ösýändir. Bu firmalaryň tutýan paýy jemi girdejileriň ýarysyndan gowragyna barabardyr. Häzirki wagtda bu hyzmatlary amala aşyrýan iri firmalaryň 400-den gowragy hereket edýär. Bu firmalaryň içinde has giň gerime eýe bolýan ugurlaryň biri hem gurluşyk hyzmatlarydyr. Käbir ýurtlar bu hyzmatlary amala aşyrmakda belli bir ugurlarda düýpli öňegidişlikleri gazandylar. Mysal üçin, Türkiýe geçen asyryň 90-njy ýyllarynda dünýä boýunça alnyp barylýan gurluşyk işleriniň 100-den 30 bölegine golaýyny amala aşyrdy. Türk gurluşyk firmalary häzir hem günbatar ýurtlarynyň bazarlarynda ýerli bäsdeşlerini mazaly gysýar.

Iri inžiniring kompaniýalarynyň käbirleriniň atlary “Lawalin grup” (Kanada), “Flour Denjel” (ABŞ), “Teknip” “Buig” (Fransiýa), “Jon Braun”, “Teýeor Wudrou” (Angliýa). Bu kompaniýalar, esasan, gurluşyk we senagat häsiýetli hyzmatlara ýöriteleşendir.

Häzirki wagtda dünýäniň inžiniring hyzmatlary bazarynda düýpli özgerişler bolup geçýär. Bu ýagdaýyň şeýle bolmagyny ýurtlaryň pudaklarynyň düzüminiň üýtgemegi bilen düşündirip bolar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, inžiniring bazarynda esasy orun ösen ýurtlara degişlidir. Ýöne, bu ýagdaý soňky 10 ýyllyklarda bu ýurtlaryň ornunyň mese-mälim gowşaýandygyny görkezýär. Ösüp barýan ýurtlara degişli bolan, ýagny Braziliýanyň, Günorta Koreýanyň, Hindistanyň inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan firmalary içerki we esasan hem daşarky bazarlarda öz orunlaryny barha giňeldýärler.

Inžiniring hyzmatlaryny eksport edýän ösen ýurtlar şol bir wagtyň özünde import ediji bolup hem çykyş edýärler. Esasy orny import edijileriň hatarynda Ýakyn Gündogar ýurtlary eýeleýär. Bu ýurtlarda nebit gazyp almak we gurluşyk işleri has giň ýaýbaňlanýar.

Ösen ýurtlaryň arasynda esasy import ediji bolup ABŞ, onuň yzyndan bolsa ÝB ýurtlary gelýärler. Latyn Amerikasy ýurtlary bu sanawda 4-nji orny eýeleýärler. 5-nji orunda bolsa Günor-

ta Afrika ýurtlary gelýär. Dünýä ykdysadyýetiniň pese gaçýan şertlerinde bu ýurtlaryň inžiniring hyzmatlary import edijiligi hem pese gaçýar. Onuň tersine, ABŞ we ÝB ýurtlarynyň importy barha ýokarlanýar.

ABŞ dünýä bazarlarynda öz orunlaryny ÝB, Ýaponiýa we beýleki ýurtlaryň firmalaryna giderýär. Ýagny, Ýewraziýa yklymynda ABŞ-nyň firmalarynyň täsir edip bilijilik ukyby barha gowşaýar. Mysal üçin, ABŞ-nyň Aziýadaky pozisiýasy 33%-den 21,2%-e çenli peseldi.

Ýöne, amerikan firmalary öňki bazarlaryndan düýpgöter el çekenok. Olar pozisiýalary gowşaýan ýurtlardaky amala aşyrylýan hyzmatlary esasy maliýeleşdirijiler bolup çykyş edýärler.

Dünýä bölekleri boýunça bu hyzmatlary amala aşyrýan ýurtlar: Ýakyn Gündogarda–ABŞ, Angliýa, GFR, Aziýada–Angliýa, Ýaponiýa, Türkiýe, Latyn Amerikasynda–ABŞ, Kanada, GFR, Skandinaw ýurtlarynda–Gollandiýa we Şweýsariýa, Günorta Afrikada bolsa fransuz we german firmalary agdyklyk edýärler.

Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň içinde intellektual zähmetiň iň köp mümkinçiigi bolan ýurt Russiýadyr. Emma Russiýanyň firmalary ýurduň maliýe kynçylyklary zerarly daşary bazarlara işjeň gatnaşmaýarlar. Ýöne, olaryň belli-belli pudaklar boýunça işleri alyp baryşlary welin barha giňeýär. Bu pudaklara nebit-gaz, harby we atom elektrik senagatlary degişlidir. Nebit we gaz pudagy boýunça hatda Ýakyn Gündogar ýurtlarynda hem öz işlerini amala aşyrmaga çalyşýarlar. Esasan hem nebit gazyp almakda soňky gazanylan üstünlikler muňa mümkinçilik berýär, ýagny, soňky gazanylan tehnologiýa boýunça 27 000 metr çuňlukdan hem nebit alyp bilýärler. Bu ugurda hereket edýän kompaniýalar häzirki wagtda Yrakda, Eýranda we beýleki arap ýurtlarynda alyp barýan işlerini barha giňeldýärler. Harby ugurlar boýunça hyzmatlara mysal hökmünde, Hindistanda SU-30 harby uçarynyň zawodyny, Fransiýanyň harby uçarlaryny öndürýän zawodlaryny, Germaniýanyň tank öndürýän zawodlarynyň modernizasiýa işleriniň taslamasyna garamak bolar.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. Aşgabat, 2010.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. Aşgabat, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. Aşgabat, 2012.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. Aşgabat, 2013.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. Aşgabat, 2014.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. Aşgabat, 2015.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IX tom. Aşgabat, 2016.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. “Türkmenistan” gazeti. 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I - II tomlar. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – melhemler mekany. Aşgabat, 2011.

16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. Aşgabat, 2012.
17. Milli Lider. Aşgabat, 2012.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. – Aşgabat, 2007.
19. Türkmenistanyň Konstitusiýasy Aşgabat, 2016.
20. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2015.
21. “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy”. Aşgabat, 2010.
22. Türkmenistanyň kanuny. Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda. “Türkmenistan” gazeti, 30.10.1993.
23. Türkmenistanyň kanuny. “Erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy hakynda”. “Türkmenistan” gazeti, 04.11.1993.
24. Türkmenistanyň kanuny. Kärhanalar hakynda. “Aşgabat” gazeti, 01.08.2000.
25. “Ýer hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuny. “Türkmenistan” gazeti. 30.10.2004.
26. “Suw hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 31.10.2004.
27. “Awaza” milli syýahatçylyk zolagy hakynda. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. “Türkmenistan” gazeti, 23.06.2007.
28. Türkmenistanyň kanuny. “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda”(täze redaksiýasy). “Altyn asyryň ykdysadyýeti”, 2008ý. № 4.
29. “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 22.08.2009.
30. “Syýahatçylyk hakynda” Türkmenistanyň kanuny.“Türkmenistan” gazeti, 2010-njy ýylyň 21-nji maýy.
31. “Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 02.06.2011.
32. Türkmenistanyň kanuny. “Daşary ykdysady iş hakynda” (täze redaksiýasy). “Türkmenistan” gazeti, 25.08.2014.
33. Işangulyýew Ö. we beýlekiler. Dünýä ykdysadyýeti. Aşgabat, 2001.
34. *Işangulyýew Ö., Orazlyýew N.* Halkara ykdysady gatnaşyklar. Aşgabat, 2010.

35. *Kazygulyýew A.N., Geldimuhamedowa O.M., Çaryýewa O.A.* Daşary ykdysady iş. Aşgabat: TDNG, 2009.
36. *Kazygulyýew A.N., Baýramow H.R., Geldimuhamedowa O.M.* Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Aşgabat: TDNG, 2013.
37. *Kazygulyýew A.N., Baýramow H.R., Annamuhammedow J.H., Geldimuhammedowa O.M., Çaryýewa O.A., Öwezowa M. G.* Dünýä ykdysadyýetiniň modelleri. Aşgabat: TDNG, 2013.
38. *Ильина Е.Н.* Менеджмент транспортных услуг. Учебник, М: РМАТ, 1997.
39. *Киреев А.* Международная экономика. М-МО, 1997.
40. *Градобитова Л.Д.* Транснациональные корпорации в современных международных экономических отношениях. М., 1998.
41. *Балабанов И.Т., Балабанов А.И..* Внешнеэкономические связи. Учебное пособие. М: Финансы и статистика, 1998.
42. *Ломакин В.К.* Мировая экономика. Учебник для вузов. М. ЮНИТИ, 1999.
43. *Егоров Е.В.* Маркетинг банковских услуг.- М., 1999.
44. *Борисов К.Г.* Международный туризм и право. – М.: НИМП, 1999.
45. *Грибанич В.М.* Роль иностранного капитала в развитии экономики России: Учеб. пособие / В.М. Грибанич; Дипломат, акад. МИД РФ. -М., 2000.
46. *Егорова Е.Н, Мудунов А.С.* Применение моделей и методов прогнозирования спроса на продукцию сферы услуг. М.:ЦЭМИ РАН, 2000.
47. *Иванов Н.Н.* Сфера услуг как объект исследования и управления. СП-б инст. Экон. И фин.; Высш.экон.школа, 2000.
48. *Фомичев В.И.* Международная торговля: Учебник, М: ИНФРА-М, 2001.
49. *Кузнецов В. Г., Николайчук В. Е.* Формирование и развитие рынка деловых услуг // Сборник научных трудов. — Донецк: Донецкий национальный университет, 2002.
50. Результаты Уругвайского раунда многосторонних торговых переговоров: Правовые тексты. М., 2002.
51. *Кириченко Э.В. и др.* Социально-экономическая эффективность: опыт США. Ориентир на глобализацию., М., «Наука», 2002.

52. *Курицкий А.Б.* Государственное регулирование Интернет-экономики: вопросы теории, мировой опыт и перспективы его использования в России. - СПБ. Изд. С-Пб университета, 2002.
53. *Данилова Е.В.* ВТО. Регулирование торговли услугами. М., 2003.
54. *Дюмулен И.И.* Всемирная торговая организация. М.1997, М.,2003.
55. *Дюмулен И.И.* Международная торговля услугами, М.,2003.
56. Услуги в международной экономике / В.В. Почекина, Ю.П. Якубук; Под ред. В.Ф. Медведева; Ин-т экономики Нац. акад. наук Беларуси, Белорус. ин-т правоведения, 2003.
57. *Громов Н.Н., Персианов В.А.* Менеджмент на транспорте. М. Академия, 2003.
58. *Вачевский М.В., Скотный В.Г* Маркетинг в сфере услуг. – Киев, 2004.
59. Мир в цифрах, 2005. Карманный справочник. The Economist Books. М. Бизнес-Олимп, 2005.
60. Международные экономические отношения. Учебник 5-е издание/ под редакцией профессора В.Е.Рыбалкина. М.-ЮНИТИ, 2004.
61. Генеральное соглашение по тарифам и торговле товарами ГАТТ/ВТО. М. Гарант, 2006.
62. Генеральное соглашение по торговле услугами ГАТС/ВТО (прил. Протоколы ГАТС). М. Гарант, 2006.
63. Договор о создании ГАТТ/ВТО (1994г.). М. Гарант, 2006.
64. *Райзберг Б. А., Лозовский Л. Ш., Стародубцева Е. Б.* Современный экономический словарь. 5-е изд., перераб. и доп. — М.: ИНФРА-М, 2007.
65. Энциклопедия франчайзинга [электронный ресурс].- Режим доступа: http://www.fr-lib.ru/articles_16_260.php.- Дата доступа: 27.05.2007.
66. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. Aşgabat, 2015 ý.

# MAZMUNY


Giriş........................................................................................7

**I bölüm**
**Hyzmatlaryň ykdysady esasy we toparlanyşy**..............................9
1.1. Hyzmatlaryň ykdysady esasy....................................................9
1.2. Halkara hyzmatlaryň klassifikasiýasy........................................14

**II bölüm**
**Hyzmatlaryň halkara bazaryny düzgünleşdirmek ulgamy**.........20
2.1. Halkara hyzmatlary düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary.............20
2.2. Hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk (GATS)...............24
2.3. Hyzmatlaryň halkara söwdasyny liberallaşdyrmak....................28

**III bölüm**
**Dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinde hyzmatlaryň orny we ähmiýeti**....35
3.1. Halkara hyzmatlaryň dünýä ykdysadyýetinde tutýan orny.........35
3.2. Halkara hyzmatlaryň söwdasynyň ösüş depginleri. Hyzmatlaryň söwdasynyň haryt we geografiki düzümi.....................39

**IV bölüm**
**Halkara syýahatçylyk**.................................................................42
4.1. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň ykdysady esasy we klassifikasiýasy..................................................................42
4.2. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň dünýä bazary...............................47
4.3. Syýahatçylyk hyzmatlarynyň halkara derejede düzgünleşdirilişi.................................................................62
4.4. Türkmenistanyň syýahatçylyk pudagynyň ösüşiniň seljerilişi....67

**V bölüm**
**Dünýä bazaryndaky ulag hyzmatlary**...........................................72
5.1. Ulaglaryň klassifikasiýasy.........................................................72
5.2. Ulag hyzmatlarynyň halkara derejede düzgünleşdirilişi............75

5.3. Ulag hyzmatlarynyň dünýä ykdysadyýetini ösdürmekde tutýan orny ........ 79
5.4. Türkmenistanyň ulag ulgamynda halkara hyzmatlary kämilleşdirmek ........ 93

**VI bölüm**
**Bank we maliýe hyzmatlary** ........ 100

6.1. Halkara walýuta bazary. Banklaryň alyp barýan işi ........ 100
6.2. Halkara walýuta-maliýe hyzmatlaryny amala aşyrýan guramalar ........ 107
6.3. SWIFT hyzmatlary ........ 110
6.4. Ösen ýurtlaryň töleg hyzmatlary ........ 112
6.5. Halkara hasaplaşyklar we olaryň formalary ........ 117
6.6. Halkara karzlar, olaryň görnüşleri ........ 127
6.7. Walýuta dilingi ........ 136
6.8. Türkmenistanda halkara maliýe hyzmatlary ........ 141

**VII bölüm**
**Dünýä ykdysadyýetinde ätiýaçlandyryş hyzmatlary** ........ 146

7.1. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň düýp mazmuny we görnüşleri ........ 146
7.2. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň aýratyn görnüşleriniň düzümi ........ 151
7.3. Halkara ätiýaçlandyryş institutlary ........ 163
7.4. Türkmenistanda ätiýaçlandyryş hyzmatlary ........ 170

**VIII bölüm**
**Dünýä hojalygynda inžiniring hyzmatlary** ........ 174

8.1. Inžiniring we onuň mazmuny ........ 174
8.2. Inžiniringiň aýratynlyklary ........ 175
8.3. Inžiniring hyzmatlarynyň halkara söwdasyny guramak ........ 178
8.4. Inžiniring kompaniýalarynyň halkara bäsleşik ukybynyň ýagdaýlary ........ 180
8.5. Inžiniring hyzmatlaryna baha kesmegiň aýratynlyklary ........ 182
8.6. Dünýäniň iri inžiniring kompaniýalary we olaryň häzirki akym meýilleri ........ 183

Peýdalanylan edebiýatlar ........ 186

Orazjemal Çaryýewa, Arslanguly Kazygulyýew

# HALKARA HYZMATLAR

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *Ş. Myratgulyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M.Atanyýazowa* |
| Kompýuter bezegi | *M.Ataberdiýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B.Arbabow* |

Çap etmäge rugsat edildi 30.03.2017. Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 12,0. Şertli reňkli ottiski 26,13.
Çap listi 12,0. Hasap-neşir listi 10,48.
Sargyt. № 2669. Sany 600.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.